N. ISMATOWA, O. KARIMOWA

# DÖWLET WE HUKUK ESASLARY

*Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik*

*1-nji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

Daşkent
«Yangiyul Poligraph Service»
2018

UO‘K: 340.12(575.1)(075.2)
KBK: 67.0(5O‘)
D 13 Ismatowa, Nargiza.
Döwlet we hukuk esaslary. 11-nji synp: Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik / N. Ismatowa, O. Karimowa. – Birinji neşir. – Daşkent.: «Yangiyul Poligraph Service», 2018. – 144 s.

**UO‘K: 340.12(575.1)(075.2)**
**ISBN 978-9943-5246-3-7** **KBK: 67.0(5O‘)ya72**

**Jogapkär redaktorlar:**
M. Baratow — ýuridik ylymlaryň doktory, professor;
B. Malikowa — ýuridik ylymlaryň doktory, professor

**Syn ýazanlar:**
B. Ahrorow — ýuridik ylymlaryň doktory, professor;
H. Toýçiýewa — ýuridik ylymlaryň kandidaty, dosent;
H. Tajibaýew — Ýakkasaraý tümenindäki 144-nji mekdebiň «Döwlet we hukuk esaslary» mugallymy.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-5246-3-7
© N. Ismatowa, O. Karimowa, 2018.
© «Yangiyul Poligraph Service», 2018.

# Giriş

Hukuk aňyny we medeniýetini ýene-de ösdürmek babatda bilim ulgamynda möhüm wezipeler amala aşyrylýar. Olardan biri şu ugra degişli dersliklериň täze neslini döretmekde tälim tehnologiýalarynyň netijeli usullaryndan peýdalanmakdan ybarat. Derslikde berlen soraglar we ýumuşlar, goşmaça maglumatlar, hukuk meseleleriniň(kazuslar), adalgalarynyň düşündirişi, taryhdan parçalar hut hukuk tälimi ugrundaky bilimleriňizi ýene-de baýlaşdyrmaga, hukuk aňyňyzyň we pikirlenmäňiziň giňelmegine hyzmat etmäge gönükdirilen. Bu ugur şeýle ugur bolup, ýagny jemgyýet ösdügi saýyn, kanunlar hem barha kämilleşýär. Şonuň üçin hem Siz diňe bir derslikde berlen maglumatlar bilen çäklenmezden www.lex.uz. saýty arkaly kanunçylykdaky özgerişlere gözegçilik edip barsaňyz, dünýägaraýşyňyz has-da giňeler, bu ugurda ýene-de köpräk bilimlere eýe bolarsyňyz.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 24 ýyllygyna bagyşlanan baýram çäresinde Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýew bu meselä aýratyn üns berip, kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmekde hukuk medeniýetini ösdürmegiň, raýatlary kanuna hormat ruhunda terbiýelemegiň möhüm ähmiýete eýedigini nygtady.

Eziz okuwçy!

Eliňizdäki derslik aşaky synplarda alan bilimleriňizi dowam etdirýär we üstüni ýetirip, hukuk bilimleriňizi giňelder. Medeniýete eýe bolmak bolsa özüňiziň eliňizde.

Kanunlary bilmedik adam bu günki günde öz hukuklaryny gorap bilmeýär we borçlaryny aňmaýar. Ol durmuşda käbir kyn ýagdaýa düşende, şol ýagdaýdan nähili çykyp gimegi, meseläni nähili çözmegi bilmezden, goragsyz bolup galmagy mümkin. «Azat bolmak üçin bu kanunlara boýun egmeli», diýen eken Siseron.  Çünki, kanunyň ileri tutulmagy ýurtda parahatçylyk-berkararlyk, azatlyk we demokratik prinsipler höküm sürmeginiň kepilidir.

Şu ugurdaky bilimleriňizi berkitmekde we ýokary ahlak gymmatlyklar bilen birlikde hukuk medeniýetine eýe bolmakda size üstünlikler arzuw edýäris.

*Awtorlar.*

# GIRIŞ

## 1-§ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy döwletiň hukuk esasydyr

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy döwletiň hukuk esasydyr.
- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy adam hukuklaryny amala aşyrmagyň hukuk esasydyr.

### Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy döwletiň hukuk esasydyr

Ýurtlaryň içki dolandyryşy we garaşsyzlygy, suwereniteti onuň Konstitusiýasy arkaly kanunlaşdyrylýar. Bu bolsa döwlet häkimiýetiniň Konstitusiýa bilen kesgitlenenligini, kadalaşdyrylandygyny hem aňladýar.

Hukuk demokratik döwletinde we raýat jemgyýetinde Konstitusiýa döwlet häkimiýeti bilen adamyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň kanuny ölçegini, hukuk gatnaşygyny ýola goýýan esasy serişde hasaplanýar.

Konstitusiýada adam, onuň durmuşy, azatlygy, mertebesi, gadyr-gymmaty we başga el degrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyk diýlip ykrar edilýär. Demokratik hukuklar we azatlyklar Konstitusiýa we kanunlar bilen goralýar. Öz gezeginde, döwlet organlary we wezipeli şahslar raýatlaryň öňünde jogapkärdirler. Şu konstitusion düzgünleriň mazmunyndan adam we raýat hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň üstünligi prinsipi gelip çykýar. Özbegistan Respublikasynyň

**Döredijilikli iş**

*Döwlet häkimiýeti edaralarynyň ygtyýarlygy, hereket çägi adam we raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna gerimi bilen çäklenýär.*

Şu pikiri Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 2, 13 we 14-nji maddalarynda beýan edilen düzgünleri özara baglap derňemek arkaly subut ediň.

Konstitusiýasynyň giriş bölüminiň esasy temasy adam hukuklary bolup, hakymyz we döwletimiz ine şu meselede özüniň adam hukuklaryna wepalydygyny yglan edýär.

Konstitusiýa raýat, jemgyýet we döwlet häkimiýetiniň arasyndaky gatnaşyklary kesgitleýän özboluşly jemgyýetçilik şertnamadyr. Konstitusiýa raýatlaryň umumy deň hukuklylygy, raýat bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklarda özara jogapkärligi tagylmyna esaslanýar.

Konstitusion düzgünler şahs bilen döwletiň özara gatnaşyklarynyň nähili şekillenmelidigini we bu adamyň durmuşynda nähili möhüm ähmiýete eýedigini düşünmäge kömek edýär. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy şahs bilen döwletiň arasyndaky özara gatnaşyklaryň hukuk tertibini kesgitläp berýär. Şoňa görä halkyň, jemgyýetiň, şahsyň hukugy we bähbidi birinji orna goýulýar.

Eger şahs we döwlet gatnaşygynda döwletiň ornuna üns berilse, döwlet bähbidiniň mazmunynyň esasynda-da adam hukugynyň we azatlygynyň goragy ýatýar. Biz guryan döwletiň ynsanperwerlik we halkperwerlik mazmuny şunda görünýär, ýagny döwlet işiniň esasy maksady adama hyzmat etmekdigi doly ykrar edilýär.

Her bir döwlet öz çäginde amal edilýän kanunlaryny özi döredýär. Diýmek, kanunlar jemgyýetdäki belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salýar we halkyň

Özbegistan Respublikasynda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we kanunlarynyň ileri tutulmagy sözsüz ykrar edilýär. Döwlet, onuň organlary, wezipeli şahslar, jemgyýetçilik birleşmeleri, raýatlar Konstitusiýa we kanunlara laýyklykda iş alyp barýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 15-nji madda**

**Döredijilikli iş**

Aşakdaky suratlarda görkezilen şahslar bilen döwletiň arasynda nähili gatnaşyklar bar?






Özbegistan – suweren demokratik respublika. Döwletiň «Özbegistan Respublikasy» we «Özbegistan» diýen atlary bir manyny aňladýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 1-nji madda**

Gaharyň gelende sözleriňe üns ber... Ululardan öň ýöreme. Biri geplände ara gep sokma.

**Lukman Hekim**

erk-islegini aňladýar, dürli syýasy güýçler, sosial gatlaklar, toparlar bähbitleriniň özara ylalaşygyny üpjün edýär.

## Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy adam hukuklaryny amala aşyrmagyň hukuk esasydyr

Konstitusion döwlet diýende döwlet häkimiýeti edaralarynyň Konstitusiýada kesgitlenen tertipler we prinsipler esasynda şekillendirilýän we konstitusion normalara berk amal etmek bilen öz işini amala aşyrýan döwlet apparaty düşünilýär. Konstitusion döwlet — ýurduň tutuş çäginde we döwlet işiniň ähli ugurlarynda Konstitusiýanyň we ol esasynda kabul edilen kanunlaryň ileri tutulmagy üpjün edilen we ony kepillendirýän döwletdir. Halk suwereniteti ýokary häkimiýet halka degişlidigini aňlatsa, döwlet suwereniteti garaşsyz häkimiýet, ýagny ýurduň içki we daşary syýasatyny halkyň adyndan döwlet amala aşyrýandygyny aňladýar. Döwlet häkimiýeti halkyň erk-isleginiň önümi bolup, beýle häkimiýeti amala aşyrýanlar halk tarapyndan saýlanýar.

Konstitusion döwletde kanun ileri tutulmagy prinsipiniň mantyky dowamy hökmünde ýene iki prinsip: «Kanun bilen gadagan edilmedik ähli zada rugsat edilýär» (raýatlar üçin) hem-de «Diňe kanunda berkidilen zada rugsat edilýär» (döwlet organlary we wezipeli şahslar üçin) amal edýär.

**Birinji prinsip** raýatlaryň hereketlenme azatlygyny we mümkinçiliklerini giňeldýär. Kanunda gadagan edilmedik, gadagan edilmedik islendik hereketleri etmek mümkin bolýar we munuň üçin ýuridik jogapkärlik gelip çykmaýar.

**Ikinji prinsip**iň manysy şundan ybarat bolup, ýagny munda döwlet edaralary we wezipeli şahslar özle-

riniň kanunda kesgitlenen ygtyýarlyklary çäginde, olara hut laýyklykda hereketlenmeli bolýar.

Konstitusion döwletde häkimiýetiň döredilmegi we iş ýöretmegi Konstitusiýada berkidilip goýulýar. Konstitusiýada nazarda tutulmadyk häkimiýet organlaryny guramak mümkin däl. Konstitusion döwlet, ilki bilen, döwletiň hukuk bilen aýrylmaz baglylygydyr.

Konstitusiýa adamyň we raýatyň şu häkimiýet tarapyndan kepillendirilen hukuklaryny berkidýär we ine şu hukuklara görä döwlet häkimiýetini çäklendirýär. Başgaça aýdanda, Konstitusiýa — döwlet häkimiýetini guramagyň we iş ýöredilişiniň hukuk taýdan resmileşdirilişi bolup, bu häkimiýetiň raýat jemgyýetiniň başga subýektleri bilen gatnaşygyny tertibe salýar.

## Hukuk taryhyndan

Aglaba ýurtlarda, şol sanda, Özbegistanda kanunyň ileri tutulmagy demokratik Konstitusion döwletiň esasy prinsipi hasaplanýar. Bu ýerde şu prinsip, ilki bilen, Konstitusiýanyň ileri tutulmagyny nazarda tutýar. Eger-de, kanuny ulanýan ýerine ýetiriji häkimiýet organy (wezipeli şahs) ýa-da sud şu kanun Konstitusiýa tersligini anyklasa, meseläni bu kanun esasynda däl, eýsem Konstitusiýa esasynda çözmeli.

## Soraglar we ýumuşlar

1. «Şahs — jemgyýet — döwlet» gatnaşyklaryna mysal getiriň.
2. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda döwlet garaşsyzlygy, döwlet dolandyryşy, döwlet gurluşy şekli we syýasy tertip nähili aňladylan? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 7-nji maddasyny okaň. Halk häkimiýetçiligi diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. Özbegistanyň Konstitusiýasynda berkidilen hukuklaryňyzy bilýärsiňizmi?
5. Olary talaba laýyk amala aşyrmakda siziň nähili goşandyňyz bar?
6. Adam hukuklary bilen borçlarynyň arasynda nähili gatnaşyk bolmagy mümkin?

# I bölüm. MAŞGALA HUKUGY

## 2-§ Maşgala jemgyýetiň esasy bogny

**15-nji maý – Halkara maşgala güni**

Ýurdumyzda 1998-nji ýyl — «Maşgala ýyly», 2012-nji ýyl bolsa «Pugta maşgala ýyly» diýlip yglan edildi.



Maşgala jemgyýetiň esasy bognudyr hem-de jemgyýet we döwlet goragynda bolmak hukugyna eýe...

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 63-nji madda**



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Maşgala hukugynyň Konstitusion esasy.
- Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi.
- Maşgala baradaky kanun namalary bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklar.
- Maşgala hukugynyň subýektleri. Maşgala gatnaşyklarynda raýatlaryň deň hukuklylygy.

### Maşgala hukugynyň Konstitusion esasy

Maşgala-hukuk gatnaşyklaryň esasy çeşmesi Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy hasaplanýar. Jemgyýetiň we döwletiň maşgala gamhorlygy sosial syýasatymyzyň möhüm ugruna öwrülen.

Maşgala sagdyn bolsa – jemgyýet pugta, jemgyýet pugta bolsa – ýurt berkarardyr. Şonuň üçin hem maşgala jemgyýetiň esasy bogny hökmünde ykrar edilip, çaganyň şahs hökmünde şekillenmegi, gelejekde jemgyýetde öz ornuny tapmagy hem-de ruhy taýdan kämil adam bolup ýetişmeginde esasy binýat hasaplanýar.

Hakymyzyň taryhyna nazar taşlasak, iň gadyrly däpler: halallyk, dogruçyllyk, ar-namys, utanç-haýa, mäh-r-şepagat, zähmetsöýüjilik ýaly ähli adamkärçilik sypatlar ilki bilen maşgalada şekillenipdir. Edepli, bilimli we akylly, zähmetsöýüji, iman-ygtykatly perzent diňe bir ene-atanyň däl, eýsem bütin jemgyýetiň iň uly baýlygydyr.

Maşgala gatnaşyklarynyň Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynda görkezilmegi maşgalany ýokary ahlak-ruhy taýdan normalar esasynda berkitmegiň aýdyň nusgasydyr.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda Özbegistanyň raýatlary çagalary kämillige ýetýänçe bakmaga we terbiýelemäge mejburlygy, perzentler ata-eneleri barada gamhorlyk etmekleri we olara kömek bermegi hökmandygy görkezip geçilen.

Perzentler, ata-eneleriniň gelip çykyşyna we raýatlyk ýagdaýyna seretmezden, kanunyň öňünde deňdirler, enelik we çagalyk döwlet tarapyndan goralýar.

## Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi

Maşgalanyň jemgyýetdäki roluny üpjün etmekde onuň hukuk goragyny we sosial ýagdaýyny berkitmekde Maşgala kodeksiniň roly uludyr. Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi dünýä bileleşiginde umumy ykrar edilen hukuk normalaryna doly laýyklykda düzülendigi bilen, «maşgala — jemgyýetiň daýanç gurluşydyr», diýen taglyma esaslandyrylan.

Maşgala baradaky kanun namalarynyň wezipesi maşgalany berkitmekden, maşgala gatnaşyklaryny özara söýgi, ynam we hormat, raýdaşlyk, birek-birege kömek bermek hem-de maşgalanyň öňünde onuň ähli agzalarynyň jogapkärligi duýgusy esasynda gurmakdan, haýsy-da bolsa bir şahsyň maşgala meselelerine özdiýenlilik bilen gatyşmagyna ýol bermezliginden, maşgala agzalary öz hukuklaryny päsgelçiliksizsiz amala aşyrýandygyny hem-de bu hukuklaryň goralmagyny üpjün etmekden ybarat. Maşgala gatnaşyklaryny tertibe salmak erkegiň we aýalyň özygtyýarly ýagdaýda

«Eger bir ýurduň ilaty ahlaksyzlyk we nadanlyk bilen maşgala gatnaşyklaryny gowşatsa we tertipsizlige ýol berse, şonda bu milletiň bagty we durmuşy şübhe astynda galýar».

**Fitrat**

**Döredijilikli iş**

1. Teksti üns bilen okaň we gatnaşyk bildiriň.
2. Tekstdäki «maşgala gatnaşyklaryny gowşatsa» diýende nämäni düşündiňiz?
3. Maşgalanyň berkliginde milli gymmatlyklaryň orny nämede?
4. Maşgaladaky meseleleriň jemgyýetiň ösüşine täsiri nähili bolmagy mümkin?

nikalaşmagy, är bilen aýalyň şahsy hem-de emläk deň hukuklylygyna esaslanýar.

## Maşgala baradaky kanun namalary bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklar

Maşgala hukuk gatnaşyklary diýende raýatlaryň arasynda bolýan we maşgala hukuk normalary bilen kadalaşdyrylýan sosial gatnaşyklar düşünilýär.

Maşgala hukugy maşgala agzalarynyň arasyndaky şahsy emläk däl we emläk gatnaşyklaryny tertibe salýar. Şahsy emläk däl gatnaşyklara är-aýalyň familiýasy, çagalaryň terbiýesi, maşgala durmuşynyň meselelerini çözmek, kesp-kär we ýaşaýyş jaýyny saýlamak hukuklary girýär.

Är bilen aýalyň nika dowamynda tygşytlan umumy emläkleri, şonuň ýaly-da, nikalaşýança boljak är-aýalyň umumy serişdeleriniň hasabyna alnan emläkleri, eger kanun ýa-da nika şertnamasynda başgaça ýagdaý nazarda tutulmadyk bolsa, olaryň bilelikdäki umumy emlägi hasaplanýar we emläk gatnaşyklary bilen tertibe salynýar.

Maşgala-hukuk gatnaşyklary özüniň käbir alamatlary bilen raýat-hukuk gatnaşyklaryna meňzäp gidýär. Ýöne bu meňzeşlik diňe daşky görnüşdir. Raýat hukuk gatnaşyklarynyň esasyny emläk gatnaşyklary, maşgala hukuk gatnaşyklarynyň esasyny bolsa emläk bolmadyk



**Hukuk taryhyndan**

Taryhy gymmatlygymyz bolan «Awesto»da aýal kişi şahsy emläge eýe bolmagynyň hukuk esaslary bar. Aýal kişi öz emläginden haýyr-sogap maksatlarynda özbaşdak peýdalanmagy; şonuň ýaly-da, garaşsyz ýagdaýda dawagär bolmagy we şaýat hökmünde görkezmeler bermegi mümkin bolupdyr. Nika zarduştylyk hukugyna görä oňa girýänleriň iki taraplaýyn islegi netijesi bolup, diňe şundan soň ata-eneler we hossarlar tarapyndan tassyklanypdyr.

şahsy gatnaşyklar düzýär. Maşgala hukugy birinji nobatda şahsy gatnaşyklary tertibe salýar.

Raýatlaryň Özbegistan Respublikasynyň maşgala kanunlarynda nazarda tutulan hukuklarynyň, azatlyklarynyň we borçlarynyň düzümine aşakdakylar girýär:

- ➔ är-aýalyň (şahsy we emläk) hukuklary we borçlary;
- ➔ ene-atanyň (şahsy we emläk) hukuklary we borçlary;
- ➔ nikalaşmakdaky deň hukuklar;
- ➔ kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň (şahsy we emläk) hukuklary we borçlary;
- ➔ ata-eneler we çagalar, är-aýal, öňki är-aýal, garyndaşlaryň we başga şahslaryň aliment borçlary;
- ➔ nikanyň ýatyrylmagynyň esaslary;
- ➔ är-aýalyň umumy emläge eýelik etmegi, peýdalanmak we oňa hojaýynlyk hukugy;
- ➔ nika şertnamasyny düzendäki är-aýalyň hukuklary we borçlary;
- ➔ perzentlige almagyň tertibi;
- ➔ çaganyň hukugyny we bähbidini goramak boýunça ene-atanyň hukuklary we borçlary;
- ➔ ene-atanyň çagany terbiýelemek hem-de oňa tälim bermäge degişli hukuklary we borçlary;

Özbegistan Respublikasynda ähli raýatlar birmeňzeş hukuklara we azatlyklara eýe bolup, jynsyna, milletine, diline, dini, sosial gelip çykyşyna, ygtykadyna, şahsy we jemgyýetdäki ornuna seretmezden, kanunyň öňünde deňdirler. Ýeňillikler diňe kanun bilen bellenilýär hem-de sosial adalat prinsiplerine laýyk bolmalydyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 18-nji madda**



Maşgala baradaky kanun namalary nikalaşmak, nikanyň ýatyrylmagy we ony hakyky däl diýip hasaplamagyň şertlerini we tertibini kesgitleýär, maşgala agzalary: är-aýal, ata-ene we çagalaryň (perzentlige alýanlar we perzentlige alnanlar) arasyndaky, maşgala baradaky kanun namalarynda nazarda tutulan ýagdaýlarda we möçberde bolsa garyndaşlar hem-de özge şahslaryň arasyndaky şahsy emläk däl  we emläk gatnaşyklaryny tertibe salýar, şonuň ýaly-da ata-enäniň garamagyndan mahrum bolan çagalary maşgala almak şeklini we düzgünlerini, raýat ýagdaýy delilnamalaryny bellik etmek tertibini kesgitleýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi, 5-nji madda**

➔ ata-enelik hukugyndan mahrum etmek esaslary;
➔ hossarlyk we howandarlyga ýüzlenmek hukugy.

Ata-enelik hukugyndan mahrum ediş instituty maşgala hukuk gatnaşyklarynda aýratyn orun tutýar.

Maşgala hukuk gatnaşyklary diýende raýatlaryň arasynda bolýan we maşgala hukuk normalary bilen kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklary düşünilýär.

**Döredijilikli iş**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 18-nji maddasynda berkidilen düzgüni «Maşgala gatnaşyklarynda raýatlaryň deň hukuklylygy» teksti bilen nähili baglylyk tarapy barlygyny anyklaň.

## Maşgala hukugynyň subýektleri

Islendik başga gatnaşyklarda bolşy ýaly maşgala hukuk gatnaşyklarynda-da üç element: subýekt, subýektiw hukuklary we borçlary görüp bileris.

Maşgala gatnaşyklarynyň subýekti bolup, är-aýal, ata-ene, çagalar, hossarlar we howandarlar başga garyndaş-uruglar hem-de maşgala kanunlary ugrunda ol ýa-da bu gatnaşyklary çözmekde gatnaşýan ýuridik şahslar, raýatlar bileleşigi, edaralar, organlar, jemgyýetçilik birleşmeleri hasaplanýar.

Maşgala agzalaryna, maşgalanyň öňki agzalaryna degişli kanun bilen goralýan ahlak we maddy gymmatlyklar boýunça maşgala hukugy subýektleri kabul edýän hereketler we kararlar maşgala hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri bolmagy mümkin.

## Maşgala gatnaşyklarynda raýatlaryň deň hukuklylygy

Maşgala gatnaşyklaryny tertibe salmak erkek we aýalyň özygtyýarly ýagdaýda nikalaşmagy, är bilen aýalyň şahsy hem-de emläk hukuklarynyň deňligi, içki maşgala meseleleriň özara ylalaşyk ýoly bilen çözmegi, maşgalada çagalar terbiýesi, olaryň şretli durmuş geçirmegi we kämilligi hakda gamhorlyk etmek, kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ýarawsyz maşgala agzala-

rynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak wajyplygy ugurlary esasynda amala aşyrylýar.

Ähli raýatlar maşgala gatnaşyklarynda deň hukuklara eýedirler. Nikalaşmak çagynda jynsyna, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna, ygtykadyna, şahsy we jemgyýetçilik ornuna hem-de başga ýagdaýlara garap, hukuklary belli bir ýagdaýda gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmäge, gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn artykmaçlyklar bellemäge hem-de maşgala gatnaşyklaryna gatyşmaga ýol berilmeýär.

Maşgala gatnaşyklarynda raýatlaryň hukuklary diňe kanuna esasan we diňe maşgaladaky başga agzalaryň hem-de özge raýatlaryň ahlagy, mertebesi, gadyr-gymmaty, saglygy, hukuklary we kanun bilen goralýan bähbitlerini goramak maksadynda diňe zerur normada çäklendirilmegi mümkin.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda aýal-gyzlar we erkekler deň hukuklydyklary ykrar edilýär. «Maşgalada deň hukuklylyk» düşünjesi nähili gatnaşyklara garanda köpräk ulanylýar?
2. Maşgala-hukuk gatnaşyklary diýende nämäni düşündiňiz? Durmuşdan mysallar getiriň.
3. Maşgala-hukuk gatnaşyklary bilen raýat-hukuk gatnaşyklarynyň bir-birinden tapawudy nämede?
4. Maşgala-hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerine mysal getiriň.
5. Näme üçin maşgala jemgyýetiň esasy fundamenti diýilýär? Pikiriňizi esaslandyryň.

## Döredijilikli iş

Berlen suratlardan maşgala gatnaşyklarynyň subýektlerini anyklaň.









# 3-§ Nikalaşmagyň tertibi we şertleri

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Nika düşünjesi. Nikalaşmagyň tertibi.
- Nikalaşmagyň meýletinligi. Nika ýaşy. Nikalaşmaga päsgel berýän ýagdaýlar. Nikalaşýan şahslary lukmançylyk gözegçiliginden geçirmek.

Nika – erkek bilen aýalyň deň hukukly, erkin we meýletin bileleşigi bolup, ol raýat ýagdaýy aktlaryny bellik ediji organlarynda düzülýär we maşgala düzmek maksadyna hyzmat edýär.

## Nika düşünjesi. Nikalaşmagyň tertibi

Nika maşgalanyň emele gelmegi üçin ýeke-täk esasdyr. Nika ähdi adamlara jogapkärlik ýükleýär. Çünki maşgalada äriň hem, aýalyň hem öz wezipesi bar, olardan her biri öz wezipesini doly berjaý etmäge jogapkärdirler. Nika sebäpli täze maşgalalar emele gelýär.

**Nikalaşmak** ýöne bir resmilik däl, onuň döwlet tarapyndan bellik edilmegi ýuridik faktdyr.

Hut hasaba alnan (registrirlenen) nika ýuridik nika diýlip hasaplanýar we diňe ol är-aýallyk hukuklaryny we borçlaryny emele getirýär. Registrirlenmedik nika hakyky däl.

Nika döwlet we jemgyýet bähbitlerini gözläp, äriň , aýalyň we çagalaryň şahsy we emläk hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak maksadynda registrirlenýär. Ni-



kany bellik etmekde şaýatlaryň sany iki adamdan kem bolmaly däl.

Diňe dini däp-dessurlara görä düzülen nika hukuk ähmiýete eýe däldir.

## Nikalaşmagyň meýletinligi. Nika ýaşy. Nikalaşmaga päsgel berýän ýagdaýlar

Nikalaşmak meýletindir. Nikalaşmak üçin gelejekki är-aýal öz razylygyny erkin aň latmak ukybyna eýe bolmalydyr. Nikalaşmaga mejbur etmek gadagan edilýär. Amaldaky kanun namalarynda nika ýaşy bellenip goýlan. Kanuna görä erkekler 18 ýaşdan, aýallar bolsa 17 ýaşdan nikalaşmagy mümkin.

Raýatlyk kanunlaryna esasan kämillik ýaşyna ýetýänçe kanuny esasda nikadan geçen raýat doly göwrümdäki gatnaşyk ukybyna eýe bolýar. Nikalaşmak netijesinde eýe bolan gatnaşyk ukyby 18 ýaşa dolmazdan nikadan aýrylan ýagdaýda hem doly saklanyp galýar. Nika hakyky däl, diýlip hasaplananda sud kämillik ýaşyna ýetmedik är (aýal) sud bellenen wagtdan boşlap doly gatnaşyk ukybyny ýitirenligi hakda karar kabul etmegi mümkin.

Nika ýaşyna amal etmezden bikanun ýagdaýda nika gatnaşyklarynda bolmak her hili hukuk netijeleri getirip çykarmagy mümkin. Beýle nika hakyky däl diýlip hasaplanyp, maşgala kanunlarynda kesgitlenen degişli şahsy we emläk hukuk netijeleri getirip çykarmaýar.

**Nikalaşmaga päsgel berýän ýagdaýlar.**

*a) iň bolmanda biri sanawa alnan başga nikada durýan şahslaryň arasynda;*

Respublikamyzda her bir raýat diňe ýeke nikada bolmagy mümkin. Ýeke nikalyk prinsipi biziň jemgyýetimizde bar bolan ýokary ahlak düzgünlerden

Nika ýaşy erkekler üçin on sekiz ýaş, aýallar üçin on ýedi ýaş edip bellenýär.

Esasly sebäpler bolanda, aýratyn ýagdaýlarda (göwrelilik, çaga dogulmagy, kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň doly gatnaşyga ukyply diýip yglan edilmegi (emansipasiýa), nikalaşmagy isleýänleriň haýyşyna görä nika döwlet sanawyndan geçirilýän ýerdäki tümen, şäher häkimi nika ýaşyny köpi bilen bir ýyla kemeltmegi mümkin.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi, 15-nji madda**

gelip çykýar. Bu düzgüniň bozulmagy nikany hakyky däl diýip hasaplamaga esas bolýar.

*b) gelip çykyş şejeresi boýunça dogry birleşen garyndaşlaryň arasynda, doguşan we öweý aga-iniler bilen dogan-jigileriň arasynda, şonuň ýaly-da perzentlige alyjylar bilen perzentlige alnanlaryň arasynda;*

Kanun namalarynda ýakyn, göni, gapdal, doly we doly bolmadyk garyndaşlar düşünjeleri bar. Biri başgasyndan ýa-da umumy ata-babadan dünýä inen şahslar ýakyn garyndaşlar hasaplanýar.

Bir başgasyndan dünýä gelen şahslar, ýagny baba-ata, ogul-agtyk-çowluk-ýowluk-ýatlyk göni şejeredäki garyndaş diýip aýdylýar. Aga-ini we dogan-jigi ýan şejeredäki garyndaş diýilýär. Ýat gatyşmadyk garyndaş diýip umumy ata ýa-da enä eýe bolmaklyk, ýat gatyşan garyndaş diýip dürli ata ýa-da eneden doglan öweý aga-iniler we dogan-jigiler düşünilýär.

Ýakyn garyndaşlaryň arasyndaky nikany kanun ýoly bilen gadagan etmek ahlak düzgüni hem-de biologik nukdaý nazara, lukmançylyk ylmynyň gazananlaryna we netijelerine esaslanýar.

Başga garyndaşlaryň arasynda nikalaşmak kanun bilen gadagan edilmeýär. Şonuň üçin gapdal şejere boýunça garyndaş bolan, daýynyň, kakanyň, daýzanyň

Nika ýaşyna ýetmedik şahs bilen düzülen nika entek nika ýaşyna ýetmän nikalaşan şahsyň bähbitleri talap eden ýagdaýlarda hakyky däl diýlip hasaplanmagy mümkin.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi 51-nji madda**

Nika ýaşy baradaky kanun namalaryny bozan günäkär şahslar Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksiniň $47^{3}$-nji maddasyna we Jenaýat kodeksiniň $125^{1}$-nji maddasyna görä jogapkärlige çekilýärler.

çagalary we başga uzak garyndaşlaryň arasynda nikalaşmak mümkin.

Aga-inileriň hem-de dogan jigileriň perzentleriniň özara nikalaşmagy maksada laýyk däldir. Garyndaşlyk nika sebäpli köplenç gowşak, beden taýdan näsag, akly pes, ker-sakow, kelte ýa-da başga nogsanly, maýyp çagalar dünýä gelýär. Garyndaşlaryň arasynda düzülen nika hatda perzentsizlige getirmek ähtimaly bar.

*c) Hiç bolmanda biri ruhyýat bozulmagy (ruhy keselligi ýa-da akly pesligi) sebäpli sud tarapyndan gatnaşyga ukypsyz diýlip hasapanan şahslaryň arasynda nikalaşmaga ýol berilmeýär.*

Şeýle şahslar öz etmişleri netijesine doly jogap berip bilmeýärler we nikalaşmaga aňly ýagdaýda öz islegleri aýan edip bilmeýärler. Bu düzgün nikalaşýanlaryň meýletin we öz islegine görä nikalaşmak prinsipinden gelip çykýar. Şahsyň ruhy keselligi ýa-da akly pesligi sebäpli gatnaşyga ukypsyz diýlip hasaplanmagy raýatlyk ýagdaýy aktlaryny ýazýan organyna arza tabşyrandan soň, nikany bellik ediş möhletine çenli ýüze çykan bolsa-da, nikalaşmaga päsgel berýär.

### Nika barada milli gymmatlyklardan

Siziň üçin (bu gep erkeklere aýdylýar) eneleriňiziň, gyzlaryňyzyň, dogan-jigileriňiziň, daýzalaryňyzyň, aga-inileriňiziň gyzlary, dogan-jigileriňiziň gyzlary, emdiren eneleriňiziň, süýtdeş dogan-jigileriňiziň, gaýyn eneleriňiziň, nikaňyzda bolan aýallaryňyzyň terbiýeňizde bolan gyzlary ynha şu sanap geçilen aýallara öýlenmek haram edilýär.

**Gurahany kerim Nisa süresi 23-nji aýat**

Köp aýally bolmak, ýagny umumy rözgär esasynda iki ýa-da ondan artyk aýal bilen är-aýal bolup ýaşamak — iň kem aýlyk iş hakynyň elli essesinden ýüz essesine çenli mukdarda jerime ýa-da üç ýyla çenli ahlak düzediş işleri ýa-da bir ýyldan üç ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi, 126-njy madda**

Nikalaşýan şahslar döwlet saglygy goraýyş ulgamy edaralarynda mugt esasda lukmançylyk gözegçiliginden geçýärler. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmegiň göwrümi we tertibi Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

**Özbegistan Respublikasy Maşgala kodeksi, 17-nji madda**

## Döredijilikli iş

Aziza kesp-hünär kolležiniň 2-nji kursunda okaýar. Mart aýynda ol 17 ýaşa dolýar. Sawçylar hem yzly-yzyna gelip durlar. Maşgalada 80 ýaşa golaýlan mamasy bar. Her gezek sawçy gelende, «Maňa seniň toýuň hesip edermikä?» diýip ökünen bolardy. Bu gepi eşiden Azizanyň atasy: «Gysynmaň, enejan, tomus geldigi toý ederis», diýip köşeşdirýär. Enesi bolsa: «Entek gyzymyz ýaş, maşgala gurmaga taýýar däl», diýip sawçyara jogap berip goýberdi.

1. Şu ýagdaýda nähili ýol tutan makul?
2. Azizanyň enesi: «Entek gyzymyz ýaş, maşgala gurmaga taýýar däl», diýende nämäni düşündiňiz?
3. Siz nä, maşgala gurmaga taýýarmy?

## Soraglar we ýumuşlar

1. Maşgala gurýan adam nähili jogapkärçilikleri üstüne almaly?
2. Maşgala gurmak üçin nämelere eýe bolmaly?
3. Aşakdakylardan haýsy biri bolmasa-da maşgala gurmak mümkin: maddy mümkinçilikler, ruhy taýdan taýýarlyk, ruhy taýýarlyk, beden taýdan (biologik) taýýarlyk?
4. Siziň pikiriňizçe, maşgalada durmuşyň kynçylyklary köpräk kimiň üstüne düşýär? Pikiriňizi esaslandyryň.

# 4-§ Är-aýalyň şahsy hukuklary we borçlary

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- ➔ Är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelmegi.
- ➔ Maşgalada är we aýalyň deň hukuklylygy.
- ➔ Är we aýalyň familiýa saýlamak hukugy.
- ➔ Är-aýalyň çaga terbiýesi we maşgala durmuşy meselelerini çözmegi.





## Är-aýal hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelmegi

Nika raýatlyk ýagdaýyny aktlaryny bellik ediji organlarynda sanawa alnan wagtdan başlap nikalaşanlar är-aýal hasaplanýarlar we olaryň arasynda är-aýallyk hukuklary we borçlary emele gelýär. Indi olaryň arasyndaky gatnaşyklar diňe bir edep-ahlak düzgünleri bilen däl, eýsem kanunlar we hukuk düzgünleri bilen hem tertibe salynýar. Munda aýallar syýasy taýdan erkekler

**Döredijilikli iş**

1. Siziňçe maşgalada är bilen aýalyň borçlary deňmi?
2. «Maşgalada aýallara görä köpräk hukuk berlen», diýen pikire nähili garaýarsyňyz?
3. «Maşgalany dolandyrmakda erkek üstün bolmaly», «Maşgalany esasan erkek üpjün etmeli, aýal kişi özi tapan serişdäni özi zerurlygyna sarplasa bolýar», «Maşgalada kim köp serişde tapsa, şol baş bolýar», ýaly pikirlere öz gatnaşygyňyzy bildiriň.

bilen deň hukuga eýe bolşy ýaly, maşgalada-da ähli şahsy we emläk meselelerinde olar bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar we des-deň borçlara eýedirler.



Raýatlaryň maşgala gatnaşyklaryndan gelip çykýan hukuklaryny öz isleglerine görä eýeleýärler. Maşgala agzalarynyň öz hukuklaryny amala aşyrmaklary hem-de öz borçlaryny ýerine ýetirmekleri maşgalanyň başga agzalarynyň we özge şahslaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini bozmaly däldir.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi, 10-njy madda**

## Är we aýalyň familiýa saýlamak hukugy

Nika esasynda iki hili — şahsy we emläk gatnaşyklar gelip çykýar. Şahsy gatnaşyklara är-aýalyň familiýa saýlamak hukugy, çaga terbiýesi we maşgala-durmuş meselelerini çözmek, kesp we ýaşaýyş jaýyny saýlamak hukuklary girýär. Şeýle ýagdaýlarda olaryň zähmeti we raýatlyk hukugy gatnaşyk ukybynyň elementi bolup, maşgala hukugynyň ugry hasaplanmaýar.

Nikalaşma wagtynda öz familiýasyny üýtgeden är (aýal) nikadan aýrylandan soň hem şol familiýada galmaga hakly ýa-da sud tarapyndan nikadan aýyrmak baradaky karar çykarylan mahalynda onuň islegine görä oňa nika çenli bolan familiýasy gaýtarylmagy mümkin.

## Är-aýalyň çaga terbiýesindäki gatnaşmagy we durmuş meselelerini çözmegi

Her bir çaga maşgalada ýaşamak we terbiýelenmek, öz ata-enesini bilmek, olaryň gamhorlygyndan peýdalanmak, olar bilen bilelikde ýaşamak hukugyna eýe. Ata-ene çaganyň terbiýesine ýa-da bähbitlerine erbet täsir edýän hereketleri etseler, ata-enelik hukugyndan mahrum edilýär.

Ata-ene çagalaryň terbiýesine birmeňzeş jogapkärdirler. Çaga öz ata-enesi tarapyndan terbiýelenmek, peýda görmek, her taraplaýyn kämilleşmek, adamkärçilik gadyr-gymmatlary hormat edilmegi hukugyna eýe. Çaganyň ata-enesi bolmadyk ýagdaýynda ýa-da olar ata-enelik hukugyndan mahrum

edilende we çaga ata-ene garamagyndan mahrum bolan başga ýagdaýlarda onuň maşgalada terbiýelenmek hukugy hossarlyk we howandarlyk organy tarapyndan üpjün edilýär. Ata-enesiniň nikasynyň ýatyrylmagy ýa-da hakyky däl, diýlip hasaplanmagy çaganyň hukuklaryna täsir etmeýär.

Ata-ene kämillik ýaşyna ýetmedik perzentleriň kanuny wekili hasaplanýar, çünki olar öz hukuklaryny we borçlaryny özbaşdak gorap bilmeýrler. Ata-ene diňe bir deň hukukly bolman, eýsem çagalary maddy taýdan üpjün etmek, beden, ruhy we ahlak taýdan sagdyn edip terbiýelemek, olary özbaşdak durmuşa taýýarlamak babatda birmeňzeş borja-da eýedirler.

Gynansak-da, käbir ata-eneler öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun towlaýarlar. Çagalara rehimsiz gatnaşykda bolýarlar, olaryň göwnüne degýärler, içgi ýa-da neşe maddalaryna berilýärler ýa-da başga amallary bilen ata-enelik hukugyna hyýanat edýärler. Şeýle ýagdaýlar anyklanaýsa, olar suduň kararyna esasan ata-enelik hukugyndan mahrum edilýärler. Ata-ene hukugyndan mahrum etmäge degişli işler prokuror hem-de hossarlyk we howandarlyk organynyň gatnaşmagynda seredilýär.

Sud ata-enelik hukugyndan mahrum etmek baradaky işlere seredende çagany maddy taýdan üpjün etmek üçin ata-enelik hukugyndan mahrum edilen ata-eneden (ýa-da olaryň birinden) aliment töletmek barada karar kabul edýär.

Sud çaganyň bähbitlerini hasaba almak bilen ata-enelik hukugyndan mahrum etmezden, çagany ata-eneden (olaryň birinden) almak barada çözüji karary çykarmagy (ata-enelik hukugyny çäklendirmegi) mümkin.

Nika ýaşy dürli döwletlerde dürlüçe kesgitlenen. Meselem, Bolgariýada her iki jyns wekillerine hem – 18 ýaş, Angliýada – 16 ýaş, ABŞ-da – 16 ýaşdan 21 ýaşa çenli, Fransiýada we Wengriýada erkekler üçin – 18 ýaş, aýallar üçin – 16 ýaş, Russiýa Federasiýasynda kesgitlenen nika ýaşyny (18) iki ýaşa kemeltmek ygtyýarlygy kanunda görkezilen degişli edaralara berlen.

**Ene-atanyň çagalara tälim-terbiýe bermäge degişli hukuklary we borçlary**

Ata-ene öz çagalaryny terbiýelemek hukugyna eýe we terbiýelemegi hökman.

Ata-ene öz çagalarynyň terbiýesi we kemaly üçin jogapkärdir. Olar öz çagalarynyň saglygy, beden, ruhy taýdan we ahlak kämilligi barada gamhorlyk etmelidirler.

Ata-ene öz çagalaryny terbiýelemekde başga ähli şahslara görä üstün hukuga eýe.

**Maşgala kodeksiniň 73-nji mad-dasyndan**

## Döredijilikli iş

**1-nji ýagdaý.**

Gülnara bilen Enwer durmuş gurmak üçin raýatlyk ýagdaýlaryny bellik ediji organyna arza berdiler. Gülnara özüniň familiýasynda galmakçy boldy. Enwer Gülnaranyň bu pikirinden gaýtarmaga çalyşdy, emma Gülnara öz pikirinde berk durdy.

**Sorag:** Gülnara durmuşa çykanda öz familiýasynda galmagy mümkinmi? Ýa-da tersine Enwer Gülnaranyň famiýalisyny kabul etmegi mümkinmi?

**2-nji ýagdaý.**

Bir ýyldan soň olaryň maşgalasynda perzent dünýä indi. Olar perzendine babasynyň adyny familiýa edip bermäge karar etdiler. Indi olaryň maşgalasynda üç hili familiýa.



**Ýumuş:** Bu ýagdaýa kanuny baha beriň.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Är-aýal hukuklary we borçlary nämeleri öz içine alýar?
2. Är-aýal hukuklary we borçlary haçandan başlap emele gelýär?
3. Ata-ene hukugyndan mahrum etmäge degişli işler kimleriň gatnaşmagynda seredilýär? Pikiriňizi esaslandyryň.
4. Kämillik ýaşyna ýetmedik perzentleriň kanuny wekili kimler bolup biler we näme üçin?

# 5-§ Är-aýalyň emläk hukuklary we borçlary



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Är bilen aýalyň umumy emlägi.
- Är bilen aýalyň umumy emläge eýelik etmegi, ondan peýdalanmagy we hojaýynlyk etmegi.
- Är bilen aýallardan her biriniň emlägi.
- Är bilen aýalyň şahsy peýdalanmagyndaky zatlar.
- Är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek.
- Är bilen aýalyň umumy emlägini bölende ülüşleri anyklamak.

## Är bilen aýalyň umumy emlägi

Är bilen aýalyň nika dowamynda tygşytlan emläkleri, şonuň ýaly-da, nika hasaba alynýança, boljak är-aýalyň umumy serişdeleri hasabyna alnan emläkleri, eger kanun ýa-da nika şertnamasynda başgaça ýagdaý görkezilmedik bolsa, olaryň bilelikdäki umumy emlägi hasaplanýar.

Är bilen aýalyň nika dowamynda tygşytlan emläklerine (är we aýalyň umumy emlägine) olardan her biriniň zähmet işinden, telekeçilik işinden we intellektual iş netijelerinden tygşytlan girdejileri, olar tarapyndan alnan pensiýalar, tölegler, şonuň ýaly-da, ýörite maksada niýetlenmedik başga pul tölegleri (maddy kömek summasy, maýyp bolmak ýa-da saglygyna başgaça zyýan ýetirmegi netijesinde zähmet ukybyny ýitirenligi sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hökmünde tölenen summalar we başgalar) girýär.

Är bilen aýalyň umumy girdejileri hasabyna alnan gozgalýan we gozgalmaýan serişdeler, gymmatly kagyz-







**Är bilen aýalyň şahsy peýdalanmagyndaky zatlar**

Gymmatbaha zatlar we şaý-seplerden başga şahsy peýdalanmakdaky zatlar (egin-eşik, aýakgap we başga şular ýalylar), nika dowamynda är bilen aýalyň umumy serişdesi hasabyna alnan bolsa-da, olardan peýdalanyp gelen är bilen aýalyň hususy emlägi hasaplanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi, 26-njy madda**

lar, amanatlar, kredit edaralaryna ýa-da başga täjirçilik guramalaryna girizilen kapitaldaky ülüşleri hem-de är bilen aýalyň nika dowamynda tygşytlan başga islendik emläkleri, olar ärden ýa-da aýaldan biriniň adyna resmileşdirilen ýa-da pul serişdeleri kimiň adyna ýa-da är bilen aýalyň haýsy biri tarapyndan girizilen bolmagyna seretmezden, olar hem är bilen aýalyň umumy emlägi.

Är we aýaldan biri öý hojalyk işlerini ýöretmek, çagalara ideg etmek bilen meşgul bolan ýa-da başga esasly sebäplere görä özbaşdak iş hakyna we başga girdejä eýe bolmadyk ýagdaýda hem är bilen aýal umumy emläge görä deň hukuga eýe bolýar.

Är we aýal olaryň bilelikdäki umumy emlägi bolan emläge eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa hojaýynlyk etmekde deň hukuklara eýedir.

## Är bilen aýallardan her biriniň emlägi

Är bilen aýalyň nika çenli özüne degişli bolan emlägi, şonuň ýaly-da olardan her biriniň nika dowamynda sowgat, miras hökmünde ýa-da başga mugt ylalaşyklar esasynda alan emlägi olardan her biriniň şahsy emlägi hasaplanýar.

Nika dowamynda är-aýalyň umumy emlägi, olardan her biriniň emlägi ýa-da ärden we aýaldan biriniň zähmetiniň hasabyna emlägiň bahasy ep-esli artmagyna getiren serişdeler (kapital abatlaýyş, gaýtadan gurmak, gaýtadan enjamlaşdyrma we başgalar) goşulandygy anyklansa, ärden ýa-da aýaldan her biriniň emlägi olaryň bilelikdäki emlägi diýlip hasaplanmagy mümkin.

## Är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek

Är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek är ýa-da aýaldan biriniň talabyna görä, olar nikada bolan döwü-

rde-de, nikadan aýrylandan soň hem, şonuň ýaly-da, kreditor ärden we aýaldan biriniň umumy emläkdäki ülüşine töletmegi gönükdirmek üçin umumy emlägi bolmak talaby bilen arz eden ýagdaýlarda amala aşyrylmagy mümkin.

Är bilen aýalyň umumy emlägi är bilen aýalyň arasynda özara ylalaşyk esasynda bölüp alynmagy mümkin. Är bilen aýalyň islegi bilen olaryň umumy emlägi bolmak baradaky özara ylalaşygy notarial tertipde tassyklanýar.

Dawa dörän ýagdaýlarda är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek, şonuň ýaly-da, är bilen aýalyň bu emläkdäki ülüşini anyklamak sud tertibinde amala aşyrylýar.

Maşgala gatnaşyklary ýatyrylanda sud är we aýal aýratyn ýaşan döwründe tygşytlan emlägi olardan her biriniň şahsy emlägi diýlip hasaplamagy mümkin.

Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň islegini kanagatlandyrmak üçin alnan zatlar (egin-eşik, aýakgap, mekdep we sport enjamlary, saz gurallary, çagalar kitaphanasy we başgalar) bölünmeýär hem-de çagalar är we aýaldan haýsy biri bilen ýaşasa, oňa kompensasiýasyz berilýär.

Är bilen aýalyň umumy emläginiň hasabyndan ortadaky kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň adyna goýlan amanatlar şol çagalara degişli hasaplanyp, är-aýalyň umumy emlägi bölünen mahalynda hasaba alynmaýar.

Är bilen aýalyň umumy emlägi olar nikada duran döwürde bölünen ýagdaýda, är bilen aýal emläginiň bölünmän galan bölegi, şonuň ýaly-da, är we aýal tarapyndan olar nikada duran döwürde tygşytlanan emläk soňluk bilen olaryň bilelikdäki umumy emlägi bolýar.

**Hukuk taryhyndan**

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1993-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda bolup geçen ýygnagynda 1994-nji ýyldan başlap, her ýyl 15-nji maý gününi Halkara Maşgala güni hökmünde nyşanlamaga karar edildi. Bu karary kabul etmekden maksat ähli progressiw we parahatçylyksöýüji adamzadyň ünsüni adamyň öz ömrüni geçirýän, öz arzuw umytlary, bagtyny hem-de dynçlygyny üpjün edýän mesgen — maşgalanyň berk bolmagyna gönükdirmekdir.

## Döredijilikli iş

M. durmuş ýoldaşy T. bilen nikadan aýrylmak we olaryň bilelikdäki emläklerini bölüp bermek barada dawa arzasy bilen suda ýüzlenýär. Jogapkär öz arzasynda getirilen emläkler sanawyna olara nika toýlaryna T.-nyň ata-enesi tarapyndan sowgat edilen ýumşak mebeller toplumy we haly bardygyny görkezýär.

Sowgat şertnamasy düzülmedik bolsa-da, T. ata-enesi tarapyndan toýuna sowgat edilen zatlary özüniňki, diýip garşylyk bildirdi.

Siz nähili pikir edýärsiňiz, kimiň talaby kanuny?

Fermer hojalygy ýa-da daýhan hojalygy agzalarynyň bilelikdäki emlägi bolan emläge görä är bilen aýalyň eýelik etmek, peýdalanmak we hojaýynlyk etmek hukuklary «Fermer hojalygy barada»ky we «Daýhan hojalygy barada»ky kanunlar bilen tertibe salynýar.

Nikadan aýrylyşan är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek baradaky talaplaryna görä üç ýyllik dawa möhleti ulanylýar.

Är bilen aýalyň umumy emlägi bölünende hem-de olaryň şu emläkdäki ülüşleri anyklananda, eger är bilen aýalyň arasyndaky nika şertnamasynda başgaça ýagdaý nazarda tutulmadyk bolsa, är bilen aýalyň ülüşleri deň diýlip hasaplanýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Är we aýalyň umumy emlägi nähili bölünýär?
2. Nikadan aýrylan är bilen aýalyň umumy emlägini bölmek baradaky talaplaryna görä üç ýyllyk dawa möhleti nähili?
3. Är bilen aýalyň umumy emlägi olar nikada bolan döwürde bölünmegi mümkinmi? Pikiriňizi esaslandyryň.
4. Är bilen aýalyň umumy emlägi hasabyndan ortadaky kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň adyna goýlan amanatlar är-aýalyň umumy emlägi bölünen wagynda hasaba alynýarmy?

# 6-§ Är we aýal emläginiň şertnama tertibi

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Nika şertnamasy.
- Nika şertnamasynyň şekli we mazmuny.
- Nikanyň ýatyrylmagynyň esaslary.
- Nikadan aýrylyşma tertibi







## Nika şertnamasy

Nika şertnamasy – nikalaşýan şahslaryň ýa-da är we aýalyň nikada bolan döwründe we (ýa-da) är we aýal nikadan aýrylan ýagdaýda olaryň emläk hukuk hem-de borçlaryny kesgitleýän ylalaşygy.

Nika şertnamasy – är-aýal emläginiň şertnama režimi hasaplanýar. Nika şertnamasy ýa-da kontrakt – adaty ylalaşyk bolup, sud prosesinde bu ylalaşyga görä ony düzen şahslar tarapyndan hem, başga bähbitli şahslar tarapyndan hem närazylyk bildirilmegi mümkin.

Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksinde nazarda tutulan esaslar boýunça nika şertnamalarynyň kanuna laýyklygyna närazylyk bildirmek, nika şertnamasyny doly ýa-da bölekleýin hakyky däl, diýip hasaplamak mümkin. Şertnamanyň şertleri Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksiniň nika şertnamasy mazmunyny nazarda tutýan 31-nji maddasynyň talaplaryna ters bolan ýagdaýda, sud är-aýaldan biriniň talaby boýunça nika şertnamasyny doly ýa-da bölekleýin hakyky däl, diýip hasaplamagy mümkin. Är-aýal özara kanun bilen rugsat berlen ähli emläk-şertnama gatnaşyklaryna girişmek hukugyna eýe. Är-aýaldan biriniň hukuklaryny çäklendirmäge gönükdirilen şertnamalar hakyky däl.

Nikany degişli tertipde bellige almazdan, är-aýal bolup ýaşamak olaryň emlägini är-aýalyň bilelikdäki umumy emläk, diýip hasaplamak üçin esas bolmaýar.

Nika şertnamasynda är-aýalyň maşgala harajatlaryny bilelikde üpjün etmek we amala aşyrmak, biri-biriniň girdejilerinde gatnaşmak boýunça öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek, nika ýatyrylan ýagdaýda är-aýalyň her birine berilýän emlägi bellemek, şonuň ýaly-da, nika şertnamasyna är-aýalyň emläk gatnaşyklaryna degişli başga düzgünleri girizmek hukugyna eýedirler.

Nika şertnamasy diňe şahsy düzülmegi mümkin bolan ylalaşyklar düzümine girýär, şertnama wekiller arkaly düzülmegi mümkin däl.

Nika şertnamasy – nika ýatyrylandan soň kime nähili emläk degişli bolýandygyny anyk kesgitläp berýär. Onda är bilen aýalyň arasynda bilelikde tygşytlanan emlägiň çäkleri kesgitlenilýär, nika ýatyrylandan soň dostlukly gatnaşyklar mümkinçiligi saklanyp galýar.

## Nika şertnamasynyň şekli we mazmuny

Nika şertnamasy ýazmaça şekilde düzülýär we notarial tertipde tassyklanmalydyr.

### Döredijilikli iş

*Eziz «Damas» kysymly awtomaşynyň satylandygyny resmileşdirmek üçin notariusa bardy. Notarius maşynyň resminamalary we Eziziň pasportyny waraklanda, awtomaşyny satmaga onuň aýalynyň razylynyň gerekdigini düşündirdi.*

*Eziz: «Bu meniň awtomaşynym, meniň adyma alnan, öz serişdäme aldym. Aýalym işlemeýär, öýde oturýar», diýip düşündirmegine seretmezden, notarius aluw-satuw şertnamasyny resmileşdirmekden boýun towlady.*

**Notarius näme üçin şertnamany resmileşdirmedi?**

Är bilen aýal nika şertnamasyna görä bilelikdäki umumy emlägiň kanunda kesgitlenen tertibini üýtgetmäge, är bilen aýalyň ähli emlägine, onuň käbir görnüşlerine ýa-da är we aýaldan her biriniň emlägine görä bilelikdäki, ülüşli ýa-da aýratyn eýelik etmek tertibini ornaşdyrmaga haklydyr.

Nika şertnamalary, adatda, döwlet ýa-da başga ýörite sanawdan geçirilýän emläklere görä düzülýär. Nika şertnamasynda bellik edilmedik emläklere görä umumy bilelikdäki emläk režimi saklanyp galýar. Nika şertnamasynda nazarda tutulan hukuklar we borçlar belli bir möhlet bilen çäklendirilmegi ýa-da belli bir şertiň döremegini-de nazarda tutmagy mümkin.

Notarial şekil şertnamanyň ynamlylygyny aňladýar, taraplaryň özara gatnaşyklaryna aýdyňlyk girizýär, nika şertnamasy düzülenligi fakty we onuň mazmuny boýunça dawalar emele gelmegi mümkinçiligini aradan aýyrýar. Nika şertnamasyny tassyklamazdan öň notarius ýuridik faktlaryň zerur düzümini barlaýar.

Ol taraplaryň şahsyny, hukuk ukybyny, gatnaşyk ukybyny, olaryň birinden ikinjisine geçýän subýektiw hukuklara eýeligini anyklamalydyr. Resmileşdirilen

Nika şertnamasyny notarial tassyklamak onuň kanunylygyny kepillendirýär.

## Hukuk taryhyndan

Nika şertnamasy köp asyrlardan bäri daşary ýurt we milli amalyýetde amal edip gelýär. Baryp Gadymky Rimde boljak är-aýallaryň emlägine degişli ylalaşyklar düzülen. Gündogar we Günbatar Ýewropa ýurtlarynda XVI-XIX asyrlarda ilatyň dürli gatlaklarynyň arasynda giň ýaýran nikadan öňki ylalaşyklar giň ýaýrapdyr. Är-aýal emläginiň şertnama režimini tertibe salýan hukuk serişdesi hökmünde nika kontrakty institutynyň şekillenmegi XVIII asyryň ahyry – XIX asyryň başlarynda Fransiýada, Angliýada, Germaniýada, Awstriýada we başga döwletlerde başlanypdyr.

**Döredijilikli iş**

Aziza we Şahista durmuş döwründe nika şertnamasyny resmileşdirmekçi boldular. Olar nika şertnamasyny düzýändikleri barada öz kreditoryny (kreditorlaryny) habardar etmekleri hökmanmy?

nika şertnamasy notarial edaranyň iş namalarynda sallanmagy-da möhüm ähmiýete eýe bolýar we eger taraplara berlen nusgalar ýitirilse, olar özleriniň hukuklaryny tassyklamak üçin notarial arhiwe ýüzlenip we nika şertnamasynyň dublikatyny alyp bilerler.

Är bilen aýalyň emlägi hukuk tertibini kesgitleýän nika şertnamasynyň şertlerini, onuň mazmunyny düzýär. Nika şertnamasy şertlerinde taraplaryň nikada we ol ýatyrylanda är bilen aýalyň emläk gatnaşyklarynyň möhüm taraplary boýunça düzgünnamalar bellik edilýär. Düzgüne görä, nika şertnamasy är bilen aýalyň bar emlägine görä-de, boljak emlägine görä-de düzülmegi mümkin. Nika şertnamasynda är we aýal aşakdaky düzgünleri girizmäge haklydyrlar:

- özara maddy üpjün etmek;
- maşgala harajatlaryny paýlamak;
- bir-biriniň girdejisinde gatnaşmak;
- başga şahslar bilen emläk şertnamalaryny düzmek;
- bilelikde telekeçilik işi bilen meşgullanmak boýunça öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek;
- nikadan aýrylanda är we aýaldan her birine berilýän emlägi anyklamak;
- är bilen aýalyň emläk gatnaşyklaryna degişli başga düzgünler.

Nika şertnamasy är-aýalyň ylalaşygy bilen islendik wagtda üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy mümkin. Nika şertnamasy nähili şekilde düzülen bolsa, onuň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy-da şeýle şekilde amala aşyrylýar. Nika şertnamasyny ýerine ýetirmekden bir taraplaýyn boýun towlamaga ýol berilmeýär. Nika şertnamasy är-aýaldan biriniň talaby bilen Özbegistan

Respublikasynyň Raýatlyk kodeksinde kesgitlenen esaslar we tertipde suduň çözüji karary bilen üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy mümkin.

## Nikanyň ýatyrylmagynyň esaslary. Nikadan aýyrmagyň tertibi

Kanun namalarynda nikany ýatyrmak we nikadan aýyrmak barada normalar bar. Munda nikany ýatyrmak umumy we giň mana eýe. Nikanyň ýatyrylmagy diýende mälim ýuridik faktlar sebäpli är-aýalyň arasynda emele gelen nika hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegi düşünilýär. Nika ýatyrylan wagtdan başlap nika şertnamasynyň amal etmegi-de gutarýar. Eger nika şertnamasynda nika ýatyrylandan soňky döwür üçin nazarda tutulan borçlar görkezilen bolsa, olar ýuridik güýjüni ýitirmeýär. Wepat bolmak ýuridik fakt bolup, är-aýalyň arasyndaky nika gatnaşygyny ýatyrýar. Är-aýaldan biri wepat eden ýa-da sud tertibinde wepat bolan diýip yglan edilen ýagdaýlarda olaryň arasyndaky nikanyň hukuk gatnaşygy tamamlanýar.

Maşgala kodeksinde nikadan aýrylam üçin anyk esaslar görkezilmedik we munuň alajy ýok, çünki är ýa-da aýal getiren esas käbir ýagdaýlarda nikadan aýyrmak üçin ýeterli diýlip hasapansa, başga ýagdaýlarda aýyrmak üçin esas bolup bilmeýär. Şonuň üçin Maşgala kodeksinde nikadan aýrylmagyň sud amalyýeti aşakdaky ýaly kesgitlenen: «Eger sud är we aýalyň mundan beýläk bilelikde ýaşamagyna we maşgalany saklap galmaga mümkinçiliki ýok diýip hasaplasa, olary nikadan aýyrýar».

**Nikadan sud tertibinde aýrylyşmak.** Maşgala kodeksi nikadan aýrylyşmagyň esasyna garap, munuň aşakdaky tertibini kesgitleýär:



Maşgala kodeksiniň 43-nji maddasyna görä, eger är-aýaldan biri:
– sud tarapyndan biderek ýiten diý hasaplansa;
– sud tarapyndan ruhyýeti bozulmagy (ruhy keseli ýa-da akly pesligi) sebäpli gatnaşyga ukypsyz diýlip anyklansa;
– eden jenaýaty üçin üç ýyldan kem bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum edilen bolsa, ortada kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bar-ýoklugyna seretmezden, är-aýaldan biriniň arzasyna görä olar raýat ýagdaýynyň nama ýazgylaryny ýazýan organlarda nikadan aýrylýar.

Nikadan aýrylyşma arza berijileriň ýaşaýan ýerindäki Raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgylary organyna arza berlen günden başlap üç aý möhlet geçensoň bellik resmileşdirilýär.

1) är-aýallaryň arasyndaky emläk dawalar bar bolan ýagdaýlarda (meselem, emlägi bölmek, är-aýallaryň arasyndaky hem-de kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara maddy üpjünçilik bilen bagly bolan ýagdaýlar boýunça (aliment töletmek meselesinde we başgalar) sud tertibinde aýrylyşdyrylýar;

2) dawa bolmadyk ýagdaýda, şol sanda, eger:

a) är-aýalyň arasynda kämillik ýaşyna ýetmedik perzentleri bolmasa we olar aýrylyşmaga özara razy bolan;

b) taraplar (är ýa-da aýal) sud tarapyndan biderek ýiten, ruhy keselligi ýa-da akly pesligi sebäpli gatnaşyga ukypsyz diýlip hasaplanylan;

ç) eden jenaýaty üçin äri ýa-da aýaly üç ýyldan kem bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum edilen ýagdaýda Maşgala kodeksiniň 42–43-nji maddalarynda bellenişi

## Döredijilikli iş

*Z. we A. ir durmuş gurdular. Nikalaşan wagtynda ikisi-de 17 ýaşda bolupdyr. Z. 16 ýaşlygyndan emansipasiýa eýe bolup, telekeçilik işi bilen meşgullanýardy. Şu sebäpli Z. nikalaşan wagtynda A.-ga nika şertnamasy düzmegi teklip etdi.*

*Är we aýal nika şertnamasyny düzmek we ony resmileşdirmek maksadynda notarial edara ýüzlenenlerinde, notarius olaryň entek kämillik ýaşyna ýetmediklerini, notarial tassyklanan ylalaşyk düzmek üçin olar entek ýaşlygyny, ýene iki ýyldan soň gelmegi mümkinligini nygtap, nika şertnamasyny notarial tassyklamagy ret etdi.*



Notariusyň hereketleri dogrumy?

ýaly administratiw tertipde (RÝNÝ organy arkaly) aýrylyşýarlar.

**Raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgylary organlarynda nikadan aýyrmak.** Nikadan aýrylyşdyrmagyň sud bilen birlikde administratiw tertibi bar. Şu tertip är-aýallyk gatnaşyklaryny ýatyrmagyň beýlekilerden sada we ýönekeýleşdirilen tertibi hasaplanýar. Munda nika raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgylary organynda aýyrylýar we sud prosesi bolmaýar.

Nikadan aýyrmak baradaky arzany kabul eden raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgylary organlary arza berlen günden üç aý geçenden soň aýrylyşma resmileşdirýär we olara nikadan aýrylyşma baradaky şahadatnamany berýär. Üç aýlyk möhlet är-aýalyň ýaraşyp gitmegi üçin mümkinçilik döretmek maksadynda bellenilýär. Şu wagtdan başlap nika gutaran hasaplanýar we öňki är-aýal täze nikadan geçmek hukugyny alýar.







## Soraglar we ýumuşlar



1. Nika şertnamasyny raýatlyk hukugyndaky başga şertnamalar bilen deňeşdiriň we nika şertnamasyna girizilmeli bolan hem-de girizilmegi mümkin bolmadyk şertleriň özara tapawudyny derňäň.
2. Nika şertnamasynda nika ýatyrylandan soňky döwür nazarda tutulýarmy?
3. Nikany degişli tertipde bellik etmezden, är-aýal bolmak mümkinmi?
4. Näme üçin nika şertnamasy diňe şahy düzülmegi zerur bolan ylalaşyklar düzümine girýär?

# II bölüm. JENAÝAT HUKUGY

## 7-§ Jenaýat hukugynyň maksady, wezipesi we ugurlary



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy jenaýat hukugynyň esasy çeşmesi.
- Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi. Jenaýat kodeksiniň wezipeleri we prinsipleri.

### Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy jenaýat hukugynyň esasy çeşmesi

Jenaýat hem-de konstitusion hukuklaryň özara baglydygy şübhesizdir. Jenaýat hukugynyň konstitusion kada-kanunlar bilen özara baglanyşyklylygy we baglylygy köp taraply bolup, ol Konstitusiýada berkidilen hem-de jenaýat kanunynyň esasy funksional wezipelerini öz içine alýar.

Jenaýat hukugynyň prinsipleri halk häkimiýetçiligi, kanunyň ileri tutulmagy, sosial adalatlylyk, ynsanperwerlik, demokratizm, raýatlaryň deňligi, umumadamzat gymmatlyklary hem-de umum ykrar edilen halkara hukuk normalarynyň ileri tutulmagy we Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda berkidilen başga şular ýaly prinsiplere esaslanýar.

Özbegistan Respublikasynda jenaýat hukugy prinsipleriniň esasyny Konstitusiýada berkidilen kanunylyk we raýatlaryň deňligi prinsipi düzýär (ÖzR Konst.14, 15, 18-nji m.). Soňra jenaýat jogapkärligi, jeza belle-

**Döredijilikli iş**



Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda kepillendirilen raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini, olaryň goralmagy we amala aşyrylmagy mehanizmini anyklaň. Bu prosesiň bozulmagy nähili hukuk netijelere getirýändigini Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi esasynda anyklajak boluň.

mek we ony ýerine ýetirmek, jezadan azat etmek ýaly düzgünleri özünde jemleýän prinsipler görkezilen.

Şu ulgama girizilen ähli prinsipler özara deň gymmatlydyr, sebäbi, olaryň her biri özbaşdak mazmuna eýe bolup, döwletiň jenaýat hukugyna degişli syýasatyny amala aşyrmak üçin zerur bolan ençeme wezipeleri ýerine ýetirýär.



Jenaýat hukugyna degişli görkezmeleri ulanmak ygtyýarlyklaryna eýe bolan döwlet edaralarynyň wezipeli şahslaryna normatiw prinsipleriň täsiri olaryň işinde Jenaýat kodeksinde nazarda tutulan düzgünleri anyk we dogry ulanmagy, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda kepillendirilen raýatlaryň hukuklaryna we bähbitlerine ähli çäreler bilen amal etmegi, öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekde şahsy jogapkärlik we talap edijilik duýgularyny ösdürmegi talap edýär.

Jenaýat kanunçylygynyň esasy wezipeleri hökmünde şahs, onuň hukuklaryna we azatlyklaryna, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine, hususy emläk, tebigy gurşaw, parahatçylyk-asudalyk hem-de adamzat howpsuzlygyny jenaýat çozuşlaryndan goramak nazarda tutulan.



Jenaýat kodeksiniň wezipeleri şahsy, onuň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, emlägi, tebigy gurşawy, parahatçylygy, adamzat howpsuzlygyny jenaýat çozuşlaryndan goramak, şonuň ýaly-da jenaýatlaryň öňüni almak, raýatlary respublikanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna amal etmek ruhunda terbiýelemekden ybaratdyr.

Ynha şu wezipeleri amala aşyrmak üçin kodeks jogapkärligiň esaslaryny we prinsiplerini, nähili jemgyýetçilik howply etmişleriň jenaýatdygyny anyklaýar, jemgyýetçilik howply etmişler eden şahslara görä ulanylmagy mümkin bolan jeza we başga hukuk täsir çärelerini kesgitleýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi, 2-nji madda**



Aýpsyzlyk prezumpsiýasynyň iki tarapy bar, birinjiden, belli bir jenaýat düzümini anyklamak we şahsy ony edenlikde günäkär diýip hasaplamak kanuna laýyk ýagdaýda amala aşyrylmalydyr we, ikinjiden, diňe suduň hökmüne görä, şahs günäkär diýip hasaplanyp, Jenaýat kodeksinde görkezilen jenaýat jogapkärligine, jeza ýa-da başga hukuk täsir çärelerine çekilmegi mümkin.

Jenaýat kanunlarynyň wezipelerine jenaýatlaryň öňüni almak girýär. Şu wezipeler jenaýat hukugyna degişli gadagandan gelip çykýar hem-de käbir taýpadaky şahslary jenaýat etmekden gaýtarmaga gönükdirilen bolýar. Jenaýat kanunynyň wezipelerini ýerine ýetirmek aşakdakylar arkaly amala aşyrylýar: jogapkärlik esaslaryny we prinsiplerini anyklamak; jenaýat taýpasyna girizilen etmişleriň çägini anyklamak; jenaýat jeza çärelerini bellemek; jezadan daşary hukuk täsir çärelerini bellemek we başgalar. Şu wezipeleri amala aşyrmakda Jenaýat kodeksi kanunylyk, raýatlaryň kanun öňünde deňligi, demokratizm, ynsanperwerlik, adyllyk, aýp üçin jogapkärlik, jogapkärligiň gutulgysyzlygy prinsiplerine esaslanýar.

Şu ulgama girizilen ähli prinsipler özara deň gymmatlydyr. Olaryň her biri özbaşdak mazmuna eýe bolup, döwletiň jenaýat hukugyna degişli syýasatyny amala aşyrmak üçin zerur bolan ençeme wezipeleri ýerine ýetirýär.

Özbegistan Respublikasy jenaýat hukugynyň esasy prinsiplerine:

- ➔ kanunylyk, eden etmişiň jenaýatdygy, jeza sezewardygy we başga hukuk netijeleri diňe Jenaýat kodeksi bilen kesgitlenýär. Hiç kim suduň hökmi bolmasa jenaýat etmekde aýpli diýlip hasaplanmagy we kanuna ters ýagdaýda jeza çekilmegi mümkin däl;
- ➔ raýatlaryň kanun öňünde deň, jenaýat eden şahslar jynsyna, milletine, diline, sosial gelip çykyşyna, ygtykadyna, şahsy we sosial ornuna seretmezden, birmeňzeş hukuklara we borçlara eýe;

- *demokratizm*, jemgyýetçilik birleşmeleri, raýatlaryň özüni-özi dolandyryş organlary ýa-da kollektiwler jenaýat eden şahslaryň ahlagyny düzetmek işine kanunda nazarda tutulan ýagdaýlarda çekilmekleri mümkin;
- *ynsanperwerlik*, jeza we başga hukuk täsir çäreleri beden taýdan gynamak ýa-da adamyň gadyr-gymmatyny kemsitmek maksadyny gözlemezligi;
- *adyllyk* – jenaýat edende günäkär bolan şahsa görä ulanylýan jeza ýa-da başga hukuk täsir çäresi adalatly bolmagy, ýagny jenaýatyň agyr-ýeňilligine, aýbyň we şahsyň sosial howplulyk derejesine laýyk bolmagy;
- şahs kanunda bellenilen tertipde diňe aýby subut edilen jemgyýetçilik howply etmişleri üçin jogapkär bolmaklygy;
- *jogapkärligiň gutulgysyzlygy*, etmişinde jenaýat düzüminiň barlygy anyklanan her bir şahs hökman jogapkärlige çekilmegi girýär.

Jenaýat hukugy hukugyň başga ugurlaryndan aşakdaky taraplary bilen tapawutlanýar:

***birinjiden,*** jenaýat edilmegi sebäpli emele gelen jenaýat-hukuk gatnaşyklarynda, bir tarapyndan jemgyýet, döwlet, ikinji tarapyndan bolsa jenaýat eden şahs subýekt bolýar;

***ikinjiden,*** jenaýat-hukuk norma bilen bellenilip goýlan gadaganlary bozanlyk üçin sud döwletiň adyndan bellenen jenaýat jezany belleýär.

Jenaýat hukuk normalary öz mazmunyna görä iki bölege bölünýär. Olardan biri jenaýat hukugynyň umumy ornuny, düzgünini we tertibini kesgitläp berýär. Ikinjisi bolsa anyk jenaýatlaryň alamatlaryny kesgitläp, şu jenaýatlary eden şahslara görä ulanylýan jezalary

**Döredijilikli iş**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň haýsy maddasynda: «Hiç kim suduň hökmi bolmasa we kanuna nälaýyk ýagdaýda jenaýat edenlikde günäkär diýlip hasaplanmagy we jenaýat jeza çekilmegi mümkin däl» diýlip bellenýär? Şu maddanyň aýpsyzlyk prezumpsiýasy bilen nähili baglylygy bar?

anyklaýar. Birinji normalar jenaýat hukugynyň umumy bölegini, ikinji normalar bolsa ýörite bölegini düzýär.

Jenaýat hukugynda jenaýat etmişi anyklamak hem möhüm rol oýnaýar. Jenaýat etmiş — bu jenaýat kanunlary bilen goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna howp döredýän jemgyýete garşy we adamyň ahlak düzgünlerinden çete çykýan hereketdir. Jenaýat etmiş özüniň obýektiw häsiýetlerine görä jemgyýet üçin howply hereket ýa-da hereketsizlik, subýektiw häsiýetlerine görä bolsa hemişe belli bir maksatlara we sebäplere görä edilen aýply amal hasaplanýar.

Jenaýat kanuny bilen goralýan islendik jemgyýetçilik gatnaşygy jenaýatyň obýekti hasaplanýar. Islendik aň bilen dolandyrylan etmiş içki we daşky mazmundan ybarat bolup, onuň içki mazmuny subýektiw tarapy, daşky mazmuny bolsa obýektiw tarapy diýlip atlandyrylýar. Jenaýatyň obýektiw tarapy jemgyýetçilik howply etmişiň daşky tarapy hökmünde jenaýatyň nähili edilenligini anyklaýar.

## Hukuk taryhyndan

Özbegistan Respublikasynyň jenaýat kanunlary kodifikasiýa edilen bolup, Özbegistan Respublikasynyň esasy jenaýat kanuny 1994-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda kabul edilen hem-de 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje giren Jenaýat kodeksi hasaplanýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Aýpsyzlyk prezumpsiýasy näme? Pikiriňizi esaslandyryň.
2. Özbegistan Respublikasynyň jenaýat hukugynyň esasy prinsiplerini düşündiriň.
3. Jenaýat kanun namalarynyň esasy wezipeleri nämeden ybarat?
4. Jenaýat hukuk normalary öz mazmunyna görä näçe bölege bölünýär we olaryň wezipeleri nämelerden ybarat?

# 8-§ Jenaýatyň alamatlary

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Jenaýatyň alamatlary. Aýp, aýp şekilleri, kast.
- Etmişi aýyrýan ýagdaýlar.
- Seresapsyzlyk netijesinde jenaýat etmek we onuň netijeleri.







## Jenaýatyň alamatlary. Aýp, aýp şekilleri, kast

Jenaýat başga kanun bozmalardan özboluşly taraplary bilen tapawutlanýar. Bu etmişiň jemgyýetçilik howplylygydyr. Çünki jenaýat netijesinde jemgyýet we şahs üçin hem maddy, hem ruhy taýdan zyýan ýetirilýär. Şonuň üçin jenaýatyň jemgyýetçilik howplulyk derejesi jenaýatyň netijesinde görünýär.

Jenaýatyň kanuna tersligi onuň ýuridik hukuk alamatydyr. Mundan daşary, jenaýat eden şahsyň günäkär diýip hasaplanmagy jenaýatyň möhüm alamatlaryndan

**Döredijilikli iş**

8-nji synpda «Özbegistanyň döwlet we hukuk esaslary» predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, aşakdaky soraglara jogap berjek boluň.

1. Jenaýat näme? Hukuk bozma bilen jenaýatyň nähili tapawutlary bar?
2. Aşakdaky wakalardan haýsysy jenaýat bolmagy mümkin?

   A. *9-njy synp okuwçysy A. yzygider ýagdaýda dersden galýandygy üçin onuň ata-enesi jogapkärlige çekildi.*

   B. *Z. atly 7-nji synp okuwçysy goňşy howluda ogurlyk edilýändigini bilýän bolsa-da, bu barada hiç kime habar bermedi.*

   C. *K. atly raýat hapalaýan maddalary iki bedrede çykaryp, öýüniň öňünden akyp geçýän kanala dökdi.*

biridir. Diň şonda, oňa görä jenaýat jezasy ulanylýar. Jemgyýetçilik howply etmiş diňe kanunda görkezilen jenaýatyň alamatlary bar bolan ýagdaýda, ýagny onuň düzümi anyklananda jenaýat hasaplanýar.

Jenaýatyň düzümi jenaýat baradaky kanunlarda anyk bir jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat diýip kesgitleýän iň kem we ýeterli obýektiw we subýektiw alamatlar ýygyndysydyr. Jenaýatyň düzüminiň obýektiw we subýektiw alamatlarynyň arasynda özara aragatnaşyk we üznüksiz baglylyk bar.

Jenaýat kodeksine görä şu kodeks bilen gadagan edilen, aýply jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) jeza ulanmak howpy bilen jenaýat hasaplanýar, diýip kesgitleme berlen.

Jenaýatyň düzümi gurluşy boýunça dört elementden ybarat: obýekt, obýektiw tarap, subýekt we subýektiw tarap.

Obýektiw, ýagny daşky alamatlar jenaýatyň obýektini we obýektiw tarapyny kesgitleýär.

Subýektiw (içki) alamatlar jenaýatyň subýektini we subýektiw tarapyny anyklaýar.

Her bir alamat başgalary bilen bilelikde bar we aýrylmaz bir bitewiligiň zerur bölegini düzýär.

**Jenaýatyň düzüminiň birinji elementi** jenaýatyň obýektidir. Bu jenaýat kanuny bilen goralýan jemgyýet-

## Döredijilikli iş

*1. Kaşgaderýa welaýaty Karşi şäheri Hemrah köçesi 4-nji öýüň öňünde duran «Wagon Depo» PJ-ne degişli «Damas» kysymly awtomobilde elektrikik simleriň gysga utgaşmasy netijesinde ýangyn ýüze çykdy. Ýangyn netijesinde awtomobil doly ýanyp gitdi. Ýangyn öçürilen wagtynda awtomobiliň sürüjisi J.S.-iň bedeni ýanyp, keselhana ýerleşdirildi.*

*2. Andijan welaýatynyň Hojaabat tümeninde ýaşaýan A.T.-niň açyk galan gapysy arkaly öýe nämälim şahslar girip, 25.000.000 som puluny ogurlap gitdiler.*

Şu ýagdaýlarda jenaýatyň alamatlary barmy? Pikiriňizi ýokarda jenaýata berlen kesgitleme esasynda düşündiriň.

çilik gatnaşyklary bolup, jenaýatçylykly çozuşlar şolara gönükdirilýär. Kastdan adam öldürmekde jenaýat obýekti başga şahsyň durmuşy, ogurlykda bolsa özgeleriň emlägi bolýar we başgalar.

**Jenaýatyň düzüminiň ikinji elementi** jenaýatyň obýektiw tarapydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapyny daşky gurşawda käbir belli bir özgerişe getirýän we sebäp bolýan şahsyň akyl we erkli hereketi düzýär. Şu elementiň zerur alamaty etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) hasaplanýar. Etmiş arkaly jenaýat edilýär.

**Jenaýatyň düzüminiň üçünji elementi** jenaýatyň subýekti, ýagny jenaýat eden fiziki şahsdyr. Jenaýat subýekti diňe etmiş üçin jogap berip bilýän, ýagny jenaýat baradaky kanunlarda görkezilen mälim ýaşa ýeten we akyly ýerinde şahs bolmagy mümkin.

**Jenaýatyň düzüminiň dördünji elementi** jenaýatyň subýektiw tarapydyr. Jenaýatyň subýektiw tarapy şahsyň edýän jenaýatyna görä ruhy gatnaşygy hasaplanýar. Subýektiw tarapyň alamatlaryna aýp, motiw we maksat girýär.

Jenaýat — jeza laýyk etmiş. Şoňa görä, etmişiň jenaýat hökmündäki iň möhüm alamaty onuň jeza laýyklygydyr. Jenaýat başga hukuk bozmalardan aşakdaky alamatlary bilen tapawutlanýar: 1) obýekti; 2) jemgyýetçilik howplulyk derejesi we aýratynlygy; 3) kanuny däl görnüşi.

## Hukuk taryhyndan



«Jenaýat» düşünjesi ilkinji gezek Günbatar Ýewropa döwletleriniň jenaýat baradaky kanun namalarynda getirilen. Bu düşünje birinji gezek Fransiýanyň 1791-nji ýyldaky Jenaýat kodeksine duşýar.

Jenaýat hukugy taryhynda jenaýata kesgitlemäni birinji gezek 1919-njy ýylda Russiýa kanunşynaslary beriipdirler: «Jenaýat — jenaýat hukugy bilen goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň tertibiniň bozulmagydyr».

Ähli jenaýatlaryň umumy obýekti jenaýat kanuny bilen goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryň umumy ýygyndysyndan ybarat bolýar. Umumy obýekt hemme jenaýatlar üçin birdir, sebäbi islendik jenaýat ol ýa-da bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirýär.

Jenaýatyň düzümi diýip hasaplanmagy üçin görkezip geçilen dört elementiň ählisi bolmalydyr. Umumy jenaýatyň düzüminde ähli alamatlar esasy we fakultatiw alamatlara bölünýär.

Jenaýatyň subýektiw tarapy diňe aýbyň şekilleri, ýagny kast we seresapsyzlyk bilen çäklenip galmaýar, ol öz içine motiwleri we maksatlary hem alýar. Ýöne subýektiw tarapyň aýrylmaz alamatlary bolan kast we seresapsyzlykdan tapawutlylykda, motiw we maksat ikinji derejeli alamatlara girýär.

Jenaýat eden şahs öz etmişiniň jemgyýetçilik howplulyk aýratynlygyny aňan we şoňa seretmezden, ony etmegi islän bolsa, beýle jenaýat kastdan edilen hasaplanýar.

Jenaýat kanunçylygynda göni ýa-da egri kast diýen düşünjeler bar. Şahs öz etmişiniň jemgyýetçilik howply aýratynlygyny aňan, onuň netijelerine gözi ýeten we olaryň bolmagyndan gaýtmadyk bolsa, beýle jenaýat bilkastlaýyn edilen diýilýär.

Eger şahs öz etmişiniň jemgyýetçilik howply aýratynlygyny aňan, onuň netijelerine gözi ýeten we olaryň bolmagyna aňly ýagdaýda ýol beren bolsa, beýle jenaýat egri kastdan edilen hasaplanýar. Özözüne ynanmak ýa-da biperwaýlyk netijesinde edilen

## Döredijilikli iş

**Şu ýagdaýda jenaýat obýektini anyklaň.**

Daşkent welaýatynyň Daşkent tümeni «Gökderek» obasynyň raýatlar ýygyny çägindäki maşgalalaryň birine ýüzüne nykap geýen nämälim şahs çozup girdi. Şu wagtda öýde ýalňyz bolan maşgala eýesiniň gyzyny pyçak bilen gorkuzyp, 300 ABŞ-nyň dollaryny we iki hili zergärlik önümlerini äkitdi. Alnyp barylan tiz çäre netijesinde, şu çozuş jenaýatyny eden 1994-nji ýylda doglan A.N. ele düşdi. Oňa görä Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 164-nji maddasynyň 3-nji bölümi bilen jenaýat işi gozgaldy.

*Özbegistan Respublikasynyň IIM Metbugat gullugy*

jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk sebäpli edilen jenaýat hasaplanýar.

Etmişde Jenaýat Kodeksinde nazarda tutulan alamatlar resmi taýdan bar bolsa-da, ýöne ol jemgyýetçilik howply, bikanun ýa-da aýply bolmasa, etmişiň jenaýatlygyny aýyrýan ýagdaýlar hasaplanýar. Ýagny kem ähmiýetli etmişler; zerur goranyş; bialaç zerurlyk; jemgyýetçilik howply etmiş eden şahsy tutulan mahalynda zyýan ýetirmek; buýruk ýa-da başgaça äheňdäki wezipäni ýerine ýetirmek; kär ýa-da hojalyk işi bilen bagly bolan esasly töwekgelçilik jenaýatyny aýyrýan ýagdaýlar hasaplanýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Jenaýat başga hukuk bozmalardan haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?
2. Jenaýatyň alamatlaryny düşündirip beriň.
3. Aýply etmiş diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. Göni we egri kast diýende nämäni düşündiňiz?
5. Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýýň alamatlaryny aýdyp beriň.

*1) Näbelli şahs gapysy açyk galdyrylan WAZ-21099 awtomaşynyny sürüp gaçypdyr.*

*2) Bir gyz işden gelýärkä näbelli şahs elindäki sumkany çekip alyp gaçypdyr. Sumkanyň içinde bolsa azyklar we öýjükli telefon bardy.*

*3) Hususy kärhana degişli köpüklenen polietilen öndürýän sehde ýangyn ýüze çykandygy barada habar gelipdir. Ýangyn söndürilen mahalynda hususy kärhananyň işgäriniň jesedi tapylypdyr. Ýangyny söndürmäge 19 sany ýangyn söndüriji tehnika çekilipdir.*

Subýektiw tarapyň mazmunynda jenaýat motiwi we maksatlary aýratyn orun tutýar. Motiw we onuň bilen bagly maksat günäkär şahsyň hereketini dolandyryjy bütin edara prosesine öz täsirini ýetirýär. Şahs üçin ol eden etmiş nähili many we ähmiýete eýedigi hut motiwe bagly.

# 9-§ Jenaýat jogapkärligi we jeza ulgamy

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Fiziki şahslaryň jenaýat jogapkärligi.
- Jeza düşünjesi we onuň görnüşleri.

Jenaýatçylykly netije diýende jemgyýetçilik howply etmiş netijesinde jenaýat-hukuk goralýan obýektlere zyýan ýetirmek düşünilýär.

Jenaýat hukugyna degişli gatnaşyk bu jenaýat hukugy normalary arkaly kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik howply etmiş eden şahs bilen döwletiň arasyndaky gatnaşykdyr.

Jenaýaty har doim anyk fiziki şahslar sodir etadi. Shonuň üçin ham jenaýat eden şahs «jenaýatyň subýekti» deb ykrar edilýär. Jenaýat subýektining ýokligi jenaýat düzümi we jenaýatyň özi bar emasligini bildiradi.

Jenaýata degişli kanunlarynda subýektga görä «günäkär», «ýyl kesilen adam», «jenaýat eden şahs», «jenaýat etmekda günäkär bolan şahs» ýaly başga iboralar ulanylýar.

Ýuridik şahslar, ýagny guramalar, kärhanalar, edaralar we jemgyýetçilik birleşmeleri jenaýat subýekti bo'la olmaydi. Shonuň üçin jenaýat jemgyýetçilik howply hereket döwlet kärhanasi, edara, gurama we jemgyýetçilik birleşmelerida hyzmat ýa-da önümçilik işi bilen bagly holda sodir etilsa, şu wezipeýe jogapkär bolan degişli wezipeli şahslar ýa-da başga hyzmatchilar jenaýat subýektiga aylanadi.

Jenaýat subýektining akyly ýerinde bolmagy şert, ýagny u öz hereketi ýa-da hereketsizligining jemgyýetçilik howply aýratynlygyni anglagan bolmagy we olary başgara almaki şert.

Akyly ýerindelik aýp we jenaýat jogapkärligining zeruriy şertidir. Diňe öz hereketi ýa-da hereketsizligining jemgyýetçilik howply aýratynlygyni anglagan we olary başgara alan şahslar, günäkärni düzediş maksadynda, jenaýat jogapkärligika çekilýär.

Şahsyň kanun bilen kesgitlenen jenaýat jogapkärligi ýaşyna ýetenligi jenaýat subýektiniň zerur alamatlaryndan biri hasaplanýar.

Kanunda ýaş çägi anyk tertibe salnanlygy jenaýat eden şahsyň ýaşyny (gün, aý, doglan ýylyny) dogry bellemek zerurlygyny döredýär. Bu zerurlyk Jenaýat-prosessual kodeksiniň 314-nji maddasynda ýazylan.

Jenaýat kodeksinde berkidilen raýatlaryň kanun öňünde deňligi prinsipi konstitusion prinsipiň gaýtalanmagy bolman, eýsem onuň ornaşdyrylyşydyr.

Jenaýat kodeksine görä, iki ýa-da ondan artyk şahsyň kastdan jenaýat etmekde bileleşip gatnaşmagyna gatnaşyjylyk hasaplanýar. Jenaýatda gatnaşyjylyk bu öňünden dil düwşüp, kastdan etmek ýaly düşünjeleri öz içine alýar.

Jenaýat kanunynda dört görnüşdäki jenaýat gatnaşyjylary tapawutlanýar: ýerine ýetiriji, guramaçy, delilçi we kömekçi. Şu görnüşleri tapawutlandyrmak esasyna obýektiw ölçeg goýlan bolup, ol her bir gatnaşyjynyň jenaýat etmekde gatnaşmak derejesi we aýratynlygy bilen bagly.

Jenaýaty ýerine ýetirijiler diýip: a) gönüden-göni özleri doly ýa-da bölekleýin jenaýat eden şahslar; b) gönüden-göni özleri jenaýat etmedik, ýöne şu maksatda jenaýat kanunlaryna görä, jenaýat jogapkärligine çekilmegi mümkin bolmadyk şahslardan peýdalanan şahslar ykrar edilýär.

Ýaşy ýa-da akly gowşaklygy sebäpli jenaýat jogapkärligine çekmek mümkin bolmadyk ýa-da seresapsyzlyk ýa-da aýpsyz hereket eden şahslary kastdan jenaýat etmäge çeken şahs edilen jenaýatyň gatnaşyjysy diýlip ykrar edilýär.

Jenaýata taýýarlyk görmäge ýa-da jenaýat edilmegine ýolbaşçylyk eden şahs guramaçy hasaplanýar.



**Fiziki şahslaryň jogapkärligi**
Jenaýat edýänçe on alty ýaşyna ýeten, akyly ýerinde fiziki şahslar jogapkärlige çekilýärler.
Jenaýat edýänçe on üç ýaşyna dolan şahslar jogapkärligi ogurlanan ýagdaýlarda diňe kastdan adam öldürendikleri (97-nji maddanyň ikinji bölegi) üçin jogapkärlige çekilýärler.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi, 17-nji madda**

Jenaýat edende ýolbaşçylyk etmek ýerine ýetirijiler we şärik ýerine ýetirijileriň güýjüni gönüden-göni jenaýat etmişi ýerine ýetirmäge gönükdirmek boýunça işi aňladýar.

Delilçilik başga şahsy jenaýat etmek ýa-da jenaýatçylykly işde gatnaşmaga ündemekde öz şöhlelenmesini tapýar. Ündemek delilçiniň başga şahslarda jenaýat etmekde gatnaşmak ýa-da jenaýatçylykly iş bilen meşgullanmak islegini şekillendirmäge gönükdirilen işjeň we başyny başlaýjynyň hereketinden ybarat.

Jenaýat etmekde kömekleşen şahs kömekçi hasaplanýar.

Jeza jenaýat etmekde aýply diýip hasaplanan şahsa görä döwletiň adyndan suduň hökmi bilen ulanylýan we ýyl kesileni kanunda nazarda tutulan belli bir hukuklardan we azatlyklardan mahrum etmek ýa-da olary çäklendirmekden ybarat mejbur ediji çäredir.

Jeza ýyl kesilen adamy ahlak taýdan düzetmek, onuň jenaýatçylykly işini dowam etdirmegine päsgel bermek hem-de ýyl kesilen adam, şonuň ýaly-da, başga şahslar täze jenaýat etmeginiň öňüni almak maksadynda ulanylýar.

Mejbury jemgyýetçilik işleri pensiýa ýaşyna ýeten şahslara, on alty ýaşyna dolmadyk şahslara, göwreli aýallara, üç ýaşyna dolmadyk çagalary bar bolan aýallara, birinji we ikinji topar maýyplaryna, harby gullukçylara, daşary ýurt raýatlaryna we Özbegistan Respublikasynda hemişelik ýaşamaýan şahslara görä ulanylmaýar. Azatlygy çäklendirmek kämillik ýaşyna ýetmedik ýyl kesilenlere görä esasy jeza çäresi hökmünde alty aýdan iki ýyla çenli möhlete bellenýär.

Kämillik ýaşyna ýetmediklere görä azatlykdan mahrum etmek jezasy alty aýdan on ýyla çenli möhlete bellenýär.

Jenaýatyň subýekti diýip jenaýat kanunynda görkezilen, jemgyýetçilik howply hereketi kastdan ýa-da seresapsyzlyk netijesinde eden, mälim ýaşa dolan, akyly ýerinde, aýratyn ýagdaýlarda Jenaýat kodeksiniň Ýörite böleginiň degişli normalarynda görkezilen ýörite alamatlara eýe bolan fiziki şahsa aýdylýar.

Doglan gününiň ertesi sagat 00:00 dan başlap şahs jenaýat jogapkärligi ýaşyna ýeten hasaplanýar.

On üç ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan wagtda jenaýat eden şahslara görä jenaýatlar toplumy hökmünde jeza bellenende azatlykdan mahrum etmegiň iň köp möhleti on ýyla çenli, eger eden jenaýatlarynyň biri gaty agyr jenaýat bolsa, on iki ýyla çenli bellenýär.

On alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan wagtda jenaýat eden şahslara görä jenaýatlar toplumy hökmünde azatlykdan mahrum etmek jezasy — on iki ýyla çenli möhlete, eger eden jenaýatlarynyň biri gaty agyr jenaýat bolsa, on bäş ýyla çenli möhlete bellenmegi mümkin.

Jenaýat eden wagtynda on üç ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan şahslara görä birnäçe höküm boýunça bellenýän azatlykdan mahrum etmek jezasynyň möhleti on bäş ýyldan geçmeli däl.

Azatlykdan mahrum etmek jenaýat eden wagtynda on üç ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan şahslara görä agyr jenaýat üçin — alty ýyla çenli, gaty agyr jenaýat üçin — on ýyla çenli möhlete bellenýär.

Azatlykdan mahrum etmek jenaýat eden wagtynda on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan şahslara görä agyr

Jenaýat etmäge gyzyklandyrýan şahs delilçi hasaplanýar.

Jeza we başga hukuk täsir çäreleri fiziki azap bermek ýa-da adamyň gadyr-gymmatyny kemsitmek maksadyny gözlemeýär.

## Hukuk taryhyndan

Şu ýylyň özünde mähelläniň raýatlary ýygynlary kepilligi esasynda – 152 sany, Ýaşlar bileleşigi kepilligi esasynda – 18 sany, aýal-gyzlar komitetleri kepilligi esasynda – 3 sany, jemi 173 sany raýata görä jeza bellenende jemgyýetçilik kepilligi hasaba alyndy. Bu raýatlaryň 38 sanysyny ýaşlar, 18 sanysyny kämillik ýaşyna ýetmedikler, 11 sanysyny aýallar düzýär. Meselem, ýeke Şaýhantahur tümeninde 15 sany şahsa görä jeza bellenende mähelle raýatlar ýygynlarynyň kepilligi hasaba alyndy.

**Prezident Şawkat Mirziýoýewiň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilenliginiň 25 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly ýygnakdaky çykyşyndan**

Jerime günäkärden döwlet girdejisine kanunda kesgitlenen mukdarda pul töletmekdir.

Mejbury jemgyýetçilik işleri ýyl kesilen adamy hak tölenmeýän peýdaly jemgyýetçilik işlerini ýerine ýetirmäge mejburlap çekmek.

jenaýat üçin — ýedi ýyla çenli, gaty agyr jenaýat üçin — on ýyla çenli möhlete bellenýär.

Kämillik ýaşyna ýetmezden jemgyýetçilik howpy uly bolmadyk jenaýat eden, seresapsyzlyk netijesinde jenaýat eden ýa-da kastdan onçakly agyr bolmadyk jenaýat eden şahslara görä azatlykdan mahrum etmek hökmündäki jeza bellenmeýär.

Höküm çykarylan wagtynda on sekiz ýaşyna doldadyk şahslara görä azatlykdan mahrum etmek jezasyny terbiýe koloniýalarynda geçmek bellenýär.

## Soraglar we ýumuşlar

Berlen ýagdaýlary okaň we jenaýatda gatnaşyjylary anyklaň.

1. *N.B. IIB-ne ýüzlenip, nämälim şahs onuň mobil telefonyny elinden çekip alyp gaçandygyny mälim etdi. Görülen çäreler netijesinde şu jenaýaty N. atly şahs edenligi anyklanyp, ele alyndy.*
2. *Nämälim şahs telekeçi U.H.-a jaň edip, undan uly mukdarda pul we 6 haltada un önümini karzyna alypdyr. Ol tiz arada bu uny bir kärhana satjakdygyny we karzy gaýtaryp berjekdigini aýdypdyr. Emma ne puly, ne uny gaýtarypdyr. U.H. bu hakda içeri işler organlaryny habardar edensoň, görülen çäreler netijesinde şu jenaýaty K. atly şahs edenligi anyklanyp, ele alnypdyr.*

*Özbegistan Respublikasynyň IIM Jemgyýetçilik we köpçülikleýin habar serişdeleri bilen aragatnaşyk müdirliginiň maglumatlary esasynda*

## Goşmaça maglumat üçin

| T/n | Günä geçme | Amnistiýa |
|---|---|---|
| 1. | Belli bir şahslar üçin, olaryň şahsyny tassyklaýan maglumatlary (ýaşy, saglygynyň ýagdaýy, maşgala ýagdaýy) hasaba alyp jezadan azat etmek hasaplanýar. | Amnistiýa anyk şahslara däl, eýsem umumy taýpalara yglan edilýär. Munda amnistiýa näçe adamyň düşjegi, kimleriň düşjegi öňünden anyk bolmaýar. |
| 2 | Günä geçme diňe suduň hökmi bilen jeza bellenen ýyl kesilenlere yglan edilýär | Amnistiýa jenaýat prosesiniň islendik tapgyrynda – deslapky derňew, soraşdyrmak, derňewe çenli barlag we hatda jenaýat işini gozgaýança bolan tapgyrda-da ulanylmagy mümkin. |
| 3 | Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 93-nji maddasyna görä günä geçme diňe Prezident tarapyndan yglan edilýär. | Amnistiýa akty Prezidentiň hödürnamasyna görä Aly Mejlisiň Senaty tarapyndan yglan edilýär. |
| 4 | Günä geçmäni ulanmak üçin adatda jenaýat eden şahslaryň haýyşnamasy esas bolýar.<br>Günä geçmäni ulanmak meselesini Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky günä geçme meseleleri boýunça ýörite komissiýa çözýär. | Amnistiýa aktyny ulanmakda hiç hili haýyşnama talap edilmeýär.<br>Amnistiýa aktlaryny ulanmak meselesi hukuk goraýjy organlar we jezany ýerine ýetiriji edaralary we sudlar tarapyndan seredilýär. 2008-nji ýyldan başlap, amnistiýa aktyny ulanmaga degişli jemleýji karary diňe sudlar çykarýandygy bellenip goýlan. |

## Hukuk taryhyndan

Özbegistan dünýäniň iň howpsuz ýurtlary sanawynda 2-nji orny eýeledi. Derňew dowamynda 135 sany ýurt meýdany, howpsuzlyk ýagdaýy, kanunyň ileri tutulmagy we tertip ýaly birnäçe taýpalar boýunça soragnamalar geçirlip, bahalandy. Ýurtlar 100 ball ulgamynda bahalandy. Sanawyň 1-nji ornuny 97 ball bilen Singapur eýeledi. Özbegistan 95 ball bilen 2-nji orunda ýerleşdi. Islandiýa 92 ball bilen 3-nji orunda. Dünýäniň iň howply ýurdy diýip bolsa Wenesuela yglan edildi.

| T/n | Günä geçme | Amnistiýa |
|---|---|---|
| 5 | Günä geçmäni ulanmak kabul edilmegi bilen derrew ýerine ýetirilýär, Munuň üçin ýene aýratyn tapgyrlardan geçmek hökman däl. | Amnistiýa akty çykandan soň, ony kimlere ulanmak meselesini çözmek uzaga çekýär we köp guramaçylyk prosesini öz içine alýar. |
| 6 | Günä geçme hukuk netijeleri azrak bolýar. Bular:<br>1) esasy we ýerine ýetirilmedik goşmaça jezadan doly ýa-da bölekleýin azat edilýär;<br>2) jezadan möhletinden öň şertli ýagdaýda azat edilýär;<br>3) ömürlik azatlykdan mahrum etmek ýa-da başga geçilmedik jezany beýlekilerden ýeňilräk jeza bilen çalşyrylýar;<br>4) sud edilenligi aýrylýar. | Amnistiýa aktynyň hukuk netijeleri giňräk bolýar:<br>1) şahsyň jenaýat jogapkärliginden azat edilmegi;<br>2) ýyl kesilen adam esasy we ýerine ýetirilmedik goşmaça jezadan azat edilmegi;<br>3) ýyl kesilen adama bellenen esasy we ýerine ýetirilmedik goşmaça jezanyň gysgaldylmagy (kemeldilmegi);<br>4) ýyl kesilen adam jezadan möhletinden öň şertli ýagdaýda azat edilmegi;<br>5) ýyl kesilen adama bellenen jezanyň geçilmedik bölegi ýeňilrägi bilen çalşyrmak;<br>6) jenaýat eden şahsdan sud edilenlik möhletinden öň aýrylýar. |

Aşakdaky jadweli depderiňize çyzyň we dolduryň. Amnistiýanyň we günä geçmäniň esasy tapawutlary boýunça soraglara jogap beriň.

| Soraglar | Günä geçme | Amnistiýa |
|---|---|---|
| Kim kabul edýär? | | |
| Kimleri öz içine alýar? | | |
| Kimlere ulanylýar? | | |
| Ötünç namasynyň inisiatory kim bolýar? | | |
| Şahsy faktorlar (häsiýetnama) karara täsir edýärmi? | | |

# 10-11-§ Raýatlaryň Konstitusiýa we kanunlarda berkidilip goýlan hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlar

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- ➔ Şahsyň azatlygyna, mertebesine we gadyr-gymmatyna garşy jenaýatlar.
- ➔ Hat-ýazyşmalar, telefonda gepleşmek, telegraf habarlary ýa-da başga habarlaryň syr saklanmak tertibi.
- ➔ Raýatlaryň ýüzlenmeleri baradaky kanun namalaryny bozmagyň hukuk netijesi.









Şahsyň azatlygyna, mertebesine we gadyr-gymmatyna garşy jenaýatlar bu –

- ➔ adam söwdasy,
- ➔ aýaly äre barmaga mejbur etmek ýa-da onuň äre barmagyna päsgel bermek,
- ➔ adam ogurlamak,
- ➔ zorluk ulanyp bikanun ýagdaýda azatlykdan mahrum etmek,
- ➔ töhmet,
- ➔ dil ýetirme girýär.

Şu jenaýatlaryň obýekti şahsyň azatlygy, mertebesi we gadyr-gymmaty hasaplanýar. Jenaýatlar 16 ýaşyny dolduran akyly ýerinde şahs tarapyndan bilkastlaýyn amala aşyrylýar.

Adam söwdasy bu günki günde iň global meselelerden birine öwrülip ýetişdi. Adam söwdasy adamy alyp-satmak ýa-da ondan peýdalanmak maksadynda hakyna tutmak, daşamak, tabşyrmak, gizlemek ýa-da

kabul etmekde ýüze çykýar. Munda adamlary ogurlamak, zorluk ulanmak ýa-da zorluk ulanmak bilen gorkuzmak ýa-da mejburlamagyň başga şekillerini ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Jenaýat şahsyň durmuşy we saglygy el degrilmesizligini üpjün edýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna görä edilýär. Jenaýat baýlyk artdyrmak we başga betnebis maksatlarda aldamak ýoly bilen adam söwdasyny amala aşyrmakda aňladylýar.

Adam söwdasyna adam aluw-satuwy, ýagny ony satyja mälim mukdardaky pul serişdesi ýa-da başga emläk ekwiwalenti hasabyna başga adamyň ygtyýaryna tabşyrmak girýär.

Adamlary ekspluatasiýa etmek – başga şahslardan öz niýetine görä peýdalanmak ýa-da jynsy mejburlamagyň başga görnüşleri, mejbury zähmet ýa-da hyzmatlar, gulçulyk we oňa meňzeş däpler, erkinden mahrum etmek ýa-da adamyň içki organlaryny bölüp almak hasaplanýar.

## Aýaly äre barmaga mejbur etmek ýa-da onuň äre barmagyna päsgel bermek

Aýaly äre barmaga ýa-da nikada ýaşamagy dowam etdirmäge mejbur etmek, aýalyň razylygysyz öýlenmek maksadynda ony ogurlamak, şonuň ýaly-da, aýalyň äre barmagyna päsgel bermek hem jenaýat hasaplanýar.

Şu jenaýatyň ediliş motiwi jenaýaty kwalifisirlemekde ähmiýete eýe däl.

Ähli adamlar kanunyň öňünde deň we hiç hili kemsitmelersiz kanun bilen deň goralmak hukugyna eýedirler. Şu mynasybetli her hil kemsitmeler kanun ýoly bilen gadagan edilmeli we kanun ähli şahslara haýsy-da bolsa bir alamat boýunça, aýdaly, jynsy, derisiniň reňki, dili, dini, syýasy ýa-da başga ygtykady, milli ýa-da sosial gelip çykyşy, emläk derejesi, dogluşy ýa-da başga şertler boýunça kemsitmelere garşy deň we netijeli goragy kepillendirmelidir.

**Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara paktyň 26-njy maddasy**

**Adam söwdasy jenaýaty boýunça jebir çekenleriň ekspluatasiýa prosesi**

- Önümçilik we oba hojalyk işlerinde peýdalanmak
- Öý hojalyk işlerinde peýdalanmak
- Dilegçilige mejburlamak
- Emeli enelik we çaga dogurmaga mejburlamak
- Mejbury nika, jynsy azatlygyna garşy hereketler
- Adam dokumalaryny transplantasiýa etmek

Aglaba ýagdaýlarda jenaýat aýalyň ata-enesi, aga-inisi, dogan-jigileri, ýakyn garyndaşlary, giýewi tarapyndan edilýär.



Aýaly äre barmaga ýa-da nikada bile ýaşamagy dowam etdirmäge mejbur etmek diýende oňa görä fiziki ýa-da ruhy sütemkärlik ulanylmagyny düşünmeli.

## Adam ogurlamak

Şu jenaýatyň obýekti adamyň azatlygy, ýagny islän ýerinde bolmak, islänçe geýinmek, halan zadyny iýmek we başga azatlyklar hasaplanýar.

Bu jenaýata kodeksiň 245-nji maddasynda nazarda tutulan ýagdaýlardan daşary ähli görnüşdäki adam ogurlamalar girýär.

Adam azatlygyndan mahrum edilen wagtdan başlap jenaýat tamamlanan, diýlip hasaplanýar.



## Zorluk ulanyp bikanun ýagdaýda azatlykdan mahrum etmek

Derňelýän jenaýatyň obýekti jebir çekeniň şahsy azatlygy hasaplanýar. Jenaýatyň obýektiw tarapy zorluk ulanyp bikanun ýagdaýda şahsy hereket etmek azatlygydan mahrum etmek, jebir çekene görä fiziki ýa-da ruhy zorluk ulanmak, onuň nirerde bolmagyny erkin saýlamak hukugyny çäklendirmek ýaly hereketleri etmekde aňladylýar.

Jebir çeken azatlykdan mahrum edilen wagtdan başlap jenaýat tamamlanan, diýlip hasaplanýar. Şu jenaýat bilkastlaýyn tamagirlik niýetinde edilmegi bilen tapawutlanýar.

## Töhmet

Öwrenilýän jenaýat üç bölekden ybarat. Töhmetiň obýekti şahsyň mertebesi we gadyr-gymmaty hasaplanýar. Mertebe adamyň içki ahlak gadyr-gymmaty, halallygy, asyllylygy, wyždany, umuman alanda, mertebe — adamyň ruhy taýdan we sosial sypatlaryny kesgitleýän düşünje. Jenaýat töhmetiň ýalanlygyny bilip, başga şahsy şermende edýän toslamalary ýaýratmakda aňladylýar. Anyk delillere yşarat edilmedik, umumy maglumatlary äşgär etmek töhmet hasaplanmaýar. Toslamalary ýaýratmak usuly her hili, meselem, dilden, ýazuw üsti bilen, käbir teswir görnüşindäki parça we başgalar bolmagy mümkin. Jenaýat ýalandygy öňünden aýan bolan maglumatlar ýaýradylan wagtdan başlap tamamlanan hasaplanýar.

Adamy ogurlamak diýende, adamyň gizlinlikde, aç-açan ýa-da aldamak ýa-da ynamyna hyýanat etmek ýoly bilen şahsy azatlygyndan mahrum edilmegini düşünmeli.



Töhmetçi bir sagatda bir aýa ýetýän pitne gozgaýar.

**Alyşir Nowaýy**

Her kim öz mertebesine we abraýyna edilen hüjümlerden, şahsy durmuşyna gatyşmadan goralmak we ýaşaýyş jaýynyň el degrilmesizligi hukugyna eýe.

Hiç kim kanun nazarda tutan ýagdaýlardan we tertipden daşary biriniň ýaşaýyş jaýyna girmegi, öýüni dökmegi ýa-da ony gözden geçirmegi, ýazyşmalar we telefonda gepleşikler syryny äşgär etmegi mümkin däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 27-nji madda**

## Dil ýetirmek

Dil ýetirmek şahsyň mertebesini we gadyr-gymmatyny biedeplik bilen kastdan göwnüne degmekden ybaratdyr. Dil ýetirmek dilden ýa-da ýazuw üsti bilen ýagdaýda bolmagy mümkin. Şahsyň mertebesine we gadyr-gymmatyna biedeplik bilen dil ýetirmäge gönükdirilen hereket edilen wagtdan başlap jenaýat tamamlanan hasaplanýar.

Dil ýetirmek adatda gönüden-göni edilýär, emma jebir çeken bu hakda habar tapýar, diýen takmyn bilen gaýybana edilmegi-de mümkin. Dil ýetirmek aralykçy arkaly amala aşyrylmagy mümkin. Göwnüne degmek her hili bolmagy mümkin, emma olaryň hemmesi-de dil ýetirme bolubermeýär. Dil ýetirme hemişe mälim bir şahsa gönükdirilen bolýar.

Adamyň gadyr-gymmaty diýende, dünýäraýşynyň derejesi, akyl-paýhasy, durmuş terzi ýaly adamyň obýektiw taraplaryny tassyklaýan gowy sypatlar ýygyndysyna düşünmeli.

## Raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlar

Raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlaryň düzümine ýurdumyz Konstitusiýasynda kesgitlenen hukuk bozma ýaly jenaýatlar girýär. Bular:

### Döredijilikli iş

1. Töhmet we dil ýetirmegiň bir-birinden tapawudy nämeden ybarat?
2. Aşakdaky ýagdaýlardan haýsy birini töhmet, haýsy birini dil ýetirme diýip häsiýetlendirmek mümkin?

*A. köpçüligiň öňünde G. atly ýoldaşyny: «Sen düýn meniň mobil telefonymdan peýdalanyp, gaýtaryp bermediň. Sen ogrusyň!» diýip aýplady. G. bolsa özüni aklamak üçin: «Men seniň telefonyňy alamok, maňa-da düýn edil şeýle telefon sowgat etdiler», diýip jogap berdi.*

*Aslynda A. özüniň telefonyny sport geýminiň jübüsinde galdyran, telefony bolsa zarýadsyzlanyp galany üçin işlemän eken.*

Raýatlar deň hukuklylygynyň bozulmagy olara öz hukuklaryny amala aşyrmak mümkinçiligini bermezlik ýa-da olaryň öz hukuklaryny amala aşyrmaklaryna päsgel bermekden (meselem: jynsy, milleti we ş.m. gelip çykyp, işden boşatmak, ýaşaýan ýerine hasaba alynmagyna, işe kabul edilmegine, okuwa girmegine ýol bermezlik) ybarat bolmagy mümkin.

- raýatlaryň deň hukuklygyny bozmak;
- şahsy durmuş el degrilmesizligini bozmak;
- raýatlaryň ýaşaýyş jaý el degrilmesizligini bozmak;
- hat-ýazyşmalar, telefonda gepleşme, telegraf habarlary ýa-da başga habarlaryň syr saklanyş tertibini bozmak;
- fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri baradaky kanun namalaryny bozmak;
- wyždan azatlygyny bozmak;
- saýlaw ýa-da referendum guramak, olary geçirmek baradaky kanun namalaryny bozmak;
- saýlaw hukugynyň ýa-da ynamly wekil ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagyna päsgel bermek;
- zähmet çekmek hukugyny bozmak;
- awtorlyk ýa-da oýlap tapyjylyk hukuklaryny bozmak.

## Raýatlaryň deň hukuklylygyny bozmak

Şu jenaýatlaryň obýekti raýatlaryň şahsy hukuklary we azatlyklarydyr.

Raýatlaryň deň hukuklylygyny bozmak jenaýat jynsyna, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna,



ygtykady, şahsy ýa-da sosial ýagdaýyna seretmezden raýatlaryň hukuklaryny bozmak ýa-da çäklendirmek ýa-da raýatlara gönüden-göni artykmaçlyklar bermekde aňladylýar.

## Şahsy durmuşyň el degrilmesizligini bozmak

Bu jenaýat şahsyň şahsy ýa-da maşgala syryny düzýän şahsy durmuşy baradaky maglumatlary onuň razylygyny almazdan ýygmak ýa-da ýaýratmakda aňladylýar.

## Raýatlaryň ýaşaýyş jaý el degrilmesizligini bozmak

Jenaýat ýaşaýjylaryň erkine garşy zorluk ulanyp, bikanun ýagdaýda ýaşaýyş jaýyna çozup girmegi.

## Hat ýazyşmalar, telefonda gepleşme, telegraf ýa-da başga habarlaryň syr saklanyşy tertibini bozmak

Jenaýat şahslaryň poçta-telegraf habarlary ýa-da telefonda gepleşigiň mazmuny we başgalar bilen bikanun tanyşmakda ýa-da raýatlaryň hatlaryny, telegrammalaryny, telefaks arkaly, elektron poçta we ş.m. arkaly habar edilýän maglumatlary şu informasiýalaryň eýesiniň razylygyny almazdan äşgär edilmegi.

## Raýatlaryň ýüzlenmeleri baradaky kanun namalaryny bozmak

Şu madda raýatlaryň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda kesgitlenen arza bermek, döwlet häkimiýet organlary, kärhanalary, edaralary we jemgyýetçilik durmuşynyň başga ugurlarynyň işini erkin tankyt etmek hukugyny jenaýat hukugy tarapyndan goramagyň möhüm serişdesi hasaplanýar.

Bikanun ýagdaýda çozup girmek diýende, günäkär şahsyň ýa-da ýaşaýyş jaý eýesiniň rugsadyny alman şahsyň ýaşaýyş jaýyna özdiýenlilik bilen çozup girmäge gönükdirilen hereketleriniň (meselem, bikanun ýagdaýda göçürmek, rugsatnamasyz öýüni dökmek, özgäniň ýaşaýyş jaý meýdanyna özbaşdaklyk bilen göçüp girmek we ş.m.) edilmegine düşünmeli.

Jenaýat raýatlaryň ýüzlenmeleri baradaky kanuny bozmaga gönükdirilen her hili hereketler bolup, ol raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň kanun bilen goralýan hukuklaryna uly zyýan ýetirmegi.

## Wyždan azatlygyny bozmak

Jenaýat dini guramalaryň kanuny işine ýa-da dini däp-dessurlaryň geçirilmegine päsgel bermekde aňladylýar. Wyždan azatlygy dini işiň diňe kanun çäginde amala aşyrylmagydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslary dini guramalara çekmek, dini guramanyň işinde gatnaşmaga boýun etmäge gönükdirilen etmiş edilen wagtdan başlap tamamlanan jenaýat, diýlip ykrar edilýär.

Kanuna ters ýagdaýda dini taglymata okatmak diýende kämillik ýaşyna ýetmedik şahslara olaryň islegine garşy, ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslaryň erk-islegine garşy din baradaky bilimleri siňdirmegiň her hili görnüşlerine düşünmeli.

Hemme üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Her bir adam islän dine uýmak ýa-da hiç haýsy dine uýmazlyk hukugyna eýe. Dini garaşyşlary mejburlap siňdirmäge ýol berilmeýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 31-nji madda**

## Saýlaw ýa-da referendum guramak, olary geçirmek baradaky kanunlary bozmak

Raýatlaryň erkin ses bermek hukugy, saýlawlary ýa-da referendumlary guramagyň, geçirmegiň kesgitlenen tertibine garşy hereket ýa-da hereketsizlikdir.

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary jemgyýetçilik we döwlet işlerini dolandyrmaga gönüden-göni hem-de öz wekilleri arkaly gatnaşmak hukugyna eýedirler. Şeýle gatnaşmak öz-özüni dolandyryş, referendumlar geçirmek we döwlet organlaryny demokratik terzde guramak, şonuň ýaly-da döwlet organlarynyň işiniň üstünden jemgyýetçilik gözegçiligini ösdürmek we kämilleşdirmek ýoly bilen amala aşyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy 32-nji madda**

Jenaýat:
1) ses bermegiň gizlinligini bozmaga;
2) saýlaw ýa-da referendum resminamalaryny galplaşdyrmaga;
3) saýlaw ýa-da gol goýulýan listlere galp ýazuwlary girizmäge;
4) saýlaw ýa-da referendum guramak, olary geçiren wagtynda berlen sesleri bilgeşleýin nädogry hasaplamaga gönükdirilen hereketleri etmek.

Jenaýatyň saýlaw ýa-da referendum guramaga, olary geçirmäge gatnaşýan wezipeli şahslar, syýasy partiýalar, raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlarynyň wekilleri, inisiator toparlar, saýlaw komissiýalarynyň ýa-da referendum komissiýalarynyň agzalary tarapyndan edilmegi mümkin.





Soňra, nirede deňlik abanyp durar bolma ýasamaniň, satlyk göwünniň, gaýgy-gamniň bagtsyzlyky.

## Saýlaw hukugynyň ýa-da ynamly wekiliň ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagyna päsgel bermek

Jenaýatyň obýekti – adamyň saýlamak ýa-da saýlanmak, saýlawdan öňki wagyz işlerini alyp barmak, referendumy geçirmäge gatnaşmak kandidatyň ynamly wekilleriniň ygtyýaryklaryny amala aşyrmak hukugyny

### Döredijilikli iş



Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň ýörite bölümlerinde VI-VII baplarynda berlen maddalary okaň.

1. Şu jenaýatlaryň subýektlerini we subýektiw taraplaryny anyklaň.
2. Şu jenaýatlaryň obýektlerini we obýektiw taraplaryny anyklaň.
3. Şu bapda görkezilen jenaýatlaryň öňüni almak üçin nähili çäreler görmeli diýip oýlaýarsyňyz?
4. Jenaýat etmezlik üçin şahsyň hukuk aňy ýa-da hukuk medeniýeti ýokary bolmalymy? Jogabyňyzy esaslandyryň.

üpjün edýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Jenaýat zorluk ulanmak, gorkuzmak, aldamak ýa-da aldap yrmak ýoly bilen raýatlaryň öz saýlaw hukuklaryny erkin amala aşyrmaklaryna päsgel bermekde ýa-da deputatlyga ýa-da Özbegistan Respublikasy Prezidentligine dalaşgäriň ynamly wekilleriniň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagyna päsgel bermekde aňladylýar.



## Zähmet çekmek hukugyny bozmak

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda raýatlaryň zähmet çekmek hukugy kepillendirilen.

### Döredijilikli iş



1. Berlen ýagdaýlardan, adam mertebesine we gadyr-gymmatyna garşy jenaýatlary tapawutlandyryň.
2. Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 17-nji maddasyna esaslanyp, şu jenaýatlaryň subýektlerini anyklaň.
3. Jenaýat edilmeginiň subýektiw taraplaryny anyklaň.

*1) Buhara welaýat IIM işgärleri tarapyndan alnyp barylan tiz soraşdyrmak çäreleri dowamynda Buhara tümeniniň Gülşenabat ORÝ-da ýaşaýan, 1969-njy ýylda doglan, öň sud edilen F.Najmetdinowa Kagan şäheriniň Istiklol MRÝ-da ýaşaýan raýat N.G. hem-de Şofirkon tümeniniň Kalmakon ORÝ-da ýaşaýan, öň sud edilen G.Ý-lary Taýland döwletinde bedenini satmak ýoly arkaly lomaý girdeji artdyrmak mümkinligini bildirmek bilen gyzyklandyryp, daşary ýurda barmak üçin edilýän harajatlar, ýagny ol ýerde iýip-içmek hem-de kärendä ýaşamak üçin edilýän sarp-harajatlaryň hemmesini özi tölejekdigini aýdypdyr.*

*2) Tümen wekillik organlaryna saýlawdan öňki wagyz işlerini alyp barýan N.-iň ynamly wekilleri Gülabat mähellesindäki raýatlara N.-e ses bermekleriniň öwezine mähelle ilatyna dürli azyk önümlerini paýlady. Tümen wekillik organyna öz kandidaturasyny goýan H. N.-iň bu hereketlerinden närazy bolup suda şikaýat etdi.*

*3) Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslar Internet arkaly synpdaşlary barada töhmet maglumatlary ýerleşdirip, ruhy taýdan zyýan ýetirdiler.*

Esasy Kanunyň 37-nji maddasynda: «Her bir şahs zähmet çekmek, erkin kär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goralmak hukugyna eýedir», diýilýär.

Şu jenaýatyň obýekti raýatlaryň Konstitusiýa bilen kepillendirilen zähmet çekmek hukugy hasaplanýar. Jenaýatyň subýekti işe kabul etmek ýa-da işden boşatmak hukugyna eýe bolan şahs bolmagy mümkin.

## Awtorlyk ýa-da oýlap tapyjylyk hukuklaryny bozmak

Raýatyň intellektual emlägini goramaga bolan konstitusion hukugy, hususan-da, awtorlyk ýa-da oýlap tapyjylyk hukugynyň bozulmagydyr.

Jenaýat awtorlyk hukugyny özleşdirmek, awtordaşlyga mejburlamak, şonuň ýaly-da, pikir emlägi obýektleri baradaky maglumatlary olar resmi taýdan hasaba alynýança ýa-da yglan edilýänçe awtoryň razylygyny almazdan äşgär edilmeginde aňladylýar.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Raýatlaryň ýaşaýyş jaý el degrilmesizligini bozanlyk üçin jogapkärlige çekmegiň şertleri nämelerde aňladylýar?
2. Raýatlaryň hususy durmuşy baradaky maglumaty ýaýratmak jenaýat jogapkärline esas bolarmy? Pikiriňizi esaslandyryň.
3. Saýlaw hukugyny ýa-da ynamly wekil ygtyýarlyklaryny amala aşyrmaga päsgel bermek hereketleri nämelerde aňladylýar?
4. Kämillik ýaşyna ýetmedik 16 ýaşly şahs biriniň hatyny soraman okamagy we mazmunyny dostlaryna gürrüň berenligi üçin jogapkärlik barmy?

Her kime ylmy we tehniki döredijilik azatlygy, medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmak hukugy kepillendirilýär. Döwlet jemgyýetiň medeni, ylmy we tehniki ösüşine gamhorlyk edýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 42-nji maddasyndan**



# 12-§ Maşgala, ýaşlara we ahlaga garşy jenaýatlar

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmekden boýun towlamak.
- Ene-atany maddy üpjün etmekden boýun towlamak.
- Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jemgyýete garşy hereketlere çekmek.



Ata-eneler öz perzentlerini kämillige ýetýänçe bakmaga we terbiýelemäge mejburdyrlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasyndan**

## Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmekden boýun towlamak

Şu jenaýatyň obýekti kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslaryň bähbitleri, ýagny olaryň saglygy, normal fiziki ösüşi we suduň çözüji kararyna görä serişde almak hukugyna eýe şahslaryň maddy üpjünçiligi hasaplanýar.

Jenaýat suduň çözüji kararyna ýa-da buýrugyna görä maddy kömege mätäç bolan kämillik ýaşyna ýetmedik we zähmete ukypsyz şahslary bakmak üçin töledilýän serişdeleri jemi iki aýdan artyk möhletiň dowamynda tölemezlikde aňladylýar.

Suduň kanuny güýje giren çözüji kararyna görä maddy kömege mätäç bolan kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary bakmak üçin töledilmeli bolan serişde jemi üç aýyň dowamynda tölenmedik ýagdaýda jenaýat tamamlanan diýip hasaplanýar. Jenaýat kastdan edilýär.

Şu jenaýatyň subýekti suduň çözüji kararyna görä maddy kömege mätäç kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da

**122-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmekden boýun towlamak**

Maddy kömege mätäç bolan kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahsy maddy üpjün etmekden boýun towlamak, ýagny olary maddy taýdan üpjün etmek üçin suduň çözüji kararyna görä töledilmeli bolan serişdäni jemi bolup üç aýdan artyk möhlet dowamynda tölemezlik, iň kem aýlyk iş hakynyň elli essesine çenli mukdarda jerime ýa-da üç ýüz sagada çenli mejbury jemgyýetçilik işleri ýa-da iki ýyla çenli ahlak düzediş işleri ýa-da bir ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da bir ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar.

Şol etmiş howply residiwist tarapyndan edilen bolsa, üç ýüz sagatdan üç ýüz altmyş sagada çenli mejbury jemgyýetçilik işleri ýa-da iki ýyldan üç ýyla çenli ahlak düzediş işleri ýa-da bir ýyldan üç ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmek wezipesi üstüne ýüklenen 18 ýaşyny dolduran, akyly ýerinde islendik şahs (ata-eneler, perzentlige alyjylar) bolmagy mümkin. Şahsy ata-enelik hukugyndan mahrum etmek alimentleri tölemekden azat etmeýär.



Ata-ene kämillige ýeten zähmete ukypsyz, kömege mätäç çagalaryna üpjünçilik bermegi hökmanydyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Maşgala kodeksi, 100-nji maddasy, birinji bölüm**

## Ene-atany maddy üpjün etmekden boýun towlamak

Suduň çözüji kararyna görä zähmete ukypsyz we maddy kömege mätäç bolan ene-atany ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslary maddy üpjün etmek üçin töledilýän serişdäniň kämillik ýaşyna ýeten şahslar tarapyndan jemi üç aýdan artyk möhlet dowamynda tölemezliginde aňladylýar.

Jenaýat bilkastlaýyn edilýär. Jenaýatyň ediliş motiwi we gözlenýän maksat ony kwalifisirlemekde ähmiýete eýe däldir.

Jenaýatyň subýekti suduň çözüji kararyna görä ata-enelerini ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslary maddy üpjün etmek borjy ýüklenen kämillik ýaşyna ýeten süýtdeş perzentler, perzentlige alnan ogullar we gyzlar, öweý ogullar we gyzlar bolmagy mümkin.

Kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ukyply perzentler öz ata-eneleri barada gamhorlyk etmäge mejburdyrlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 66-njy maddasy**

**123-nji madda. Ene-atany maddy üpjün etmekden boýun towlamak**

Kämillik ýaşyna ýeten şahslaryň zähmete ukypsyz we maddy kömege mätäç bolan ene-atany ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslary maddy üpjün etmekden boýun towlamagy, ýagny olary maddy taýdan üpjün etmek üçin suduň çözüji kararyna görä töledilmeli bolan serişdäni jemi üç aýdan artyk möhlet dowamynda tölemezligi, — iň kem aýlyk iş hakynyň elli essesine çenli mukdarda jerime ýa-da üç ýüz altmyş sagada çenli mejbury jemgyýetçilik işleri ýa-da üç ýyla çenli ahlak düzediş işleri bilen jezalanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

## Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jemgyýete garşy hereketlere çekmek

Bu jenaýatyň obýekti kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň normal, ahlak ösüşi, onuň saglygy hem-de jemgyýetçilik howpsuzlygy we tertibi hasaplanýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleri spirtli içgiler içmäge, neşekeşlik ýa-da psihotrop hasaplanmadyk, ýöne adamyň akyl-paýhasyna täsir edýän serişdeleri we maddalary ulanmaga çekmek diýende, kämillik ýaşyna ýeten şahsy ýokarda ady agzalan içgileri, serişdeleri we maddalary birnäçe gezek ulanmagy öwretmek ýa-da olary kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin birnäçe gezek alynmagy we kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy aldamak, myhman almak, aldap yrmak ýaly ýollar bilen şu predmetleri ulanmaga boýun etmäge gönükdirilen hereketlerini düşünmeli.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jenaýata çekmek diýende kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa görä fiziki zorlugy ulanmak ýa-da oňa ruhy täsir geçirmek, gorkuzmak, pul berip aldamak, yrmak, öç almak, göriplik, gabanmak duýgularyny we başga erbet niýetlerini gozgamak, jenaýat etmegi teklip etmek, ogurlanan zatlary satyn almak







Dilegçilik etmek diýende, kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy keseki şahslardan pul, azyk, egin-eşik we ş.m. diläp, sorap almaga çekmegi düşünmeli.

ýa-da satyp bermegi wada etmek, jenaýat edilýän ýerini we usullary ýa-da jenaýat yzlaryny gizlemek barada maslahatlar bermek ýoly bilen onuň bir ýa-da birnäçe jenaýatlaryň edilmegine gatnaşmak niýetini höweslendirmäge gönükdirilen hereketler we jenaýat etmäge yrmak maksadynda kämillik ýaşyna ýetmedik şahslar bilen spirtli içgiler içilmegine düşünmeli.

**127-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jemgyýete garşy hereketlere çekmek**

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy dilegçilige, spirtli içgileri içmäge, neşekeşlik ýa-da psihotrop hasaplanmadyk, ýöne adamyň akyl-paýhasyna täsir edýän serişdeleri we maddalary ulanmaga çekmek, şeýle hereketler üçin administratiw jeza ulanylandan soň edilen bolsa, — iň kem aýlyk iş hakynyň ýüz essesinden iki ýüz essesine çenli mukdarda jerime ýa-da üç ýüz altmyş sagada çenli mejbury jemgyýetçilik işleri ýa-da iki ýyla çenli ahlak düzediş işleri ýa-da bir ýyldan üç ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýarýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy neşekeşlik serişdeleri ýa-da psihotrop maddalary ulanmaga çekmek — üç ýüz altmyş sagatdan dört ýüz segsen sagada çenli mejbury jemgyýetçilik işleri ýa-da üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jenaýat etmäge çekmek, şonuň ýaly-da şu maddanyň ikinji böleginde nazarda tutulan hereketler:

a) öň neşekeşlik serişdeleri ýa-da psihotrop maddalary bikanun ýagdaýda dolanyşyga çykarmak bilen bagly islendik jenaýaty eden şahs tarapyndan;

b) iki ýa-da ondan artyk kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa görä;

ç) okuw mekdeplerinde ýa-da okuwçylar, talyplar okuw-terbiýe, sport ýa-da jemgyýetçilik çäreleri geçirilýän başga ýerlerde edilmegi — bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

Enäň pentlerine sen kylgyl amal,
Gezersiň bagtyýar bolup her mahal.
Enäňi, ataňy guwandyr tamam,
Bu hikmet ýetirer dilege mydam.

**Ýusuf Has Hojib**

Jenaýat bilkastlaýyn edilýär, ýagny günäkär kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jemgyýete garşy herekete çekilýändigini bilýär we şeýle bolmagyny isleýär. Şol bir wagtda diňe günäkär jemgyýete garşy herekete çekilýän şahsyň kämillik ýaşyna ýetmedikligini bilen ýagdaýda ony şu madda boýunça jenaýat jogapkärligine çekmek mümkindigine üns bermeli.

Şu jenaýatyň subýekti 18 ýaşyny dolduran islendik akyly ýerinde şahs bolmagy mümkin.

Ýaş çagadan peýdalanmak bilen jenaýat etmek JK 56-njy maddasynyň «j» bendine görä jezany agyrlaşdyryjy ýagdaý diýip hasaplanýar we jeza bellenen wagtynda sud tarapyndan hasaba alynýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmekden boýun towlamak düşünjesi we ony edenlik üçin jenaýat jogapkärligi meselesi nähili bolýar?
2. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da zähmete ukypsyz şahslary maddy üpjün etmek jenaýatyndan ene-atany maddy üpjün etmekden boýun towlamak jenaýatynyň tapawudy nämeden ybarat?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy jemgyýete garşy hereketlere çekmek diýende nämeleri düşündiňiz?

# 13-§ Parahatçylyga we howpsuzlyga garşy jenaýatlar







**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar. Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlar.
- Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyna hüjüm etmegiň hukuk netijeleri.

## Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar

Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň VIII baby parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar, IX baby bolsa Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlar diýlip atlandyrylýar. Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlara urşy wagyz etmek, agressiýa, urşuň kada-kanunlaryny bozmak, genosid, daşary ýurtlaryň harby gullugyna, howpsuzlyk, polisiýa, harby adalat organlary ýa-da şoňa meňzeş başga organlaryna gulluga girmek, hakyna işlemek, terrorizm, taýýarlanýan ýa-da edilen terrorçylyk hereketleri baradaky maglumatlary we faktlary habar bermezlik, terrorçylyk işini amala aşyrmak maksadynda okuwdan geçmek, çykmak ýa-da hereketlenme, terrorizmi maliýeleşdirmek, milli, jynsy, etniki ýa-da dini duşmançylyk gozgamak girýär.

Şu jenaýatlaryň obýekti islendik döwlet ösüşi we durmuş işini amala aşyrmagyň şerti bolan parahatçylyk we asuda-agzybir ýaşamak, adamzadyň ýaşaýyş hukugy hasaplanýar.

Gapyl adam göz
ýumut gaflat
ukusyna batýar,
eý gujurly mert,
gapyl bolma,
hüşgär bol.

**Ýusuf Has Hojib**

## Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlar

Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlara döwlete haýynlyk etmek, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine hüjüm etmek, Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyna hüjüm etmek, içalylyk, ýykgynçylyk, döwlet syrlaryny äşgär etmek, döwlet syry ýa-da harby syr hasaplanýan resminamalary ýok etmek ýalylar girýär.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine hüjüm etmek Jenaýat kodeksiniň «Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlar» babyna girizilenligi ýöne ýerden däl, çünki Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti raýatlarynyň hukuklaryna we azatlyklaryna, Konstitusiýa we kanunlara amal edilmeginiň kepilidir.

Jenaýat obýekti Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň durmuşy, saglygy, mertebesi we gadyr-gymmatydyr. Prezidente köpçüligiň öňünde dil ýetirmek ýa-da oňa töhmet etmek dil ýetirme ýa-da töhmet häsiýetli hereketler edilen wagtdan başlap tamam bolan jenaýat diýlip hasaplanýar.

Jenaýat kastdan edilýär. Jenaýatyň motiwi we maksady onuň kwalifikasiýasy üçin ähmiýetli däl.

## Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyna hüjüm etmek

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda «Konstitusion gurluş» adalgasynyň ulanylmagy häzirki zaman konstitusion hukuk ylmynda ykrar edilen şu terminden aglaba döwletlerde giňden peýdalanylýandygy bilen düşündirilýär.

Konstitusion gurluşy häsiýetlendirende ýurduň ykdysady ýagdaýy, jemgyýet agzalarynyň durmuş ýörelgesi we sosial ýagdaýy, bar milli däpler we gymmat-

**Döredijilikli iş**

Berlen suratlardaky adamlaryň durmuşy we işi parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlaryň obýekti bolup bilermi?







lyklaryň mazmuny, döwlet häkimiýetiniň mazmuny, dolandyryş şekli we usullary, adam hukuklaryna we azatlyklaryna bolan gatnaşyk, raýatlyk institutlarynyň ösüş derejesi, halkyň syýasy-hukuk aňy we pikirlenmesi hem-de adamyň kämilligi ýaly ençeme faktorlar hyzmat edýär.

Konstitusion gurluş mazmun taýdan Konstitusiýada kesgitlenen normalaryň tebigatyna laýyk gelip, olaryň amalda bolmagy konstitusion gurluşyň berkararlygyny üpjün edýär.

Konstitusion normalar esasynda konstitusion gurluş goralýar, ýagny kanunlar arkaly berkidilip goýlan jemgyýetçilik durmuşyna degişli ähli jemgyýetçilik gatnaşyklary üznüksiz dowam edýär.

Konstitusion gurluşyň hukuk kepili bolan Konstitusiýa we kanunlaryň ileri tutulmagy, olarda adam hukuklarynyň we azatlygynyň iň ýokary gymmatlyk

Bir artykmaç hukuklylyklariň из gowy boluşlariň tomyna ybarat bolarky, näme olarlar duşyna mertebesinbeýgeltarlar we meýil döretarlar ee gowylarra işlarra.

**Jan Jak Russo**

**159-njy madda. Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyna hüjüm etmek**

Özbegistan Respublikasynyň amaldaky döwlet gurluşyny Konstitusiýa ters ýagdaýda üýtgetmäge, häkimiýeti basyp almaga ýa-da kanuny ýagdaýda saýlanyp goýlan ýa-da bellenen häkimiýet wekillerini häkimiýetden daşlaşdyrmaga ýa-da Özbegistan Respublikasynyň çäk taýdan bitewiligini Konstitusiýa ters ýagdaýda bozmaga aç-açan çagyrmak, şonuň ýaly-da, şeýle mazmundaky materiallary ýaýratmak maksadynda taýýarlamak, saklamak ýa-da ýaýratmak — iň kem aýlyk iş hakynyň alty ýüz essesine çenli mukdarda jerime ýa-da iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar...

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

hökmünde berkidilişi, halkara hukugyň umum ykrar edilen normalarynyň ykrar edilmegi ýaly düzgünler bu günki günde konstitusionalizmiň esasy hökmünde garalýar.

Konstitusion gurluşa gönükdirilen jenaýatçylykly hereketler konstitusion normalar esasynda konstitusion gurluş goralýar, ýagny kanunlar arkaly berkidilip goýlan jemgyýetçilik durmuşyna degişli ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Jenaýat kastdan edilýär. Jenaýat etmekden maksat Özbegistan Respublikasynyň bar konstitusion gurluşyny üýtgetmekdir. Jenaýatyň motiwleri dürlüçe bolmagy mümkin, ýagny bar konstitusion gurluşa, kanuny saýlanyp goýlan döwlet ýolbaşçylaryna ýigrenç bilen garamak we başgalar. Bu hereketler daşary ýurt döwletleriniň tabşyrmagyna görä edilen ýagdaýda, günäkär döwlete haýynlyk edenligi üçin hem jogapkär bolýar.

Gowy adamlar kanun -a mätäç bolma, a erbetlar kanundan -dan emele gelma.

**Aflotun**

**159-njy madda. Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyna hüjüm etmek**

...Häkimiýet konstitusion organlarynyň kanuny işine päsgel bermek ýa-da olary Konstitusiýada nazarda tutulmadyk parallel häkimiýet gurluşlary bilen çalşyrmaga gönükdirilen sütemkärlik hereketleri, şonuň ýaly-da, döwlet häkimiýetiniň ygtyýarly organlarynyň Özbegistanyň Konstitusiýasynda nazarda tutulmadyk tertipde düzülen häkimiýet gurluşlaryny dargadyp goýbermek baradaky kararlaryny bellenilen möhletde ýerine ýetirmezlik — iň kem aýlyk iş hakynyň iki ýüz essesinden alty ýüz essesine çenli mukdarda jerime ýa-da üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlygy çäklendirmek ýa-da üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar...

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

Pitne – iki ýa-da ondan artyk şahslaryň häkimiýeti basyp almak ýa-da konstitusion gurluşy agdaryp taşlamaga gönükdirilen jenaýatçylykly hereketi amala aşyrmak üçin öz güýçlerini birleşdirmäge ylalaşylmagydyr.

Häkimiýeti basyp almak ýa-da Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyny agdaryp taşlamak üçin jenaýatçylykly topar düzülen wagtdan başlap, jenaýatçylykly maksada ýetmäge gönükdirilen hereket edilendigine ýa-da edilmändigine seretmezden, pitne gutarnykly jenaýat diýip hasaplanýar. Berlen maddada döwlet üçin howply netijeleriň ýüze çykmagyny aradan aýyrmak, ýagny häkimiýeti basyp almak ýa-da konstitusion gurluşy agdaryp taşlamagyň öňüni almak maksadynda pitne barada häkimiýet organlaryna meýletin ýagdaýda habar bermek höweslendirilýär.

Içalylyk, ýykgynçylyk, döwlet syrlaryny äşgär etmek, döwlet syry ýa-da harby sir hasaplanýan resminamalary ýok etmek ýaly jenaýatlar hem ýurdumyzyň konstitusion gurluşyna garşy jenaýatlar toparyna girýär.

**159-njy madda. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion gurluşyna hüjüm etmek**

...Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleginde nazarda tutulan etmişler:

a) gaýtadan ýa-da howply residiwist tarapyndan;

b) guramaçylykly topar tarapyndan ýa-da onuň bähbitlerini gözlemek bilen edilen bolsa, — bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek bilen jezalandyrylýar.

Häkimiýeti basyp almak ýa-da Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyny agdaryp taşlamak maksadynda pitne guramak — pitne barada häkimiýet organlaryna meýletin ýagdaýda habar beren şahs, eger-de, görülen çäreler netijesinde pitnäniň öňi alnan bolsa, jezadan azat edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksi**

## «Şeýle halky ýeňip bolmaýar»

Frans Kafka:

— Nähili kitap okaýarsyňyz?

— «Daşkent — çörek şäheri»…

— Ajaýyp kitap. Ýakynda men ony bir gijede okap çykdym.

— Meniňçe, bu kitap sungat eserinden görä köpräk resminama meňzeýär.

— Islendik çynlakaý sungat — resminama, şaýatnama. Şeýle çagalary bar halky, edil bu kitapdaky ýaly, ýeňip bolmaýar.

— Ýöne gep, niçik-de bolsa, sonda bolmasa gerek.

— Tersine! Materiýanyň görnüşi atomdaky elektronlaryň sany bilen kesgitlenýär. Köpçüligiň derejesi sanagly adamlaryň aňlylygyna bagly.

*Çehiýaly sazanda we edebiýatçy Gustaw Ýanouhyň*
*«Kafka bilen söhbetler»inden saýlanan käbir parça.*

## Soraglar we ýumuşlar

1. Ýokarda berlen tekstdäki «Şeýle çagalary bar halky, edil bu kitapdaky ýaly, ýeňip bolmaýar», jümlesini düşündirjek boluň. Pikiriňizi bagrygiňlik, ynsanperwerlik, ahlakly, mähri derýalyk ýaly düşünjeler arkaly düşündiriň.
2. Döwlete hyýanat etmek nämelerde aňladylýar?
3. Konstitusion gurluşa hüjüm etmek diýende nämäni düşündiňiz?
4. Parahatçylygy gorap saklamakda siziň nähili ülşüňiz bar?
5. Özbegistan Respublikasyna garşy jenaýatlar diýende nämäni düşündiňiz? Jenaýat üçin nähili jeza bellenilen?
6. Parahatçylyga we adamzada garşy jenaýatlar nähili edilýär?

# 14-§ Ykdysadyýetdäki jenaýatlar

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Özgeleriň emlägini talamak. Galp telekeçilik.
- Salgytlar ýa-da başga mejbury tölegleri tölemekden boýun towlamak.
- Elektrik, ýylylyk energiýasy, gaz, suw üpjünçiliginden peýdalanmagyň düzgünlerini bozmak.

**Emläk** – hukuk subýekti tarapyndan öz emlägine eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa hojaýynlyk etmek hukuklarynyň doly toplumydyr.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen Özbegistanyň ykdysadyýetiniň esasyny dürlüçe şekillerdäki emläk düzýändigini we döwlet sarp edijileriniň hukugynyň ileri tutulmagyny hasaba alyp, ykdysady iş, telekeçilik we zähmet çekmek azatlygyny, ähli emläk şekilleriniň deň hukuklylygyny we hukuk taýdan deň goralyşyny kepillendirmegi aýratyn bellenýär. Şunuň bilen birlikde hususy emläk başga emläk şekilleri ýaly el degrilmesiz we döwletiň goragynda diýip kesgitlenen.

## Döredijilikli iş

1. *Ýurdumyz ykdysadyýetiniň esasyny dürlüçe şekillerdäki emläk düzýär. Emläk el degrilmesizdir we ol döwlet tarapyndan goralýar, oňa edilen islendik hüjüm kanuna ters diýlip hasaplanýar.*
2. Şu düzgün Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň haýsy maddasynda bellenendigini anyklaň.
3. Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň X, XI, XII, XIII, XIII$^{1}$ baplaryny ünsli okaň. Bapda berlen ykdysadyýet ugruna degişli jenaýatlary toparlara bölüň.

## Döredijilikli iş

1. *«Emläk el degrilmesizdir we ol döwlet tarapyndan goralýar, oňa edilen islendik hüjüm kanuna ters diýlip hasaplanýar».* Şu jümläni düşündirjek boluň.
2. Berlen suratlary üns bilen synlap, emläk şekillerini tapawutlandyryň. Olardan haýsylary şahslara degişli bolmagy mümkin? Haýsylary döwletiňki bolmagy mümkin?
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 7-nji maddasynda berlen düzgüne esaslanyp, bu emläkleriň haýsylaryny halk emlägi diýmek mümkin? Pikiriňizi esaslandyryň.











Diýmek özgäniň emlägine hüjüm etmek kanun çäginde jogapkärlige çekmäge esas bolmagy mümkin.

Ykdysadyýet ugrundaky jenaýatlara özgeleriň emlägini talamak, özgeleriň emlägini talamak bilen bagly bolmadyk jenaýatlar, ykdysadyýetiň esaslaryna garşy jenaýatlar, hojalyk işi ugrundaky jenaýatlar, telekeçilik işine päsgel bermek, kanuna ters ýagdaýda gatyşmak bilen bagly jenaýatlar hem-de hojalyk ýörediji subýektleriň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine hüjüm edýän başga jenaýatlar girýär.

**Özgeleriň emlägini talamak. *Talamak*** – bu biriniň emlägini özüniň ýa-da başga şahslaryň peýdasy üçin, mülkdara ýa-da şu emlägiň başga eýesine zyýan ýetirip, kanuna ters we hak tölemän töletmekdir.

***Obýektiw tarapdan talamak*** özgäniň emlägini kanuna ters ýagdaýda, mugtuna özüniň ýa-da başga şahsyň peýdasy üçin almakda aňladylýar.

Özbegistan Respublikasynyň jenaýat baradaky kanunlary talamak bilen bagly jenaýatlara jogapkärligi bellemekde ony haýsy usulda edenligine görä bölýär.

Kanagat – haram bilen halalyň araçägini kesgitleýän wyždan kazysy.

**Hikmet**

**Talaňçylyk etmegiň gizlinligi** diýende, jenaýat emläk eýesi ýa-da emläk ynanyp tabşyrylan ýa-da ygtyýarynda duran şahsa duýdurmazdan ýa-da mülkder ýa-da emlägiň talaňçylyk edilmeginden bähbitli bolmadyk başga şahslar ýok wagtynda edilmegi düşünilýär.

Meselem, basybalyjylyk, aldawçylyk, talaňçylyk, özleşdirmek ýa-da rastrata ýoly bilen talamak, kezzaplyk, ogurlyk. Islendik talaňçylyk etmegiň zerur alamaty onuň hukuga tersligidir.

Özgäniň emlägini talaňçylyk etmegiň tamamlanan wagty talaňçylyk etmegiň şekline bagly bolýar.

Talamak subýektiw tarapdan bilkastlaýyn edilýär. Motiwi – betnebislik.

Gatnaşyga ukyply hem-de kanunda görkezilen ýaşyna dolan islendik şahs talaň etmegiň subýekti hasaplanýar.

Basybalyjylygyň gaty jemgyýetçilik howplulygy, ilki bilen, şunuň bilen bagly, ýagny bu jenaýat edilende jebir çekenleriň durmuşyna ýa-da saglygyna hem zyýan ýetirilýär ýa-da beýle zyýan ýetirilmegi üçin real howp emele gelýär we özgäniň emlägi eýeläp alynýar.

Obýektiw tarapdan basybalyjylyk özgäniň emlägini talamak maksadynda şu emlägiň eýelenmegine garşylyk görkezen şahsyň durmuşy ýa-da saglygy üçin howply bolan fiziki zorluk ulanmak ýa-da şeýle zorluk ulanmak bilen gorkuzyp hüjüm etmekde aňladylýar. Basybalyjylygyň obýekti özgäniň emlägi, raýatlaryň durmuşy we saglygydyr.

Aldawçylyk emläge garşy betnebis jenaýatlardan biri hasaplanýar. Aldawçylygyň jemgyýetçilik howplulyk aýratynlygy onuň diňe bir eýeçilige däl, eýsem eýeçilik bähbitleriniň garaşsyz şekli hökmünde ýüze çykýan başga (borçly edýän, miras bolup geçýän, ýaşaýyş jaýy ýaly) emläk gatnaşyklaryna-da hüjüm etmeginden ybarat.

Obýektiw tarapdan aldawçylyk günäkäriň mülkdardan bilen ýagdaýda, bikanun ýagdaýda özüne ýa-da ol

görkezen şahslara belli bir emlägi, emläge bolan hukugy tabşyrmagy, emläk bähbirlerini bermegi ýa-da olaryň peýdasyna belli bir emläk babatdaky hereketler etmegi talap etmekde aňladylýar.

Talaňçylygyň jemgyýetçilik howplulygy şundan ybarat, ýagny munda jenaýatçy emläge hüjüm aç-açan, şunuň bilen birlikde ornaşdyrylan tertibi, hukuklary we ahlak düzgünleri we jemgyýetiň gymmatlyklaryny äsgermezlik bilen amala aşyrylýar.

Obýektiw tarapdan talaňçylyk özgäniň emlägini aç-açan talamakda aňladylýar.

Özgäniň emlägini gizlin ýagdaýda talamak ýa-da ogurlyk ykdysadyýet ugrundaky iň giň ýaýran jenaýatlardan biridir.

Obýektiw tarapdan ogurlyk özgäniň emlägini gizlin ýagdaýda talamakda aňladylýar.

Galp telekeçilige ustawynda görkezilen işi amala aşyrmak maksadyny gözlemezden ssudalar, kreditler almak, peýdany (girdejini) salgytlardan azat etmek (salgytlary kemeltmek) ýa-da başgaça emläk peýda gazanmak maksadynda kärhanalar we başga telekeçilik guramalary düzmek girýär.

Subýektiw tarapdan jenaýat diňe bilkastlaýyn edilýär.

**Özgäniň emlägi** diýende, günäkärä kanuny ýagdaýda degişli bolmadyk emläk düşünilýär.

**Hukuga terslik** (bikanunlyk) – ulanylýan emläge görä hiç hili hukugy bolmadyk günäkär şahs tarapyndan bu emläginiň eýelenmegidir.

## Döredijilikli iş

Özgäniň emlägini talamak, basybalyjylyk, aldawçylyk, talaňçylyk, ogurlyk jenaýatlarynyň jemgyýetçilik hopwlulyk derejesini anyklajak boluň. Munda Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 15-nji maddasynyň düzgünlerine ýüzleniň.

Galp bankrotlyk jenaýaty hem bilkastlaýyn edilýär. Bu jenaýat hojalyk ýörediji subýektiň öz borçlaryny ykdysady taýdan ýerine ýetirip bilmezligi barada bilen ýagdaýda, hakykata dogry gelmeýän bildiriş bermegi kreditorlara köp mukdarda zyýan ýetirilmeginde aňladylýar.

Salgytlar ýa-da başga mejbury tölegleri tölemekden boýun towlamak jenaýaty peýda (girdeji) ýa-da salgyt salynýan başga obýektleri kastdan gizlemekde, kemeldip görkezmekde, şonuň ýaly-da döwlet tarapyndan bellenilen salgytlary ýa-da başga mejbury tölegleri tölemekden kastdan boýun towlamakda aňladylýar. Jenaýat bilkastlaýyn edilýär.

Elektrik, ýylylyk, gaz ýa-da suw üpjünçiliginden peýdalanmak düzgünlerini bozmak jenaýaty umumy peýdalanmakdaky elektrik, ýylylyk, gaz ýa-da suw üpjünçiligi pudaklaryna özdiýenlilik bilen çatylmak ýa-da elektrik, ýylylyk energiýasy, tebigy gaz, sowuk ýa-da yssy suwy hasaba alyjy esbaplaryna, şol sanda olaryň plombalaryna kastdan şikes ýetirmek, olaryň görkezijilerini üýtgetmek maksadynda daşardan gatyşmada aňladylýar. Jenaýat bilkastlaýyn edilýär.

## Döredijilikli iş

**Teksti okaň we pikir ýörediň we gatnaşyk bildiriň.**

1. A. atly şahs elektrik hasaplaýjyny yza süýşürüp goýdy.
2. G. atly şahs köçäniň başyndan geçen gaz turbasyna gizlinlikde çatylyp, teplisasyny ýyladyp başlady.

Betnebislik talaňçylyk etmegiň zerur alamaty hasaplanýar. **Betnebislik** – bu özi üçin ýa-da başga şahslar üçin maddy bähbit almak.

Adamyň iň uly duşmany — bu onuň nebsi.

**Hikmet**

## Döredijilikli iş

Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksinden ýurdumyzyň çäginde nähili umumdöwlet salgytlary, ýerli salgytlar we ýygymlar barlygyny anyklaň.

## Döredijilikli iş

Pikir ýörediň.

1. Teksti okaň we gatnaşyk bildiriň.
2. Tekste sözbaşy goýuň.
3. Siz hekaýa gatnaşyjylarynyň ýerinde bolanyňyzda nähili çemeleşen bolardyňyz?
4. Mekdebiňizde biderek ýaýp duran elektrik çyrasyny ýa-da içilýän suwy öçürip goýupdyňyzmy?

*Samarkanda gulluk sapary bilen ýola çykdyk. Sürüji maşyny 100-120 km/sagat tizlikde sürüp başlady. Yzky ýerde oturan, çemesi 60 ýaşlaryna ýeten atahan: «Oglum, maşynyň tizligini artdyrmagyň hökman däl, Samarkant hiç ýere gitmeýär, ýerinde duruberýäri», diýdi. Maşynyň sürüjisi bolsa gojanyň gepinden närazy bolan ýaly bir garap goýdy-da, tizligi peseltdi.*

*Ýolda garbanmak üçin saklandyk. Çaýhana girende elimizi ýuwduk, ýöne el ýuwulýan kranyň jürmenegi näsazlygy sebäpli suwy ýapyp bilmedik. Hälki ýoldaşymyz jürmenegi düzedip başlady. Biz ýeňil garbandyk welin, atahanymyz jürmenek bilen başagaýdy. Hemme maşyna baryp oturdy, ýöne atahan entegem krany düzedip bolmandy. Sürüjiniň takaty tak boldy, çemeli, ýükhanadan allaniçik demirleri alyp, atahanyň ýanyna geldi. Biz hem ol adama kömek bermek üçin biygtyýar maşyndan düşdük.*

*Ahyrynda, el ýuwaryň krany abatlandy. Atahan hoşal bolup: «Ana indi suw zaýa bolmaz», diýip ýylgyryp biz tarapa öwrüldi. Biz ýene ýolumyzy dowam etdirdik.*

Tebigy gaz we elektrik energiýasy möhüm maddy tehniki resurslarynyň strategik görnüşleri hasaplanýar.

Umumy peýdalanyşdaky elektrik, ýylylyk, gaz ýa-da suw üpjünçiligi pudaklaryna özdiýenlik bilen, ýagny kanunda bellenilen tertip esasynda ygtyýarly organyň rugsadyny almazdan çatylmak jemgyýetçilik howply hasaplanýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Berlen ýagdaýlary derňäň. Olaryň meňzeş we özboluşly taraplaryny anyklaň.
2. Berlen ýagdaýdaky jenaýatlaryň alamatlaryny, obýektini we subýektini, obýektiw we subýektiw taraplaryny anyklaň.
3. Bu wakalaryň jemgyýetiň ösüşine nähili täsiri bar? Olaryň öňüni almak mümkinmidi?

*A) Denow tümeniniň «Beýik Ýüpek ýoly» mähellesinde ýaşaýan A.S. arza bilen hukuk goraýjy organlaryna ýüzlenip, kolležiň mugallymy J.M. ony 2000 ABŞ-nyň dollary hasabyna Russiýadaky uniwersitetleriň birine okuwa ýerleşdirjekdigini wada berýändigini beýan edýär.*

*B) Termiz şäheriniň IIM nobatçylyk bölümine şäherdäki bazarlaryň birinde ýerleşýän söwda dükanyna nätanyş bir gyz gelip, özüni hyrydar ýaly alyp baryp, ony hiç kim synlamaýandygyna göz ýetirensoň, dükanyň tekjesinde duran 295 000 somluk 3 sany aýallar köýnegini ogurlap gidenligi barada habar gelip düşdi.*

*Ç) Gije sagat dört ýarymlar töwereginde Fergana welaýatynyň Koşdepe tümeninde üç sany nämälim şahs ýüzlerine nykap geýip we pyçak bilen ýaraglanyp, Ýangiaryk mähelle raýatlar ýygyny çägindäki öýleriň birine diwar arkaly aşyp geçip, öýüň eýesi G.Ý. we onuň durmuş ýoldaşy S.Y.lar uklap ýatan otaga çozup girýärler.*

*Öý eýeleri oýananlarynda G.Ý.-ny uup, bedenine zeper ýetirýärler. S.Ý. we şu öýde bile ýaşaýan gyzy M.Ý.-nyň el-aýaklaryny ýüp bilen daňyp, öýdäki sandygyň içinden 10 mln. som pul we 1,5 müň ABŞ-nyň dollarlyk dürli zergärlik önümlerini alyp gidýärler.*

**Çeşme: Özbegistan Respublikasy IIM Metbugat gullugy**

# 15-§ Dolandyryş tertibine garşy jenaýatlar



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Korrupsiýa we onuň alamatlary.
- Korrupsiýa getirýän ýagdaýlar: para almak we bermek, para almak we bermekde dellallyk etmek.

Esasy Kanunymyz konstitusion gurluşyň esaslaryny pugtalandyrmak bilen Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýeti Prezident, Aly Mejlis, Ministrler Kabineti hem-de respublikan sudlary tarapyndan amala aşyrylýandygy bellenen. Döwlet häkimiýetiniň ýokary organlary bolsa ýerlerdäki häkimiýet organlaryny şekillendirýär.

Özbegistanda döwlet häkimiýeti häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud pudaklaryna bölünmek bilen amala aşyrylýar.

Döwlet häkimiýeti organlarynyň wezipeli şahslaryndan daşary eýeçilik şekline seretmezden kärhanalarda, edaralarda we guramalarda öz işini amala aşyrýan wezipeli şahslaryň hereketleri-de jenaýatlaş dyrylýar.

Kärhanalardaky, edaralardaky we guramalardaky wezipeli şahslaryň işi dolandyryş funksiýasy berip goýlan içki organlaryň çäginde-de alnyp barylýar.

Häkimiýet ýa-da wezipe beren ygtyýardan kanunsyz peýdalanmak jenaýatynyň obýekti döwlet häkimiýeti, dolandyryş we ýerli öz-özüni dolandyryş organlarynyň normal iş alyp barmagyny üpjün edýän jemgyýetçilik gatnaşyklary, raýatlaryň hukuklary we kanuny bähbitleri hasaplanýar.



**Häkimiýet** diýende mälim bir serişdeler – erk, abraý, hukuk, mejburl ediji, syýasy hökümdarlyk, döwlet organlary ulgamy arkaly adamlaryň işine, özüni alyp barş yna täsir etmek ukyby we mümkinçiligi düşünilýär.

Häkimiýeti ýa-da wezipe beren ygtyýardan kanunsyz peýdalanma, ýagny döwlet organy, döwletiň gatnaş magyndaky guramanyň ýa-da raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organy wezipeli şahsynyň öz wezipe ygtyýarlyklaryndan kastdan peýdalanmagy raýatlaryň hukuklaryna ýa-da kanun bilen goralýan bähbitlerine ýa-da döwletiň ýa-da jemgyýetiň bähbitlerine zyýan ýetirilmegidir.

Jenaýat obýektiw tarapdan aşakdaky üç gutulgysyz alamatdan ybarat:

- şahsyň öz wezipe ygtyýarlygyndan kanunsyz peýdalanmagy görnüşindäki etmiş;
- raýatlaryň hukuklaryna ýa-da kanun bilen goralýan bähbitlerine ýa-da döwlet ýa-da jemgyýetiň bähbitlerine köp mukdarda zyýan ýa-da uly zyýan ýetirmek şeklindäki jenaýatçylykly netijeler;
- etmiş hem-de gelip çykan jenaýatçylykly netijeleriň arasynda sebäpli baglanyş ygyň barlygy.

Wezipeli şahsyň öz wezipe ygtyýarlygyndan peýdalanmagy iki ş ekilde:

- häkimiýet ygtyýarlygyny;
- wezipe ygtyýaryndan kanunsyz peýdalanma şekillerinde ýüze çykýar.

Häkimiýet ýa-da wezipe ygtyýarlygyny kanunsyz peýdalanmagyň subýektiw tarapy kastdan edilmegi bilen häsiýetlenýär.

Jenaýat motiwleri etmişiň hukuk taýdan bahalanyşyna we jenaýat jogapkärligine öz täsirini ýetirmeýär.

Para almak, ýagny döwlet organy, döwlet gatnaş magyndaky gurama ýa-da raýatlaryň öz-özüni dolan-

Wezipeli şahsyň wezipe ýagdaýyndan gelip çykan we bu şahs eýeleýän wezipe ygtyýarlygyna berlen hukuklary we borçlary amala aşyrmak bilen bagly, ýöne öz mazmuny boýunça degişli organyň iş alyp barmagyndan gözlenýän maksatlara we wezipelere ters gelýän hereketlerini wezipe ygtyýardan kanunsyz peýdalanma diýip häsiýetlendirilýär.

2004-nji ýylda Nýu-Ýorkda kabul edilen Birleşen Milletler guramasynyň Korrupsiýa garşy Konwensiýasynyň giriş bölüminde korrupsiýa jemgyýeti dürli ýollar bilen gysajyna alýan elhenç nogsandygy hem-de ol demokratiýanyň we hukugyň ileri tutulmagynyň esaslaryna putur ýetirýändigi, adam hukuklarynyň bozulmagyna getirýändigi, bazarlaryň işine böwet bolýandygy, ýaşaýyş hiliniň erbetleşdirýändigi we adamlarda howp döredýän guramaçylykly jenaýatçylyk, terrorizm we başga hadysalar kök atyp, güllemegi üçin şert döredýändigi nygtalýar.

dyryş organy wezipeli şahsynyň öz gulluk ýagdaýyndan peýdalanmak bilen etmeli ýa-da mümkin bolan belli bir hereketi pora berýän şahsyň bähbitlerini gözläp ýerine ýetirmegi ýa-da ýetirmezligi hasabyna hut özi ýa-da araçy arkaly kanuna tersligini bilen ýagdaýda, maddy gymmatlyklar almagy ýa-da emläk bähbitli bolmagynda aňladylýar.

Jenaýat bilkastlaýyn edilýär. Korrupsiýa – häkimiýet we dolandyryş esaslaryny ýumurýan, onuň ilatyň öňündäki abraýyna putur ýetirýän, raýatlaryň kanuny hukuklaryna we bähbitlerine dahylly howply jenaýat hadysanyň beýlekilerden köp ýaýran we özboluşly hadysasy hasaplanýar.

Jenaýat obýekti – döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlary işiniň bellenilen tertibi.

Kanun düş ündirilýän jenaýat predmetini wezipeli şahsyň öz gulluk ýagdaýyndan peýdalanmak bilen etmeli ýa-da mümkin bolan belli bir hereketi para berýän şahsyň bähbitlerini gözläp ýerine ýetirmegi ýa-da ýetirmezliginiň öwezine hut özi ýa-da araçy arkaly kanuna

Wezipeli şahsyň öz wezipe ýagdaýyndan raýatlaryň, jemgyýetiň we döwlet bähbitlerine garşy kastdan peýdalanmagyny häkimiýet ygtyýaryndan kanunsyz peýdalanmagydyr.

Döwlet häkimiýeti organlarynyň normal işini bozmak arkaly günäkär şahs döwlet häkimiýetine hüjüm eden hasaplanýar.

Para diňe nähaklykdyr zalymlara kömek berijidir.

**Mahmyt Zamahşary**

Wezipeli şahsyň wezipe ýagdaýyndan gelip çykýan we bu şahs eýelän wezipe ygtyýarlygyna berlen hukuklary we borçlary amala aşyrmak bilen bagly, ýöne öz mazmuny boýunça degişli organyň iş alyp barmagyndan gözlenýän maksatlara we wezipelere ters gelýän hereketlerini wezipe ygtyýardan kanunsyz peýdalanmakdyr.

Para şowuna düşen işleri bozýar, bitjek işleri berbat edýär.

**Ýusuf Has Hojib**

tersligini bilen ýagdaýda, maddy gymmatlyklar almagy ýa-da emläk peýda görmek düşünilýän «para» adalgasy bilen kesgitleýär.

Islendik maddy gymmatlyklar: pul, daşary ýurt walýutasy, gymmatly zatlar, gymmatly kagyzlar, azyk ýa-da senagat önümleri we başgalar para predmeti bolmagy mümkin.

Para almagyň subýektiw tarapy – bilkastlaýyn: günäkär (para alýan) maddy gymmatlyklar ýa-da emläk taýdan peýda oňa özüniň hyzmat ýagdaýyndan gelip çykyp para berýäniň bähbidinde käbir hereketi etmek ýa-da etmezlik üçin para hökmünde berilýänligini aňýar we muny isleýär.

Para bermek jenaýatyň obýekti we predmeti – para bermek – pora almak jenaýaty düzüminiň alamatlary bilen birmeňzeş.

Jenaýat obýektiw tarapdan wezipeli şahsa gönüden-göni ýa-da araçy arkaly pora bermekde aňladylýar.

Para bermek, wezipeli şahsyň öz hyzmat ýagdaýyndan peýdalanmak bilen etmeli ýa-da etmegi mümkin bolan belli bir hereketi para beren şahsyň bähbidini gözläp ýerine ýetirmegi ýa-da onuň emläk bähbitli edilmedinde aňladylýar.

«Ýalan araçy», ýagny wezipeli şahsa para bermek zerurlygyny bahana edip, käbir adamdan para alan, ýöne aldamak ýoly bilen ony özleşdiren şahs kezzaplyk üçin jogapkärlige çekilýär. Para beren şahsyň hereketleri pora bermäge kast etme hökmünde kwalifisirlenýär.

Pora bermek arkaly hereket ýa-da hereketsizligi gazanmak üçin başga şahsa para teklip eden şahs para berýän hökmünde jogapkärlige çekilýär. Para öwezine mälim hereketleri ýerine ýetirmäge ylalaşan şahs we parany tabşyran şahs para bermekde gatnaşyjylar hökmünde jogapkärlige çekilýär.

Para alýan we berýänden tapawutlylykda, araçy maddy gymmatlyklaryň we başgalaryň hasabyna öz bähbitleri ugrunda wezipeli şahs bilen bir hereketi ýerine ýetirmek ýa-da ýetirmezlik üçin hereket etmeýär, belki diňe para alýanyň görkezmesi bilen para predmetini gönüden-göni berýär. Para almak-bermegi guraýan şahs, delilçilik ýa-da kömekçilik edip, bir wagtyň özünde araçylyk etse, para berenlikde ýa-da alanlykda gatnaşyjylyk edenligi üçin jogapkärlige çekilýär.

Subýektiw tarapdan jenaýat bilkastlaýyn edilýär. Günäkär onuň hereketleri para almak-bermek babatdaky ylalaşygy gazanmak hem-de para alýanyň we berýäniň tabşyrmagy bilen para bermäge gönükdirilenligini bilýär hem-de muny isleýär.

Para – para berýäniň bähbitlerinde belli bir hereketleri etmek berlen bikanun sylag bolup hasaplanýar.

Wezipeli şahs tarapyndan öz wezipe ýagdaýyndan peýdalanmak diýende diňe bir wezipeli şahsyň ygtyýarlygyna girýän hereketleri etmek däl, eýsem para berýäniň bähbitlerinde başga wezipeli şahslara täsir etmek arkaly olaryň ygtyýarlyklaryndan peýdalanmak bilen belli bir hereketleri etmek hem düşünilýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Wezipeli şahsyň öz ygtyýarlyklaryndan kanuna ters ýagdaýda peýdalanmagy nähili hereketlerde aňladylýar?
2. Häkimiýet ýa-da wezipe ygtyýaryndan kanunsyz peýdalanma bilen wezipe ygtyýaryndan kanunsyz peýdalanma ýoly bilen özleşdirmek ýa-da rastrata ýoly bilen talamak jenaýatynyň arasynda nähili tapawutlar bar?
3. Para bermegiň we para almagyň nähili umumy taraplary bar?
4. Para bermegiň gullukçynyň para öwezine yrmagyndan tapawudy nämede?

# 16-§ Jemgyýetçilik howpsuzlygyna garşy jenaýatlar

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- ➔ Zähmeti goramak düzgünlerini bozmak.
- ➔ Sanitariýa degişli kanun namalaryny ýa-da epidemiýa garşy göreş düzgünlerini bozmak.
- ➔ Ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini bozmak.

Zähmeti goramak düzgünlerini bozmak howpsuzlyk tehnikasy, senagat sanitariýasy ýa-da zähmeti goramagyň başga düzgünlerini şu düzgünlere amala edilmegi üçin jogapkär bolan şahs tarapyndan bozulmagy düşünilýär.

## Zähmeti goramak düzgünlerini bozmak

Şu jenaýatyň obýekti, eýeçilik şekline seretmezden, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda işleýän şahslaryň zähmet şertlerini kadalaşdyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklary hasaplanýar.

Kärhanalarda, edaralarda, guramalarda diňe bir hemişelik işleýän şahslar däl, eýsem wagtlaýyn işleýän şahslar hem jebir çeken bolmaklary mümkin.

Jenaýat obýektiw tarapdan bedene ortaça ýa-da agyr zeper ýetirilmegine sebäp bolan:

- ➔ howpsuzlyk tehnikasy;
- ➔ senagat sanitariýasy;
- ➔ zähmeti goraýan başga düzgünleriň bozulmagyndan ybaratdyr.

Her bir şahs zähmet çekmek, erkin kär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goralmak hukugyna eýe.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 37-nji maddasy**

Subýektiw tarapdan jenaýat aýbyň kast ýa-da seresapsyzlyk şekilleri arkaly edilýär.

Jenaýaty etmek motiwi we ondan gözlenýän maksat jenaýaty kwalifisirlemäge täsir etmeýär.



## Sanitariýa degişli kanun namalaryny ýa-da epidemiýa garşy göreş düzgünlerini bozmak

Jenaýatyň obýekti jemgyýetçilik howpsuzlygy, adamlaryň durmuşy we saglygydyr.

Obýektiw tarapdan jenaýat adamlaryň köpçülikleýin kesellenmegine ýa-da zäherlenmegine getiren:

### Döredijilikli iş

Berlen ýagdaýlary üns bilen okaň we tema bilen baglaň. Wakalaryň öňüni almak üçin näme etmeli?

1. *Fergana welaýatynyň Taşlak tümeninde ýaşaýan raýat Ş.A-nyň öýünde gaz ballondan seresapsyzlyk bilen peýdalanmak netijesinde ýangyn peýda bolup, öýüň 100 kw. metr meýdanyndaky üçegi, petik bölegi we öý enjamlary ýanyp zaýalanypdyr.*
2. *Namangan welaýatynyň Namangan şäherinde sürüji Ş.K. erk edýän «GAZ-53» kysymly ýük awtomobiliniň gaz enjamlary näsazlygy netijesinde ýangyn peýda bolupdyr. Ýangyn netijesinde sürüji Ş.K. we ýolagçysy B.K. bedeni ýaralanyp, keselhana ýerleşdirilipdir.*
3. *Daşkent welaýatynda ýerleşýän jogapkärligi çäklendirilen jemgyýete degişli lak-boýag önümlerini öndürýän sehde ýangyn peýda boldy.*
4. *Daşkent şäheriniň Üçdepe tümeninde ýaşaýan raýat S.T-nyň malhanasynda elektrik simleriniň gysga utgaşmagy netijesinde ýangyn döräp, malhananyň 30 kw. metr meýdanynda hem-de goňşy öýüň 90 kw. metr meýdanynda üçek bölekleri zaýalanypdyr.*

- sanitariýa degişli kanun namalaryny;
- epidemiýa garşy göreş düzgünlerini bozmakda aňladylýar.

Şu madda dispozisiýasy blanketli bolup, her bir ýagdaýda sanitariýa degişli kanun namalary ýa-da epidemiýa garşy göreş düzgünleriniň haýsy bendi bozulandygy aýratyn anyklanmalydyr.

Subýektiw tarapdan jenaýat kastdan ýa-da seresapsyzlyk netijesinde edilýär.

## Ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini bozmak

Jenaýatyň obýekti ýangyn howpsuzlygy, ýagny adamlaryň, jemgyýet we döwlet emläginiň ýangyndan goralanlyk ýagdaýy hasaplanýar.

Obýektiw tarapdan jenaýat ýangyn howpsuzlygy düzgünleriniň şu düzgünleriň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkär bolan şahs tarapyndan bozulmagy bedene ortaça ýa-da agyr şikes ýetirilmegine getirilmegidir.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Zähmeti goramak düzgünlerini bozmak nähili hukuk netijelere getirýär?
2. Köpçülikleýin kesellenme diýende nämeler nazarda tutulýar? Pikiriňizi tassyklamak üçin mysallar getiriň.
3. Ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini bozmak jenaýatynyň subýektiw taraplaryny düşündiriň.
4. Zähmeti goramak, sanitariýa degişli kanun namalaryny, epidemiýa garşy göreş, ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini bozmak jenaýatlary kastdan ýa-da seresapsyzlyk netijesinde edilen hasaplanýar.

Köpçülikleýin kesellenme diýende mälim bir çäkdäki köp sanly adamlaryň mälim bir wagtyň içinde kesellenmegini düşünmeli.

Ýangyn howpsuzlygy düzgünleri – ýangynyň öňüni almaga gönükdirilen talaplara, normalara we standartlara amal etmegiň tertibini kesgitleýän belli bir düzgünler toplumy.

# 17-§ Informasion tehnologiýalary ugrundaky jenaýatlar

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Informasiýadan erkin peýdalanmak hukugy.
- Informasiýa düzgünlerini bozmak. Kompýuter informasiýasyndan kanuna ters ýagdaýda (rugsatsyz) peýdalanmak.
- Kompýuter ulgamyndan kanuna ters ýagdaýda (rugsatsyz) peýdalanmak üçin ýörite serişdeleri geçirmek maksadyny gözläp taýýarlamak ýa-da geçirmek we ýaýratmak.

## Informasiýadan erkin peýdalanmak hukugy

Häzirki günde informasiýa jemgyýetçilik durmuşyny guramagyň zerur faktorlaryndan birine öwrülip barýar. Şeýlelikde, adamyň işiniň informasiýa almak we ony gaýtadan işlemek prosesleri bilen bagly bolmadyk hiç bir pudagy galmady. Çalt depginler bilen ösüp barýan häzirki dünýäde raýatlaryň täze şertlerine uýgunlaşmaklaryna kömekleşmek, olara bolýan wakalar, prosesler, hadysalar barada informasiýa berip barmak, şonuň ýaly-da, raýatlar, sosial institutlar we döwlet häkimiýeti organlarynyň arasynda netijeli gatnaşyklar ulgamyny ornaşdyrmaga şert döretmekde, ilki bilen, raýatlaryň informasiýadan peýdalanmak bilen bagly konstitusion hukuklaryny amala aşyrmak we kepillendirmek meselesi möhüm ähmiýete eýedir.

Informasiýa diňe belli bir maglumatlardan ybarat obýekt, meselem, makala ýa-da habar hökmünde däl, eýsem subýektiň özi öwrenýän obýekt bilen özara

Özbegistan Respublikasynyň «Informasiýa azatlygy prinsipleri we kepilleri barada»ky Kanunyny üns bilen okap çykyň we ondaky «informasiýa azatlygy»na üns beriň.

***Informasiýa*** – adam öz duýgy organlary arkaly kabul edýän ähli signallar toplumy diýmek.

Informasiýadan erkin peýdalanmak hukugy adamyň dünýä gelmegi bilen oňa berilýän, kanun bilen gadagan edilmedik islendik informasiýany almak, saklamak, ýaýratmak, täzelemek mümkin bolan hereketleriň fundamental hem-de kompleks hukugydyr. Şeýle ýagdaý başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň informasiýa boýunça howpsuzlygyna zyýan ýetirmeli däldigi tebigydyr.



aragatnaşyk etmek prosesi hökmünde hem düşünilmelidir.

XX asyryň ahyrlaryna gelip, informasiýa jemgyýetde tebigy, maliýe, zähmet we başga resurslara görä-de güýçli we duýarly özbaşdak jemgyýetçilik-syýasy hadysa hökmünde ýüze çykyp başlady.

Informasiýa «kim», «haçan», «näme», «nirede», «näçe», diýen sözler bilen başlanýan soraglara jogap görnüşinde aňladylýar.

...Her kim pikirlenme, söz we ygtykat azatlygy hukugyna eýe. Her kim özi islän informasiýany gözlemek, almak we ony ýaýratmak hukugyna eýe, amaldaky konstitusion gurluşa garşy gönükdirilen informasiýa we kanun bilen kesgitlenen başga çäklendirmeler muňa degişli däldir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 29-nji maddasyndan**

Bilim bolsa öz gezeginde, «nähili» diýen söz bilen başlanýan soraglara jogap görnüşinde ýüze çykýar. Diýmek, informasiýadan peýdalanmak bilim almagyň özgeren şeklidir.

## Informasiýa düzgünlerini bozmak

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy raýatlaryň informasiýa bolan hukuklaryny ykrar etmek bilen, onuň esasy mazmunyny birnäçe normalarda kesgitläp berýär. Ýöne käte berlen hukukdan dogry peýdalanmazlyk netijesinde hem hukuk jogapkärlikleri gelip çykýar. Meselem, kompýuter ulgamyndan peýdalanmaga rugsady bolan şahs tarapyndan şu ulgamdan peýdalanmak düzgünleriniň bozulmagy netijesinde kompýuterdäki informasiýa ýitse, ýapyp goýulsa, kompýuter enjamynyň işi bozulsa, ol Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksiň $155^1$-nji maddasyna görä jogapkärlige çekilýär. Hat ýazyşmalar, telefonda gepleşme, telegraf habarlary ýa-da başga habarlaryň syr saklanyşy tertibini bozmak bolsa jenaýat jogapkärlige

**Halkara hukuk**

Hiç kim adamyň şahsy ýa-da maşgala durmuşyna özdiýenlilik bilen gatyşmagy, adamyň ýaşaýyş jaý el degrilmesizligine, onuň hatlaryndaky syrlara ýa-da ar, namysyna we mertebesine özdiýenlilik bilen hüjüm etmegi mümkin däl. Her bir adam ana şeýle gatyşma ýa-da hüjümden kanun ýoly bilen goralmak hukugyna eýedir.

**Adam hukuklarynyň ählumumy deklarasiýasy, 12-nji madda**

Informasiýa – bu biziň daşky dünýä uýgunlaşma prosesinde ondan alýan maglumatlary özünde beýan edýän düşünje.

**N. Winer,**
*Kibernetika ylmynyň düýbüni tutujylardan biri*

Syr saklanýan ylym-tehnika, önümçilige, ykdysadyýete, söwda degişli ýa-da başga şular ýaly informasiýanyň eýesiniň razylygy bolmasa äşgär etmek ýa-da ondan peýdalanmak maksadynda islendik usulda toplamak hem jenaýat jogapkärligine çekilmäge üçin esas bolmagy mümkin.



**155-nji madda. Informasiýadan peýdalanmak düzgünlerini bozmak**

Informasiýa ulgamyndan peýdalanmak maksadynda oňa birugsat girip almakda aňladylan informasiýa we informasiýa ulgamlaryndan peýdalanmak düzgünlerini bozmak —

raýatlara iň kem iş hakynyň üçden bir böleginden bir essesine çenli, wezipeli şahslara bolsa — bir essesinden üç essesine çenli mukdarda jerime salmaga sebäp bolýar.

Informasiýa ulgamlarynyň işini bozmaga getiren edil şeýle hukuk bozma, edil şonuň ýaly-da girmek çäklendirilen informasiýa ulgamlaryny informasiýa-hasaplaýyş pudaklaryna çatylanda degişli gorag çärelerini görmänlik —

raýatlara iň kem iş hakynyň bir essesinden üç essesine çenli, wezipeli şahslara bolsa — üç essesinden bäş essesine çenli mukdarda jerime salmaga sebäp bolýar.



Ýuridik we fiziki şahslaryň informasiýa ulgamlaryny halkara informasion pudaklaryna kanuna ters ýagdaýda çatmak, bu pudaklara degişli gorag çärelerini görmezden çatylmak, edil şonuň ýaly-da olardan maglumatlary kanuna ters ýagdaýda almak —

raýatlara iň kem iş hakynyň iki essesinden bäş essesine çenli, wezipeli şahslara bolsa — bäş essesinden ýedi essesine çenli mukdarda jerime salmaga sebäp bolýar.

Özgäniň elektron hasaplaýyş maşynalary üçin döredilen maksatnamasy ýa-da maglumatlar bazasyny öz adyndan çykarmak ýa-da kanuna ters ýagdaýda ondan nusga almak ýa-da ýeýle eserleri ýaýratmak —

raýatlara iň kem iş hakynyň bir essesinden üç essesine çenli, wezipeli şahslara bolsa — üç essesinden bäş essesine çenli mukdarda jerime salmaga sebäp bolýar.

**Administratiw jogapkärlik baradaky kodeks**

çekmäge esas bolmagy mümkin. Beýle jenaýat diňe kastdan edilýär ahyryn. Jenaýatyň ediliş motiwi we mundan gözlenýän maksat onuň kwalifisirlenmegi üçin ähmiýete eýe däl. Şu jenaýatyň obýekti raýatlaryň hat ýazyşmalary, telefondaky gepleşmeleri, telegraf ýa-da

## Döredijilikli iş

1. Aşakdaky wakany okaň. Waka gatnaşyjylarynyň işine hukuk taýdan baha beriň.
2. Kimiň nähili hukuklary bazulypdyr?
3. Siz ana şeýle waka şaýat bolsaňyz, nähili çemeleşerdiňiz?

*Uly arakesme wagtynda Nadira özüniň «Edebiýat» dersligi öýde galandygy sebäpli jorasy Gülnaradan dersligini berip durmagyny sorady. Gülnara naharhana gidýändigini aýdyp, sumkasyndan almaga rugsat berdi. Nadira jorasynyň sumkasyndaky owadan bezegli depdere gözi düşüpdir we ony alyp okapdyr. Bu depder gyzyň ýan depderçesi bolup, oňa özüniň başdan geçirenlerini we goşgularyny ýazardy. Gülnara naharhanadan gaýdanda, synpdaky hemme gyzlar bir bolup nämänidir okaýrdylar, käbirleri masgaralan bolup gülýärdiler, başgalary bolsa: «Waý, zor goşgy ýazýan eken», diýerdiler. Gülnara gyzlara ýakynlaşanda, olaryň elinde özüniň ýan depderçesini görüpdir.*

*Onuň ýüzleri gyzaryp, lowlap ýanyp başlapdyr, ýüregi tiz-tiz urup, aýagynda mejaly galmandyr. Eli bilen ýüzüni ýapsa, edil hemmesi geçip gidäýän ýaly, elini biygtyýar ýüzüne eltdi. Gülnara çuňňur bir demini aldy. Aýaklaryna birdan jan inip, ony Nodira tarapa ýöretdi. Gülnara jorasynyň elindäki dersligi çekip almak bilen, ýüzüne bir şepbat urupdyr-da: «Uýatsyz, men saňa ynanypdyryn-ä!» diýipdir...*



başga habarlarynyň syr saklanyşyna bolan konstitusion hukuklary hasaplanýar.

Obýektiw tarapdan jenaýat şahslaryň poçta-telegraf habarlary ýa-da telefonda gepleşmäniň mazmuny bilen bikanun tanyşmakda ýa-da raýatlaryň hatlary, telegrammalary, telefaks, elektron poçta we başgalar arkaly goýberilýän maglumatlary şu informasiýalaryň eýesiniň razylygy bolmasa äşgär edilmezligi aňladylýar.










## Soraglar we ýumuşlar

1. Hat ýazyşmalar, telefonda gepleşme, telegraf ýa-da başga habarlaryň syr saklanyşy tertibini bozmak diýende nämäni düşündiňiz?
2. Berlen suratlary informasiýa diýsek olardan haýsylary üçin jogapkärlik bellenilmegi mümkin.
3. Informasiýalary oňat we erbetlerine bölmek mümkinmi? Pikiriňizi esaslandyryň.
4. Informasiýa howpsuzlygy meselesi bilen globallaşmanyň arasynda nähili baglylyk bar?
5. «Informasiýa hüjümi»nden siz nähili goralansyňyz?
6. Maşgalaňyza degişli bolan maglumatlaryň goralmagy hökman diýip hasaplaýarsyňyzmy? Näme üçin?
7. Size bir tanyşyňyzdan hat geldi. Haty alanyňyzda konwert kim tarapyndandyr açylandygyny duýduňyz. Näme eden bolardyňyz?
8. Size kimdendir hat gelipdir. Ýöne poçtaçy manzili ýalňyşyp haty siziň poçta gutyňyzda galdyrypdyr. Siz nähili çemeleşen bolardyňyz?

# III bölüm. MALIÝE HUKUGY

## 18-§ Özbegistanyň maliýe-kredit ulgamy

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Konstitusiýa maliýe-kredit hukugynyň esasy çeşmesi.
- Maliýe we döwlet maliýe işi.

### Konstitusiýa maliýe-kredit hukugynyň esasy çeşmesi

Maliýe hukugy özbaşdak hukuk pudagy hasaplanýar. Maliýe hukugy Özbegistan Respublikasynyň kanun namalarynyň degişli ugry hökmünde bellenýär. Maliýe hukuk normalarynyň kömeginde döwlet tarapyndan maliýe ulgamy herekete getirilýär we ondan peýdalanylýar. Bu ugur dürli hukuk ugurlary bilen ka-

**Hukuk taryhyndan**

Maliýäniň emele gelmegi haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüşi we döwletiň öz funksiýalaryny ýerine ýetirmegi maliýe resurslaryna bolan zerurlyk bilen bagly. Ilki bu adalga XII-XV asyrlarda Italiýada peýda boldy. Genuýa, Wenesiýa, Florensiýa ýaly şäherleriň söwda, pul hasap-hesipleri we banklarynyň işinde dolanyşyga girizildi. Soňluk bilen ony döwlet tarapyndan öz wezipelerini çözmek üçin gönükdirilen pul gatnaşyklary ulgamyny, pul gaznalaryny döretmek bilen bagly düşünje hökmünde ulanyp başladylar.

Maliýe pul serişdeleri gaznalaryny döretmek we olardan peýdalanmak prosesindäki jemgyýetçilik gatnaşyklary şöhlelenýän ykdysady kategoriýadyr.

Maliýe umumdöwlet zerurlyklary maliýeleşdirmek üçin zerur bolan pul serişdeleri gaznalaryny döretmek, paýlamak we olardan peýdalanmak bilen bagly bolan ykdysady gatnaşyklar ulgamydyr.

Döwlet maliýe işi diýende merkezleşen we merkezleşmedik pul gaznalaryny maksada laýyk we rejeli guramak, ony paýlamagy we peýdalanmagy düşünýäris.

dalaşdyrylýar. Maliýe ugry maliýe hukugyny bütinleý öz içine alsa-da, maliýe ulgamynyň dürli bogunlarynda onuň normalary dürlüçe ulanylýar. Mahlasy, maliýe hukuk predmetini — döwlet we administratiw-çäk guruluşlarynyň maliýesi düzýär. Maliýe hukugy maliýe ulgamynyň başga bogunlary bilen aýrylmaz bagly.

Maliýe düşünjesi örän giň bolup, öz mazmunyna görä, ykdysady kategoriýalardan biri hasaplanýar. Şeýle kategoriýalara «pul», «peýda», «özüne düşýän gymmaty» ýaly başga ykdysady düşünjeler girýär. Bular kategoriýanyň mazmunyny we jemgyýetiň ösüşindäki roluny kesgitleýän dürlüçe wezipelerini ýerine ýetirýär.

Döwlet we ýerli häkimiýet organlary pul gaznalarynda serişdeleri ýygmak we ondan peýdalanmak bilen bagly bolan gatnaşyklar maliýe hukugy bilen kadalaşdyrylýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy maliýe kanun namalarynyň esasyny düzýär. Döwlet maliýe gatnaşyklaryny we işini hukuk taýda tertibe salmagyň esaslary Konstitusiýanyň XXV «Maliýe we kredit» babynda berkidilen.

Özbegistan Respublikasynyň maliýe ulgamy aşakdaky bogunlardan düzülen:

a) döwlet býujeti, onuň strukturasyna girýän respublika býujeti, Garagalpagystan Respublikasynyň býujeti we ýerli býujetler;

b) döwlet maksatly gaznalary we býujetden daşary gaznalar;

ç) hojalyk ýörediji subýektler we ykdysadyýetiň pudaklarynyň maliýesi;

d) kredit (döwlet krediti we bank krediti);

e) emlägi ätiýaçlandyrmak we şahsy ätiýaçlandyryş.

## Döwlet maliýe işi

Döwlet öz öňünde duran wezipeleri ýerine ýetirmek prosesinde mälim bir iş görnüşini amala aşyrýar. Maliýe işi prosesinde emele gelýän hukuk gatnaşyklary maliýe hukugy tertibe salýar.

Şu gatnaşyklary aşakdaky toparlara bölmek mümkin.

1. Döwlet we administratiw-çäk gurluşlaryň býujet ugrundaky işi;
2. Döwlet we administratiw-çäk gurluşlaryň salgyt ugrundaky işi;
3. Döwlet we administratiw-çäk gurluşlaryň kredit ugrundaky işi;
4. Döwlet we ýerli kärhanalaryň maliýe işi;
5. Mejbury ätiýaçlandyryş ugrundaky döwlet işi;
6. Döwlet we ýerli organlaryň býujetden daşary gaznalar ugrundaky işi.

Döwletiň maliýe işi döwletiň üstündäki funksiýalaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmek ugrunda pul serişdelerini toplamak, paýlamak (gaýtadan paýlamak) ugrundaky çärelerden ybarat. Bu iş maliýe serişdelerini toplamak we maliýe serişdelerini sarplamak arkaly amala aşyrylýar.

Maliýe serişdelerini sarplamak üçin maliýeleşdirme we kreditleşdirme usullary ulanylýar.

Maliýeleşdirmek esasynda esasan býujet guramalaryna döwlet býujetinden pul serişdeleri gaýtarylmazlyk esasynda goýberilýär.

Kreditleşdirmek esasynda goýberilen pul serişdeleri kärhanalar, guramalar we raýatlar tarapyndan belli bir wagta çenli gaýtarylmalydyr. Pul serişdesi mälim möhlete, mälim summada gaýtarmak şerti bilen goýberilýär.



**Merkezleşen fondlar** respublikanyň, welaýatlaryň, tümenleriň fondlaryndan ybarat bolup, olardan diňe şu çäkleriň zerurlyklary üçin peýdalanylýar.

**Merkezleşmedik fondlar** kärhanalaryň we guramalaryň pul fondlary bolup, olar önümçilik we başga sosial maksatlara ulanylýar.

## Döredijilikli iş

Ykdysady bilimleriň esaslary predmetinden alan bilimleriňize daýanyp aşakdaky soraglara jogap bermäge çalşyň.

1. Ýurdumyzda nähili salgytlar girizilen?
2. Mejbury tölegler diýende nämäni düşünýärsiňiz? Nähili mejbury tölegleri bilýärsiňiz?

Döwletiň maliýe işi aşakdaky birnäçe prinsipler esasynda amala aşyrylýar:

- ➔ kanunylyk prinsipi;
- ➔ maliýe işini amala aşyrmakda demokratik prinsipi;
- ➔ maliýe işini amala aşyrmakda raýatlaryň we zähmet kollektiwleriniň gatnaşmak prinsipi;
- ➔ milli syýasat prinsipi.

Özbegistan döwletiniň maliýe işi — bu Özbegistan Respublikasynda sosial, ykdysady, medeni ugurlardaky wezipeleri amala aşyrmak, döwletiň howpsuzlygyny we goranmasyny üpjün etmek maksadynda pul gaznalaryny rejeli guramak, ony paýlamak we ondan maksada laýyk peýdalanmakdyr.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynyň maliýe ulgamynyň bogunlaryny düşündirip beriň.
2. Hukuk ulgamynda maliýe hukugynyň tutýan orny nämede?
3. Maliýe hukugy nähili gatnaşyklary tertibe salýar?
4. Döwlet özüniň maliýe işini nähili amala aşyrýar?
5. Siziň durmuşyňyzda döwletiň maliýe işi nähili beýanyny tapýar?
6. Tälim ugrunda döwlet nähili maliýe işini amala aşyrýar?
7. Özbegistan Respublikasynyň maliýe işi düşünjesi.
8. Pul serişdelerini toplamak we onuň görnüşleri.
9. Pul serişdelerini paýlamak we onuň görnüşleri.

# 19-§ Maliýe-hukuk gatnaşyklary

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**



- Maliýe-hukuk gatnaşyklary düşünjesi we olaryň özboluşly aýratynlyklary.
- Maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri.
- Maliýe hukugy subýektleri düşünjesi we ulgamy.

## Maliýe-hukuk gatnaşyklary düşünjesi we olaryň özboluşly aýratynlyklary

Maliýe-hukuk gatnaşyklary hukuk gatnaşyklarynyň belli bir bir görnüşini düzýär. Şu gatnaşyk bilen islendik hukuk gatnaşygyna mahsus bolan umumy zatlar oňa hem mahsusdyr.

Maliýe-hukuk gatnaşyklary käbir özboluşly aýratynlyklara-da eýe bolup, bu aýratynlyklar olary hukuk gatnaşyklarynyň başga görnüşlerinden tapawutlandyrmak üçin mümkinçilik berýär.

Şu aýratynlyklar olaryň emele geliş ugry (döwlet maliýe işi), maliýe-hukuk taýdan tertibe salmagyň özboluşlylygy (döwlet maliýe işini amala aşyrýan organyň erk-isleginiň imperatiwligi we bir taraplaýynlygy), hukuk taýdan tertibe salmak obýekti ýalylar bilen kesgitlenýär.

Maliýe gatnaşyklarynyň esasy aýratynlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

— *birinjiden,* maliýe-hukuk gatnaşyklary diňe döwlet pul gaznalaryny rejeli döretmek, paýlamak we olardan peýdalanmak prosesinde emele gelýär;

— *ikinjiden,* maliýe-hukuk gatnaşyklary köplenç emläk gatnaşyklarynyň görnüşlerinden hasaplanýar,



Maliýe- hukuk gatnaşygy – bu döwlet maliýe işinde emele gelýän, emläk aýratynlygyna eýe bolan maliýe-hukuk norma bilen tertibe salnan jemgyýetçilik gatnaşygydyr.

Maliýe- hukuk gatnaşyklary hemme wagt pul serişdeleri sebäpli emele gelýär.

çünki şu gatnaşyklaryň obýekti hökmünde pul serişdeleri gatnaşýar;

— *üçünjiden,* maliýe-hukuk gatnaşyklary taraplaryndan biri hökmünde hemme wagt döwlet ýa-da onuň ygtyýarly organy gatnaşýar.

## Maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň görnüşleri. Maliýe hukugy subýektleri düşünjesi we ulgamy

Maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň birnäçe görnüşlerini aýratynlykda görkezmek mümkin. Meselem, maliýe ulgamynyň degişli bognuna garap, býujet, salgyt, döwlet kreditini guramak boýunça, ätiýaçlandyryş, pul dolanyşygy we hasap-hesipler, walýutany tertibe salmak ýaly hukuk gatnaşyklary we başgalar.

Maliýe-hukuk gatnaşyklaryny maddy we prosessual hukuk gatnaşyklaryna bölmek kabul edilen.

Maliýe- hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýän aýratynlygy şundan ybarat, ýagny olar esasan döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ýörite ugrunda, ýagny döwletiň hut maliýe işi ugrunda emele gelýär.

Maddy maliýe-hukuk gatnaşyklary maliýe hukugy subýektleriniň maliýe-hukuk normalary materiallarynda berkidilen hukuklaryny we borçlaryny amala aşyrmak serişdesi hasaplanýar.

Prosessual maliýe-hukuk gatnaşyklary döwlet pul gaznalaryny paýlamagyň tertibini, olardan peýdalan-

### Döredijilikli iş

Maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň esasy obýekti hasaplanýan maliýe işi gytaklaýyn we gönüden-göni döwletiň erk-islegini we bähbitlerini aňladýar.

1. Döwletiň erk-islegini we bähbitlerini aňladýar, diýende nämäni düşündiňiz?
2. «Döwletiň erk-islegi» jümlesini Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasy bilen baglap düşündiriň.

magy gözegçilik etmek şekillerini we usularyny kesgitlemek üçin emele gelýär.

Maliýe-hukuk gatnaşyklary öz obýektlerine eýe. Bu obýektler, ilki bilen, pul we pul borçlarydyr, emma diňe bu bilen çäklenmän, pul serişdeleriniň toplanmagyny we sarp edilişini üpjün edýän tertip-düzgünler, maliýe gatnaşygy gatnaşyjylarynyň kanun çägindäki hereketi hem girizilmegi mümkin.

Maliýe-hukuk gatnaşyklary iki taraplaýyn gatnaşyk bolup, onda borçlaryň ýerine ýetirilişini hemmeden we hemişe talap etmek ygtyýarlygyna eýe bolan döwlet (onuň maliýe, salgyt, kredit edaralary), ikinji tarapdan bolsa maliýe-hukuk normalary gönükdirilen başga şahslar (döwlet we jemgyýetçilik edaralary, ýuridik we fiziki şahslar) gatnaşýar.

Maliýe-hukuk gatnaşyklary – gatnaşyk obýektini, gatnaşyk subýektini, gatnaşyk mazmunyny düzýär.

Maliýe hukuk normalarynyň talaplary maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň köp dürlüligi arkaly ýüze çykyp, şu gatnaşyklaryň degişli subýektlerisiz ýa-da gatnaşyjylarsyz olaryň bar bolmagy mümkin däl.



Pul gatnaşyklary merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul serişdeleri gaznalaryny döretmek we olardan peýdalanmak bilen baglylykda emele gelýär.

Maliýe- hukuk gatnaşyklary döwlet häkimiýeti aýratynlygysyz bolmagy mümkin däl.

Hut nähili gatnaşyklarda döwlet maliýe hukugynyň subýekti bolup bilerr? Soraga jogap berende Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň maddalaryndan peýdalanyň.

Maliýe hukugynda adaty ýagdaýda maliýe hukuk subýektleriniň üç esasy topary tapawutlandyrylýar.

Maliýe hukugy normalarynyň talaplary maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň köp dürlüligi arkaly ýüze çykyp, şu gatnaşyklaryň degişli subýektlerisiz ýa-da gatnaşyjylarysyz olaryň bolmagy mümkin däl.

Maliýe hukugynda adaty ýagdaýda maliýe hukuk subýektleri üç esasy topara bölünýär.

**1. Sosial-çäk gurluşlar**

Özbegistan Respublikasy we onuň administratiw çäk birlikleri. Bu orunda olar maliýe-hukuk ukyp eýeleri hasaplanýar.

Şu birlikler maliýe hukuk subýekti hökmünde köpräk Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, «Býujet ulgamy barada«ky we «Ýerli döwlet häkimiýeti barada»ky kanunlarda berkidilen býujet gatnaşyklary ugrundaky ygtyýarlyklary amala aşyrmakda ýüze çykýar.

Şeýlelikde, hut şu subýektlere döwlet we ýerli býujet hukugy berkidilip berlen.

Käbir hukuk gatnaşyklarynda diňe döwletiň özi maliýe hukuk subýekti hökmünde gatnaşmagy mümkin.





**2. Kollektiw subýektleri**

Döwlet maliýe işi ugrunda degişli ýuridik borçlar we hukuklar toplumyny almak ukybyna eýe bolan hem-de olaryň amalda emele gelmegi mümkin däl. Diýmek, döwlet organlary maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň mejbury gatnaşyjylary hataryna girip, bu maliýe işiniň döwlet-häkimiýet aýratynlygy we onuň hukuk tertibe salmak usulynyň özboluşlylygy bilen kesgitlenýär.

Maliýe hukuk kollektiwi subýektleriniň iň köp sanly toparyny ýerine ýetiriji häkimiýeti döwlet organlary düzýär.

**3. Indiwidual subýektler**

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar bolup, olar deň maliýe-hukuk subýektlige eýe we şu gatnaşyk bilen kanunçylykda fiziki şahslar hökmünde kesgitlenilýär. Maliýe hukugy subýektleriniň şu taýpasy esasan salgytlary we ýygymlary tölemäge degişli gatnaşyklarda gatnaşýar. Şeýlelikde, fiziki şahslar girdeji salgydyny, ýer salgydyny, emläk salgydyny we kanunlarda nazarda tutulan başga salgytlary hem-de ýygymlary töleýjiler hasaplanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 100-nji we 122-nji maddalaryny okaň we berlen tekst bilen laýyklaşdyryň.

Döwlet ýerine ýetiriji organlary sanawyny şekillendirmäge synanyşyň.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Maliýe-hukuk gatnaşygy gatnaşyjylary kimler?
2. Maliýe gatnaşyklarynyň esasy aýratynlyklary nämeden ybarat?
3. Fiziki şahslar haçan maliýe-hukuk gatnaşygy gatnaşyjylary bolmaklary mümkin?
4. Döwlet nähili ýagdaýlarda maliýe-hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjysy bolýar?

# 20-§ Özbegistan Respublikasynyň döwlet býujeti we býujet hukugy



**Býujet hukugy** – maliýe hukugynyň bir bölegi bolup, döwletiň býujet gurluşyny, dürli derejedäki býujetleri, olaryň girdeji bölegini şekillendirmek we býujet serişdeleriniň sarp edilişi, şonuň ýaly-da umuman döwletiň býujet-maliýe syýasatyny şekillendirmek we amala aşyrmak tertibini kesgitleýän hukuk normalarynyň toplumy.

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**



- Býujet düşünjesi we hukugy.
- Döwlet býujeti we onuň sosial-ykdysady ähmiýeti.

## Býujet düşünjesi we hukugy

Býujet hukugyny döwlet býujeti serişdelerini guramak, paýlamak we olardan peýdalanmak boýunça emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan maliýe-hukuk normalarynyň toplumy hökmünde kesgitlemek mümkin.

Döwlet býujeti guramalary öz işlerini amala aşyrmaklary üçin gerek bolan ähli serişdeleri býujetiň degişli harajatlar böleginden alýarlar.

Býujet döwlet häkimiýeti organlarynyň funksiýalaryny üpjün etmek maksadynda pul serişdelerini guramak we harajat etmek şeklidir.

**Býujetiň esasy wezipeleri:**

- milli girdejini gaýtadan paýlamak;
- ykdysadyýeti tertibe salmak;
- býujet ugruny maliýe taýdan üpjün etmek we döwletiň sosial syýasatyny amala aşyrmak;
- merkezleşen pul serişdeleri gaznalaryny döretmegiň we peýdalanmagyň üstünden gözegçiligi amala aşyrmak.

Býujet baradaky kanun namalary, olaryň başga kanun namalarynda görkezilen normalary Býujet kodek-

sine laýyk bolmalydyr. Eger döwletimiz tarapyndan gol çekilen halkara şertnamalarda býujet baradaky kanun namalaryna ters düzgünler kesgitlenen bolsa, halkara şertnama düzgünleri ulanylýar.

## Döwlet býujeti we onuň ijtimoiy-ykdysady ähmiýeti

Döwlet býujeti her ýyl tassyklanýar we ol 1-nji ýanwardan 31-nji dekabra çenli amalda bolýar.

Döwletiň ykdysady-sosial ösüşi prosesinde býujetden peýdalanmak netijesinde emele gelýän gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk normalary aýratyn topara bölünýär hem-de maliýe kanun namalarynyň esasy bölümlerinden biri bolan — býujet kanunlaryny düzýär.

Özbegistan Respublikasynyň býujet ulgamy aşakdaky prinsiplere esaslanýar:

- býujet ulgamynyň bitewiligi;
- býujet ulgamynyň Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk gurluşyna laýyklygy;
- býujet ulgamy býujetleriniň balanslylygy we özara baglylygy;

### Hukuk taryhyndan

Býujet sözi iňlis dilinden gelip çykyp, «gazna» diýen manyny aňladýar. Býujet XVII asyryň ikinji ýarymynda Fransiýadaky buržuaz rewolýusiýasyndan soň ornaşdyrylypdyr. XIX asyryň ikinji ýarymynda býujet adalgasy Ýeýropa ýurtlarynda ýaýrapdyr we XX asyrdan ähli diýen ýaly ýurtlarda býujet kategoriýasy peýdalanylyp başlanypdyr.

**Býujet prosesi** — býujet ulgamynyň býujetlerini şekillendirmek, düzmek, gözden geçirmek, kabul etmek, tassyklamak we ýerine ýetirmek, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, dürli býujetleriniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlary taýýarlamak we tassyklamak, şonuň ýaly-da olaryň arasyndaky özara gatnaşyklar prosesi.

**Býujet prosesi gatnaşyjylary** — döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlary, döwlet maliýe gözegçilik organlary, býujet guramalary we býujetden serişde alyjylar.

**Býujet guramasy** – döwlet funksiýalaryny amala aşyrmak üçin bellenilen tertipde döwlet häkimiýeti organlarynyň kararyna görä döredilen, Döwlet býujeti serişdeleri hasabyndan saklap durulýan täjirçilik däl guramadyr.

**Maliýe ýyly** — 1-nji ýanwardan 31-nji dekabryň ahyryna çenli bolan wagty öz içine alýan döwür.

- býujet ulgamynyň býujetleri girdejilerini prognoz etmek we harajatlaryny planlaşdyrmak;
- býujet ulgamynyň býujetleri serişdelerinden peýdalanmagyň anyk gönükdirilenligi we maksatlylyk aýratynlygy;
- býujet ulgamynyň býujetleriniň garaşsyzlygy;
- býujet ulgamynyň býujetleriniň serişdelerinden peýdalanmagyň netijeliligi;
- kassanyň bitewiligi;
- býujet prosesiniň gatnaşyjylarynyň jogapkärligi;
- açyklyk.

## Özbegistanyň Döwlet býujetiniň gurluşy

Döwlet býujeti aşakdaky derejedäki býujetlerden ybarat:

- Özbegistan Respublikasynyň respublikan býujeti;
- Garagalpagystan Respublikasynyň býujeti, welaýatlaryň we Daşkent şäheriniň ýerli býujetleri.

Döwlet býujeti girdejileri:

- salgytlar we başga mejbury tölegler;
- döwlet aktiwlerini ýerleşdirmekden, peýdalanmaga bermekden we satmakdan alnan girdejiler;

### Hukuk taryhyndan

2013-nji ýylyň 26-njy dekabrynda Özbegistanyň býujet ulgamynyň serişdelerini şekillendirmek, düzmek, gözden geçirmek, kabul etmek, tassyklamak, ýerine ýetirmek, döwlet tarapyndan serişde çekmek we býujet baradaky kanun namalarynyň ýerine ýetirilişi gözegçilik etmäge degişli gatnaşyklary kadalaşdyrýan «Özbegistan Respublikasynyň Býujet kodeksini tassyklamak barada»ky Kanuny kabul edildi.





- miras, sowgat hukugy boýunça döwlet emlägine geçen pul serişdeleri;
- ýuridik we fiziki şahslardan, şonuň ýaly-da daşary ýurt döwletlerinden düşýän gaýtarylmaýan pul düşewüntleri;
- retersent-ýuridik şahslara berlen býujet ssudalaryny we daşary ýurtlara goýberilen kreditleri tölemegiň hasabyndan tölegler;
- kanun namalaryna görä başga girdejileriň hasabyndan şekillendirilýär.

## Soraglar we ýumuşlar

**Özbegistan Respublikasynyň Býujet kodeksini tapyň we aşakdaky soraglara jogap beriň.**

1. Býujet ugrundaky ygtyýarlyklar haýsy döwlet organlaryna berlen?
2. Döwlet maksatly gaznalarynyň girdejileri barada maglumat toplaň.
3. Döwlet býujeti harajatlarynyň düzümi nämeden ybarat?
4. Özbegistan Respublikasynyň Maliýe minisrliginiň ýanyndaky býujetden daşary Pensiýa gaznasynyň harajatlary nämelerden ybarat?

**Çäk maliýe organlary —** Garagalpagystan Respublikasynyň Maliýe ministrligi, welaýatlar we Daşkent şäher häkimlikleriniň maliýe müdirlikleri, tümen we şäher häkimlikleriniň maliýe bölümleri.

**Maliýe borçlary —** býujet guramalarynda we býujet serişdelerini alyjylarda olara pul serişdelerini geçirmek borjuny ýükleýän resminamalar, şol sanda, ýerine ýetiriji resminamalar esasynda emele gelýän borçlar.



5. Özbegistan Respublikasynyň Dikeldiş we ösüş gaznasynyň wezipesi nämeden ybarat?
6. Aşakdaky jedwelde berlen jümleler dogry görkezilen hatary anyklaň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | ***Maliýe ýyly*** | a | — býujet ulgamynyň býujetlerini şekillendirmek, düzmek, gözden geçirmek, kabul etmek, tassyklamak we ýerine ýetirmek, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, býujet ulgamynyň býujetleriniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlary taýýarlamak we tassyklamak, şonuň ýaly-da olaryň arasyndaky özara gatnaşyklar prosesi; |
| 2 | ***Býujet prosesi*** | b | — döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlary, döwlet maliýe gözegçilik organlary, býujet guramalary we býujet serişdelerini alyjylar; |
| 3 | ***Býujet prosesi gatnaşyjy-lary*** | ç | — býujet guramalarynda we býujet serişdelerini alyjylar-da olara pul serişdelerini geçirmek borjuny ýükleýän re-sminamalar, şol sanda ýerine ýetiriliş resminamalary esasyn-da emele gelýän borçlar. |
| 4 | ***Maliýe borçlary*** | d | – döwlet funksiýalaryny amala aşyrmak üçin bellenilen tertipde döwlet häkimiýeti organlarynyň kararyna görä döredilen, Döwlet býujeti serişdeleriniň hasabyndan saklap durulýan täjirçilik däl gurama býujet guramasydyr. |
| 5 | ***Býujet guramasy*** | e | — 1-nji ýanwardan 31-nji dekabr gününiň ahyryna çenli bolan wagty öz içine alýan döwür. |

# 21-§ Döwlet girdejilerini hukuk taýdan tertibe salmak

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**



- Döwlet girdejileri.
- Salgytlar düşünjesi we funksiýalary.
- Salgytlar we başga mejbury tölegleriň elementleri.

Döwlet öz öňünde durýan wezipelerini we funksiýalaryny amala aşyrmagy üçin mälim bir maliýe resurslara eýe bolmalydyr. Şu sebäpli dürli pul tölegleri we goýbermeler görnüşindäki ýurduň milli girdejisiniň bir bölegi onuň zerurlyklaryna gönükdirilýär.

Netijede ol öz girdejilerine, ýagny döwlet girdejilerine eýe bolýar. Bu girdeji döwlet eýeçiliginde bolup, degişli döwlet häkimiýeti organlary tarapyndan hojaýynlyk edilýär.

Döwlet girdejileriniň çeşmesi we ulgamy, şonuň ýaly-da olardan her biriniň ähmiýeti döwlet ykdysady ulgamyna bagly bolýar.

Döwlet girdejileri bitewi ulgamdan ybarat bolup, onuň elementleri pul serişdeleriniň käbir görnüşleriniň belli bir toplumyny düzýär. Döwlet girdejileriniň bitewi ulgamy şu bilen düşündirilýär, ýagny amaldaky kanun namalary döwlet tarapyndan özüniň ähli girdejilerini şekillendirmek üçin peýdalanylýan pul serişdeleriniň hut bir görnüşini kesgitleýär.

Döwlet girdejileriniň bitewi ulgamy olaryň mazmunynyň iň möhüm aýratynlyklaryny görkezýän alamatlaryna garap her hili görnüşler boýunça häsiýetlenýär.



**Döwlet girdejileri –** bu döwletiň sosial-ykdysady syýasatyny, ýurduň goranmasyny we howpsuzlygyny üpjün etmek, şonuň ýaly-da, döwlet organlarynyň öz wezipelerini ýerine ýetirmek maksadynda maliýe bazany döretmäge gönükdirilen ýurduň milli girdejisiniň bir bölegi hasaplanýar.

Şekilleniş we peýdalanmak tertibine garap ähli döwlet girdejileri merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik girdejilere bölünýär.

Salgytlar we başga mejbury tölegleri töläninden soň kärhanalar alan peýda we olaryň ygtyýarynda bolan başga girdejilere özbaşdak ýagdaýda hojaýynlyk etmegi mümkin.

Döwlet girdejileri we olaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklar kanun namalarynyň normalary, Özbegistan Respublikasynyň Býujet kodeksi, Salgyt kodeksi we başga kanunlar we kanunasty namalar bilen kadalaşdyrylýar.

Döwlet girdejileri çäk aýratynlygyna görä, respublikan we ýerli girdejilere bölünýär.

Döwlet girdejileri ýuridik aýratynlygyna we şekline görä salgyt töleglerine we salgytsyz girdejilere bölünýär.

Salgytlara mejburylyk we indiwidual gaýtaryp bermezlik aýratynlyklary mahsusdyr.

Salgytsyz tölegler mejbury we meýletin bolmagy mümkin. Mejbury salgytsyz tölegler döwlet tarapyndan mälim bir ýuridik ähmiýetli hyzmatlary etmek, bir iş bilen meşgullanmak hukugyny bermek arkaly töledilýär. Beýle töleglerde iki tarap hem hukuklara we borçlara eýe bolýar.

Döwlet girdejilerini toplamak usulyna görä mejbury töleglera we meýletin töleglere bölünýär

Döwlet we ýerli organlaryň ygtyýaryna gelip düşýän girdejileriň uly bölegini mejbury tölegler düzýär. Bulara salgytlar, gümrük we başga tölegler, dürli görnüşdäki jerimeler we maliýe sanksiýalary girýär.

Meýletin tölegler bolsa lotereýa oýunlaryny geçirmekden, dürli aksiýalardan, ýuridik we fiziki şahslaryň haýyr-sogaplaryndan, döwlet gymmatly kagyzlaryny satyn almakdan emele gelýär.

**Merkezleşen girdejiler** diýende pul serişdeleriniň bitewi umumdöwlet gaznasyna, ýagny ýurduň döwlet býujetine gelip düşýän maliýe resurslary düşünilýär.

**Döwletiň merkezleşdirilmedik girdejilerine** döwlet kärhanalarynyň girdejileri girip, bu girdejiler kanunlarda bellenilen tertip boýunça kärhanalaryň ygtyýaryna gelip düşýär we olar tarapyndan özbaşdak ýagdaýda önümçilik we sosial zerurlyklar üçin peýdalanylýar.

Emläge bolan gatnaşygy hasaba almak bilen, gaýtaryp berilmeýän girdejilere, wagtlaýyn peýdalanylýan we gaýtaryp berilýän girdejilere bölmek mümkin. Meselem, salgytlar, paçlar, ýygymlar, döwlet emlägini hususylaşdyrmakdan gelip düşýän tölegler we başga mejbury tölegler gaýtaryp bermezlik şerti bilen döwlet girdejilerine toplanýar hem-de döwlet we administratiw-çäk gurluşlaryň emlägi hasaplanýar.

Wagtlaýyn peýdalanylýan girdejiler bolsa döwlet we administratiw-çäk gurluşlaryň girdejisine girizilmedik bolup, olar obligasiýalary, zaýomlary ýaýratmakdan, banklar tarapyndan býujetden daşary serişdeleri doldurmak üçin berýän kreditlerinden emele gelýän girdejiler we başgalar.

Döwlet býujetinde toplanýan merkezleşdirilen girdejiler ýurduň harajatlarynyň öweziniň doldurylmagynyň esasy çeşmesi hasaplanýar, olar göni we egri salgytlar esasynda şekillendirilýär.

## Salgytlar düşünjesi we funksiýalary

Döwletiň iň möhüm alamatlaryndan biri onda salgytlaryň girizilenligidir. Maliýe hukugynyň hukuk institutlaryndan biri salgyt hukugy bolup, ol salgyt töleglerini girizmek we töledip alynýan wagtynda emele gelýär.

Özbegistan Respublikasynyň çäginde Salgyt kodeksinde nazarda tutulan salgytlar we başga mejbury tölegler amal edýär.

Salgytlara aşakdakylar girýär:

- ýuridik şahslardan alynýan peýda salgydy;
- fiziki şahslardan alynýan girdeji salgydy;
- goşmaça gymmat salgydy;
- aksiz salgydy;

«Ykdysady bilimleriň esaslary» derslerinde alan bilimleriňize daýanyp, göni salgyt we egri salgyt düşünjelerine kesgitleme beriň.

Salgytlar – olary töleýän şahslar üçin gulçulyk däl, eýsem azatlyk alamatydyr.

**A.Smit,**
*salgyt salmak nazaryýetini esaslandyran*

- ýeriň jümmüşinden peýdalanýanlar üçin salgytlar we ýörite tölegler;
- suw resurslaryndan peýdalananlyk üçin salgyt;
- emläk salgydy;
- ýer salgydy;
- benzin, dizel ýangyjyny we gaz ulananlygy üçin alynýan salgyt.

Başga mejbury töleglere aşakdakylar girýär:

- döwlet maksatly gaznalaryna mejbury tölegler:
  - ✓ ýalňyz sosial töleg;
  - ✓ býujetden daşary Pensiýa gaznasyna raýatlaryň ätiýaçlandyryş gatançlary;
  - ✓ döwlet maksatly gaznalaryna mejbury goýbermeler;
  - ✓ Respublikanyň ýol gaznasyna ýygymlar;
- döwlet pajy;
- gümrük tölegleri;
- käbir görnüşdäki harytlar bilen bölekleýin söwda etmek we käbir görnüşdäki hyzmatlary etmek hukugy üçin ýygym.

Salgytlar köpçülikleýin häkimiýetiň aýrylmaz bölekleri bolan armiýa, sud, döwlet apparaty işini hem-de döwletiň başga zerurlyklaryny maddy taýdan üpjün etmek üçin zerur.

Salgytlar we başga mejbury tölegleriň elementleri aşakdakylardyr:

- ✓ salgyt salmak obýekti;
- ✓ salgyt salynýan baza;
- ✓ stawka;
- ✓ hasaplap çykarmak tertibi;
- ✓ salgyt döwri;
- ✓ salgyt hasabatyny tabşyrmak tertibi;
- ✓ tölemek tertibi.

## Hukuk taryhyndan

Salgyt hukugynyň irki ýazuw üsti bilen normalary Hammurapi kanunlarynda (er. öň. XVIII asyr) görkezip geçilen bolup, birinjiden, salgytlaryň iki görnüşini: patyşa hazynasyna tölenýän merkezleşen salgytlar we ýerli aksüňkliler hazynasyna tölenýän ýerli salgytlary; ikinjiden, salgyt subýektlerini; üçünjiden, salgyt obýektlerini; dördünjiden, salgytlary töletmek tertibini; bäşinjiden, jogapkärlik çäreleri we başgalar berkidilip goýlan.

Ýurdumyzyň çäginde Salgyt kodeksinde bellenilen ýagdaýlarda we tertip boýunça salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen tertibi boýunça aşakdaky salgytlar tölenmegi mümkin:

- bitewi salgyt tölegi;
- bitewi ýer salgydy;
- telekeçilik işiniň käbir görnüşleri boýunça berk bellenilen salgyt.

Döwlet umummilli maksatnamalaryny amala aşyrmak döwründe degişli gaznalar döredilmegi mümkin bolup, olara kanun namalarynda nazarda tutulan tertip boýunça mejbury tölegler bellenilýär.

## Salgytlar we başga mejbury tölegleriň elementleri

Salgyt ýa-da başga mejbury töleg baradaky kanun namalarynda ony töleýjiler, şonuň ýaly-da ony hasaplap çykmak we tölemek üçin diňe zerur elementler kesgitlenen ýagdaýda şu salgyt ýa-da töleg bellenilen diýlip hasaplanýar.

Salgyt kodeksinde nazarda tutulan ýagdaýlarda salgyt ýa-da başga mejbury töleg bellenilen mahalynda salgyt baradaky kanun namalarynda salgyt ýeňillikleri, şonuň ýaly-da olaryň salgyt töleýji tarapyndan ulanylmagy üçin esaslar nazarda tutulmagy mümkin.





Fiziki şahslaryň salgyda degişli hukuk bozmalar edenligi üçin jogapkärligi on alty ýaşdan başlap emele gelýär.



Kanun güýçli, ýöne zerurlyk has-da güýçlüräk.

**Gýote**

Salgyt hukuk gatnaşyklary – salgyt hukugy normalary bilen tertibe salnan sosial maliýe gatnaşyklar bolup, bu gatnaşyklar salgytlary girizmek, ýuridik we fiziki şahslardan, salgyt töleýjileriň başga taýpalaryndan salgytlary töletmek prosesinde emele gelýär.

Salgyt töleýjiler, salgytlar we başga mejbury tölegleriň elementleri her bir salgyt ýa-da başga mejbury tölege ulanmak bilen bellenilýär.

Salgyt hukuk gatnaşyklary aşakdaky aýratynlyklara eýe:

*birinjiden,* salgytlary we başga mejbury tölegleri ýola goýmak we töletmäge gönükdirilen döwlet işi prosesinde emele gelýär;

*ikinjiden,* maksatly ulgama eýe, ýagny salgyt hukuk gatnaşyklarynyň ulgamy mälim bir maksada – salgytlary ýola goýmaga we töletmäge gönükdirilen;

*üçünjiden,* mälim bir subýektleriň arasynda bolýan anyk aragatnaşyklary tertibe salýar;

*dördünjiden,* döwletiň mejbur ediji güýji bilen goralýar, ýagny salgyt kanunlary bazulanda döwletiň mejbur ediji çäreleri herekete gelýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynyň Salgyt, Administratiw jogapkärlik baradaky we Jenaýat kodekslerini tapyň.
   Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksinden salgyt töleýjileriň hukuklary we borçlary kesgitlenen düzgünleri okaň we düşündirip beriň. Şu borçlary ýerine ýetirmänligi üçin kanunda nähili jezalar bellenmegi mümkinligini Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky we Jenaýat kodekslerinden anyklaň.
2. Özbegistan Respublikasynyň çäginde Salgyt kodeksinde nazarda tutulan nähili salgytlar we başga mejbury tölegler amal edýär?

# 22-§ Döwlet kreditiniň hukuk esaslary

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

➔ Döwlet krediti düşünjesi.
➔ Döwlet karzy.

## Döwlet krediti

Goşmaça pul serişdelerini döretmek maksadynda döwlet olary çekmegiň meýletin usullaryny ulanmagy mümkin. Şu esasda maliýe gatnaşyklarynyň ýörite ulgamy – döwlet krediti emele gelýär.

Döwlet kreditinde kredit gatnaşyklarynyň subýektleri, bir tarapdan — döwlet, ikinji tarapdan - ýuridik we fiziki şahslar bolýar. Munda döwlet şu gatnaşyklarda görkezilen subýektleriň wagtlaýyn boş duran pul serişdelerini karzyna alyjy hökmünde gatnaşýar.

Döwlet krediti boýunça emele gelýän hukuk gatnaşyklary islendik maliýe-hukuk gatnaşyklaryna

**Döwlet krediti** – döwlet tarapyndan ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň iň möhüm meseleleri hemde býujet ýetmezçiligini öwezini dolmak üçin zerur bolan goşmaça maliýe resurslary gönükdirmek maksadynda ýuridik we fiziki şahslaryň boş duran pul serişdelerini gaýtarmaklyk, möhletlilik we meýletinlik prinsiplerine esasan çekmek boýunça maliýe hukugy bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklardyr.

**Kredit** (lat. creditium – ssuda) – pul ýa-da harytlary, adatda, göterimler töläp, gaýtarmak şerti bilen bermek bolup, kreditor bilen karz alyjy arasyndaky ykdysady gatnaşyklary aňladýar.

**Kredit summasy** – bu karzyna berilýän pul birliginiň göwrümi.

**Kredit mehanizmi** - kredit gatnaşyklaryny ýola goýmakda ulanylýan elementler toplumydyr.

**Kredit obýekti** – wagtlaýyn boş duran, berilmegi mümkin bolan pullar we harytlardyr.

**Kredit subýektleri** – her hili bolmagy mümkin. Bulara kärhana, firma, gurama, döwlet we dürli taýpadaky ilat girýär.

mahsus bolan ähli alamatlara eýedir. Bu, hususanda, olaryň obýektine, döwlet ýa-da ol tarapyndan ygtyýarlyk berlen organyň şu gatnaşyklaryň mejbury subýekti hökmünde bolmagyna, döwlet krediti ugrundaky hukuk gatnaşyklarynyň döwlet-hökümdarlyk aýratynlygyna degişlidir. Maliýe hukuk gatnaşyklary, mälim bolşy ýaly, emläk aýratynlygyna eýe, çünki olar pul serişdeleri sebäpli emele gelýär. Ýöne döwlet krediti boýunça şu gatnaşyklaryň obýekti islendik pul serişdeleri däl, eýsem ýuridik we fiziki şahslaryň diňe wagtlaýyn boş duran serişdeleri bolmagy mümkin.

Döwlet krediti ugrunda diňe bir döwlet karz borçlary boýunça gatnaşyklary däl, eýsem döwlet karzy işlemegine araçylyk edýän hukuk gatnaşyklary hem emele gelýär. Olaraa, aşakdakylar girýär:

- Hökümet bilen Merkezi bankyň arasynda indiki maliýe ýylynda kreditlemegiň içki we daşky çeşmelerinden karz almak planlary barada maslahatlaşma wagtynda emele gelýän hukuk gatnaşyklary;
- Özbegistan Respublikasynyň döwlet karz borçlaryny çykarmak şertleri, döwlet zaýomlary boýunça hyzmat etmek we olary dolanyşyga çykarmagyň tertibini bellemek;
- döwlet gysga möhletleýin obligasiýalary bazarynda dilerlik funksiýalaryny ýerine ýetirmek üçin şertnamalar düzmek, şonuň ýalyda, döwlet zaýomlarynyň obligasiýalaryny ýerleşdirmek we dolanyşyga çykarmak bilen bagly bolan guramalaryň işine gözegçilik edilýän wagtynda Merkezi bank bilen guramalaryň arasynda emele gelýän hukuk gatnaşyklary we ş.m.

## Döwlet karzy

Döwlet karzy – döwletiň daşky we içki kredit operasiýalary boýunça karzdarlyk summasy. Döwlet zaýomlary kredit gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup, onda döwlet ýa-da onuň ýerli organlary karz alyjy ýa-da karz beriji hökmünde amal edýär.

Harajatlary öz wagtynda we doly amala aşyrmak maksadynda döwlet zaýomlaryny we maliýe bazaryndan serişdeleri çekýär.

Pul serişdelerini çekmek döwletiň maliýe bazaryndaky işiniň passiw şekli hökmünde häsiýetlenýär. Döwlet pul serişdelerini karzyna bermegi onuň maliýe bazaryndaky hereketiniň işjeň şekli hökmünde garalýar.

**Döwlet karzy** – Özbegistan Respublikasynyň içki we daşky serişdeleri çekmek netijesinde emele gelen borçlary.

### Soraglar we ýumuşlar

Berlen teksti okaň we soraglara jogap beriň.

*Halkara walýuta gaznasy iň ýokary döwlet (içki) karzy bar bolan dünýäniň 20 sany ýurduny kesgitledi. Şu sanawda Ýaponiýa öňdebaryjy. 1990-njy ýyllaryň başyndan Ýaponiýa üznüksiz durgunlygy başyndan geçirdi. Häzir Ýaponiýanyň hökümeti ýurtdaky salgyt düşewüntleriniň ýarysyny diýen ýaly uly göwrümdäki karzy tölemäge sarp edýär. Şoňa seretmezden, 10 ýyllyk ýapon obligasiýalary boýunça girdejililigi 1%-den pes derejede galýar.*

1. 10 ýyllyk ýapon obligasiýalary boýunça girdejililigi haýran galarly ýagdaýda 1%-den pes derejede galmagynyň sebäbi nämede?
2. Ýapon halkynyň watanperwerligi boýunça pikir bildiriň.
3. Ekspress test ýumşuny ýerine ýetiriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 | Kredit subýektleri | a | – wagtlaýyn boş duran, berilmegi mümkin bolan pullar we harytlar |
| 2 | Kredit obýekti | b | – bu karzyna berilýän pul birliginiň göwrümi |
| 3 | Kredit summasy | ç | – döwletiň daşky we içki kredit operasiýalary boýunça karzdarlyk summasy. |
| 4 | Döwlet karzy | d | – kärhana, firma, gurama, döwlet we dürli taýpadaky ilat |

# IV bölüm. EKOLOGIÝA HUKUGY

## 23-§ Tebigaty goramagyň hukuk esaslary



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

➔ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy ekologiýa hukugynyň esasy çeşmesidir.
➔ Ekologiýa hukugynyň maksat-wezipeleri we esasy ugurlary.

Raýatlar daşky tebigy gurşawa ätiýaçly gatnaşykda bolmaga mejburdyrlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 50-nji madda**

### Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy ekologiýa hukugynyň esasy çeşmesidir

Ekologiýa hukugynyň çeşmeleri diýende daşky gurşawy goramak, tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmak we ilatyň ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salmaga hyzmat edýän kanun namalary düşünilýär.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy Ekologiýa hukugynyň esasy çeşmesi hasaplanýar.

Konstitusiýamyzda şahsyň, jemgyýetiň we döwletiň sosial, ykdysady, syýasy-hukuk, medeni-magaryf ugurlaryndaky esaslary berkidilen bolup, daşky gurşawy goramak, tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmak boýunça döwlet-hukuk mehanizmini şekillendirmekde möhüm ähmiýete eýe hasaplanýar.

Şonuň üçin hem Konstitusiýada kesgitlenen düzgünler arkaly fiziki we ýuridik şahslar ekologiýa hukugyny, borçlaryny we azatlyklaryny aňladýarlar.

Konstitusiýamyzda raýatlar daşky tebigy gurşawa ätiýaçly gatnaşykda bolmaklary borç hökmünde bellenendir. Munuň bilen bolsa, ekologiýa görä akylly-başly gatnaşykda bolmak döwlet syýasaty derejesinde bellenýär.

Konstitusiýanyň «Jemgyýetiň ykdysady esaslary» bölüminiň maddalarynda emläk hukugynyň mazmuny ykrar edilse, ikinjiden, emläkden peýdalanmak hukugyna eýe bolan fiziki we ýuridik şahslaryň hojalyk we önümçilik prosesinde ekologik gurşawa zyýan ýetirmezligi, ýagny olaryň ekologik borçlary berkidilýär.

Konstitusiýanyň 55-nji maddasynda berlen düzgüniň ähmiýeti şundan ybarat bolup, ýagny birinjiden, garaşsyzlygymyzyň maddy esasyny düzýän tebigy baýlyklary hakymyzyň baýlygydygy, emlägidigi, ikinjiden, tebigy resurslardan diňe akylly-başly peýdalanmak zerurlygy, üçünjiden, respublikamyz tebigaty döwlet goragyna alnanlygy, ýagny ekologik-hukuk gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan kepillendirilişi ýaly möhüm prinsipleri berkidýär.

Häzirki günde dünýäniň köp çäklerinde arassa agyz suwy gyt bolup barýar. Elbetde, bularyň hemmesi suw basseýnleriniň hapalanmagy, ekologik normalaryň bozulmagy sebäpli suw gorlarynyň hiliniň erbetleşmegi netijesinde ýüze ýykmagy bu gün hiç birimize syr däl. Senagat çykyndylaryndan we dökünlerden intensiw peýdalanmak köp ýagdaýlarda suwda zyýanly himiki maddalaryň artmagyna sebäp bolup, nädogry suwaryş topragyň şorlamagy we suwuň bugarma derejesiniň güýlenmegine getirýändigini bellemek gerek.

Ýer, ýerasty baýlyklary, suw, ösümlik we haýwanat dünýäsi hem-de başga tebigy gorlar umummilli baýlykdyr, olardan akylly-başly peýdalanmaly we olar döwlet goragyndadyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 55-nji madda**

Ekologik howp diýende nämäni düşünýärsiňiz?

## Ekologiýa hukugynyň maksat-wezipeleri we esasy ugurlary

Ekologiýa hukugy tebigat we jemgyýet ulgamynda peýda bolýan ekologik-hukuk gatnaşyklaryny tertibe salmaga gönükdirilen giň gerimli we köp pudakly hukuk ugurlaryndan biri bolup, tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk tarapdan tertibe salmagy öwrenýän ylymdyr.

Ekologik gatnaşyklar ulgamynda tebigy resurslar, ýagny ýer, ýerasty baýlyklar, suw, ösümlik we haýwanat dünýäsinden peýdalanmak giň we möhüm orny eýeleýär.

Tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmazlyk netijesinde tebigatda dürli ekologik meseleler peýda bolýar we ekologik krizis ýitileşýär. Ekologiýa hukugynyň ugurlary tebigat-jemgyýet ulgamyndaky özara gatnaşyklaryň ugruny, araçäklerini kesgitlemekde, ekologik-hukuk me-

### Hukuk taryhyndan

Respublikamyz ençeme tebigaty goramak ugrundaky halkara-hukuk resminamalara, meselem, 1992-nji ýyldaky «Biologik köpdürlülik barada«ky Rio-de-Žaneýro Konwensiýasyna, 1972-nji ýyldaky «Dünýäniň medeni we tebigy mirasyny goramak barada»ky Konwensiýa, 1995-nji ýylyň 6-njy iýunyndaky «Aziýa we Afrika batgalyklarynda ýaşaýan we göçüp gezýän guşlary goramak barada»ky şertnama, 1973-nji ýylyň 3-nji martyndaky «Ýitmegiň öňýanyndaky ýabany flora we fauna görnüşleri bilen halkara söwda-satyk etmek barada»ky Konwensiýa, 1976-njy ýylyň 10-njy dekabryndaky Daşky-gurşawa görä harby ýa-da başga zyýan ýetitiji serişdeler ulanylmagynyň öňüni almaga degişli Konwensiýa, 1992-nji ýylyň 9-njy maýyndaky «Klimatyň özgerişi barada»ky Halkalaýyn konwensiýa, 1985-nji ýylyň 22-nji martyndaky «Ozon gatlagyny saklamak barada»ky Konwensiýa, «Ozon gatlagyny bozýan maddalar barada»ky Monreal protokolyna, ÝHHT-nyň 1991-nji ýylyň 17-nji dekabryndaky «Energetik kartasy», 1994-nji ýylyň 17-nji aprelindäki «Sähralaryň mukdarynyň artmagy we gurakçylyga garşy» Konwensiýa we başgalara goşulan.

hanizminiň berkararlygyny kepillendirmekde we kanunlaryň düzgün-talaplarynyň ekologik gatnaşyklaryny tertibe salmakda möhüm ähmiýete eýedir.

Tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky özara gatnaşyklar örän köpdürli we çylşyrymly bolanlygy üçin hem ekologiýa hukugynyň ugurlaryny aşakdaky ulgama bölýärler:

- döwlet we hukugyň umumy ugurlary;
- daşky tebigy gurşawy goramaga degişli ugurlar;
- tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmaga gönükdirilen ugurlar.

Ekologiýa hukugy hukuk ulgamynyň ugry hökmünde ekologik gatnaşyklary tertibe salmakda kanunylyk, sosial adalat, aç-açanlyk, ynandyrmak we mejbur ediji çäreleriň hyzmatdaşlygyndan, şahslar hukuklarynyň we borçlarynyň birliginden we başgalardan peýdalanýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Teksti okaň we ekologik heläkçiligiň jemgyýete sosial, ykdysady, syýasy, ruhy taýdan täsirlerini düşündiriň.

*Aral deňiziniň heläkçilige duçar bolmagy tebigata hem uly zyýan ýetirýär. Sebitde haýwanat we ösümlikler älemi genofondynyň ýarysyndan köpi diýen ýaly, ýagny balyklaryň 11, süýdemdirijileriň 12, guşlaryň 26 we ösümligiň 11 görnüşi ýok bolup gidipdir.*

2. Ýurdumyzda daşky-gurşawy, tebigaty goramaga degişli kabul edilen kanun we kanun asty namalary toplaň we tanyşyp çykyň. Şu resminamalaryň kabul edilmeginden gözlenýän esasy maksatlary anyklaň.
3. Özüňiz daşky-gurşawy, tebigaty goramakda nähili gatnaşýarsyňyz?

### Aral deňziniň taryhyndan

XX asyryň 60-njy ýyllarynda Amyderýadan we Syrderýadan Aral deňzine her ýyl 56 kub. km suw guýlan. Ilatyň duýarly derejede köpelmegi, urbanizasiýa, ýerleriň çalt özleşdirilmegi, ekologik netijeleri oýlamazdan Aral deňziniň basseýninde iri gidrotehniki we irrigasiýa desgalarynyň gurulmagy planetadaky iň owadan basseýniň gurmagyna getirdi.

# 24-§ Ekologik hukuk bozma üçin jogapkärlik



**Ekologiýa hukugy –** tebigat bilen jemgyýetiň arasynda peýda bolýan jemgyýetçilik gatnaşyklary hukuk taýdan tertibe salmagy öwrenýän fonddyr. Ekologiýa hukugy bu günki günde Özbegistan Respublikasynyň garaşsyz hukuk ulgamynda öz ornuna we ukybyna eýe bolan aýratyn ugurlara we aýratynlyklara eýe bolan hukuk ugry hasaplanýar.

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**



- Ekologik jogapkärlik düşünjesi, mazmuny we görnüşleri.
- Özbegistan Respublikasynyň «Tebigaty goramak barada»ky Kanuny.
- Ekologiýa hukuk bozma üçin jogapkärlik.

Ekologik jogapkärlik diýende ahlak gymmatlyklar, milli we halkara hukuk normalary tarapyndan daşky tebigy gurşawy goramak maksadynda ornaşdyrylan düzgünleriň we normalaryň haýsy-da bolsa bir döwlet, ýuridik ýa-da fiziki şahslar tarapyndan bozulmagy netijesinde olara görä ulanylýan jeza çäreleri düşünilýär.

Ekologik jogapkärlik many we mazmunyna görä üç görnüşde ýüze çykýar:

– ekologik-sosial jogapkärlik;
– ekologik-ykdysady jogapkärlik;
– ekologik-hukuk jogapkärligi.

**Ekologik-sosial jogapkärlik** adamlaryň köpçüligiň öňündäki jogapkärligidir.

**Ekologik-ykdysady jogapkärlik** bolsa ykdysady-hukuk jogapkärliginiň bir görnüşi bolup, ol milli ýa-da halkara hukuk normalarynda kesgitlenen kadalaryň we normalaryň bozulmagy we munuň netijesinde olara görä diňe ykdysady jogapkärlik çäreleri töleg görnüşi ulanylýar.

Ykdysady jogapkärlik hökmünde tebigy resurslardan peýdalanmak we daşky-gurşawy hapalamak üçin tölegler ulanylýar.

**Ekologik-hukuk jogapkärligine** milli we halkara hukuk normalarynda kesgitlenen ekologik gatnaşyk gatnaşyjylary üçin mejbury güýje eýe bolan kadalary we normalary bozanlar üçin ýuridik görnüşdäki jeza çäreleri ulanylmagy girýär.

## Özbegistan Respublikasynyň «Tebigaty goramak barada»ky Kanuny

Özbegistan Respublikasynyň «Tebigaty goramak barada»ky Kanuny tebigy gurşaw şertlerini saklamagyň, tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitläp berýär. Kanunyň maksady adam bilen tebigat arasyndaky gatnaşyklaryň utgaşykly ösüşini, ekologiýa ulgamlary, tebigat kompleksleri we käbir obýektleriň goralyşyny üpjün etmekden, raýatlaryň amatly daşky gurşawa eýe bolmak hukugyny kepillendirmekden ybaratdyr.

## Tebigaty goramaga degişli kanunlary bozanlyk üçin jogapkärlik

Tebigaty goramagyň standartlary, normalary, kadalary we başga normatiw-tehniki talaplaryny bozmakda, şol sanda:

- ➔ kärhanalary, desgalary, transport serişdelerini we başga obýektleri planlaşdyrmak, gurmak, dikeltmek we abatlamak, olardan peýdalanmak ýa-da olary ýatyrylanda, ekologiýa nukdaý nazaryndan howply önümleri ýaşary ýurtlara çykarmak we daşary ýurtlardan getirende çägiň bellenen ekologiýa sygymyny, ekologiýa normalaryny, kadalaryny bozmakda;
- ➔ tebigy baýlyklardan özdiýenlilik bilen peýdalanmakda, döwlet ekologiýa ekspertizasy talaplaryny ýerine ýetirmezlikde;

Ekologik jogapkärlik ekologik howpsuz gurşawy üpjün etmekdäki döwlet, jemgyýet we şahslaryň häzirki we geljekki nesilleriň öňündäki borçlary we olary ýerine ýetirmezligi sebäpli emele gelýän sosial-ykdysady we ýuridik häsiýetli netijelerdir.

**Ekologik jenaýatlar** – daşky tebigy gurşawa jemgyýetçilik howply zyýan ýetirýän jemgyýetçilik howply etmişler ýygyndysy.

Geçen asyryň ortalarynda atmosferanyň düzüminde $SO_2$ -niň mukdary 0,02% bolsa, häzirki wagtda bu sifr 0,03% çenli artdy. Daşky gurşawa çykarylýan $SO_2$ -niň 31%-ni ABŞ, 18%-ni GDA ýurtlary, 7%-ni Hytaý, 5,4%-ni Germaniýa, 4,7%-ni Ýaponiýa, 3%-ni Fransiýa çykaryp taşlaýar. Galan 31%-ni bolsa başga ýurtlaryň hasabyna dogry gelýär.

- tebigy resurslardan peýdalananlik üçin bellenilen tölegi, şonuň ýaly-da daşky gurşawy hapalanlygy we oňa zyýanly täsir etmegiň başga görnüşleri üçin kompensasiýa tölegleri tölemekden boýun towlanlykda;
- tebigaty goramak obýektlerini gurmak planlaryny, tebigaty goramaga degişli başga çäreleri ýerine ýetirmezlikde;
- daşky tebigy gurşawy dikeltmek, oňa bolýan zyýanly täsir netijelerini aradan aýyrmak we tebigy resurslary gaýtadan öndürmek çärelerini görmänlikde;

**12-nji madda. Adamyň ýaşamak üçin amatly daşky tebigy gurşawa eýe bolmak hukugy we bu gurşawy saklap qalmak babatdaky burçy**

Özbegistan Respublikasynyň ilaty öz saglygy we geljekki nesliň saglygy üçin amatly tebigy gurşawda ýaşamak, öz saglygyny daşky gurşawyň zyýanly täsirinden goramak hukugyna eýe.

Ine şu maksatda Özbegistan Respublikasynyň ilaty tebigaty goramak boýunça jemgyýetçilik guramalaryna birleşmek, daşky tebigy gurşawyň ýagdaýy hem-de ony goramak boýunça görülýän çärelere degişli informasiýalary talap etmek we almak hukugyna eýe.

Özbegistan Respublikasynyň ilaty tebigy resurslardan akylly-başly peýdalanmaly, tebigatyň baýlyklaryna ätiýaçlylyk bilen gatnaşykda bolmaly, ekologiýa talaplaryny berjaý etmelidirler.

**Özbegistan Respublikasynyň**
**«Tebigaty goramak barada»ky Kanuny**

- tebigaty goramagyň üstünden döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň görkezmelerini ýerine ýetirmänlikde;
- tebigaty goramak obýektleri we goralýan tebigy çäkleriň hukuk režimini bozanlykda;
- daşky tebigy gurşawa zyýanly täsiri hasaba almak düzgünlerini bozanlykda;
- çykyndylary, himizasiýa serişdelerini, şonuň ýaly-da radioaktiw we zyýanly himiki maddalary saklamak, daşamak, olardan peýdalanmak, olary zyýansyzlandyrmak we gömüp goýberende tebigaty goramak talaplaryny bozanlykda;
- daşky tebigy gurşawy goramak ugrundaky döwlet gözegçiligini amala aşyrýan wezipeli şahslaryň obýektlere barmagyna, käbir şahslara we tebigaty goraýjy jemgyýetçilik guramalaryna bolsa öz hukuklaryny we wezipeleriny berjaý etmeklerine päsgel berenlikde;
- daşky tebigy gurşawyň ýagdaýy we onuň resurslaryndan peýdalanmak barada öz wagtynda we dogry informasiýa bermekden boýun towlanlykda günäkär bolan şahslar Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna görä tertip-düzgün, administratiw, jenaýat we başgalar bozulanlygy üçin jogapkärlige çekilýärler.



















## Soraglar we ýumuşlar

1. Ylmy-tehnikanyň täsirinde daşky-gurşawyň özgeriş prosesiniň mazmunyny düşündiriň.
2. Ekologik krizis diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 193-196-njy maddalaryny okaň we jenaýat subýektlerini anyklaň. Jenaýatyň subýektiw tarapyna baha beriň.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslaryň jogapkärlik çägini anyklaň.

*1. A., K. we B. atly şahslar (hemmesi 16 ýaş) tokaýa dynç almaga çykdylar. Olar ot ýakdylar we oňa köp täze kesilen agaç şahalaryny taşladylar. Tiz arada ody dolandyryp bilmän galdy we şemalyň täsirinde ol tokaýa tiz ýaýrap başlady. Munuň netijesinde tebigata köp mukdarda zyýan ýetirildi.*

*2. Kämillik ýaşyna ýetmedik N. atly şahs önümçilik kärhanasyndan çykarylan çykyndylary bellenilen çukura dökmezden, ýakyn ýerdäki suw basseýnine döüp goýbermegi netijesinde obada ýokançly kesel epidemiýasynyň ýaýramagyna sebäp boldy, şonuň ýalyda çarwa mallarynyň hem kesellenmegine getirdi.*

*3. Güýzki dynç alyş günlerinde G. ata-enesi we inileri bilen dynç almaga daça howlusyna bardylar. Giçki güýz bolany üçin hemme ýere agajyň ýapraklary dökülipdi. G. inileri bilen howludaky we köçedäki ýapraklary daçanyň bir çetine toplady-da, akyp goýberdi. Bu ýagdaýy gören atasy derrew gelip, ody söndürdi we ogluna duýduryş berdi. Çuňrak çukur gazmagy we ýapraklary şol çukura gömüp taşlamagy buýurdy. Eger ýapraklar ýakyp goýberilse, nähili hukuk netije gelip çykymagy mümkindi?*

# 25-26-§ Jenaýat-prosessual kanun namalary



**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy prosessual hukugyň esasy çeşmesidir.
- Halkara hukugyň umumykrar edilen prinsipleriniň prosessual kanunçylykda ykrar edilmegi. Aýpsyzlyk prezumpsiýasy.
- Jenaýat-prosessual kanun namalarynyň wezipeleri.
- Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk prosessual we Jenaýat prosessual kodeksleri.

## Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy prosessual hukugyň esasy çeşmesidir

Jenaýat-prosessual hukuk sudda işleriniň ýöredilmegi, şonuň ýaly-da, soraşdyrmak we deslapky derňew prosesinde gatnaşyjylaryň we başga bähbitli şahslaryň hukuklaryny nazarda tutýar. Prosessual hukuk Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda kesgitlenen şahsy hukuklary we azatlyklary zerurlyk bolmasa we esassyz çäklendirilmezligine hyzmat edýär.

Prosessual hukuklar demokratik häsiýetli bolup, dawalary we jenjelleri, hukuk bozmalary, şol sanda je-



Özbegistan Respublikasynda demokratiýa umumadamzat prinsiplere esaslanýar, olara görä adam, onuň durmuşy, azatlygy, mertebesi, gadyr-gymmaty we başga el degrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyk hasaplanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 13-nji maddasyndan**



Jenaýat edenlikde günälenýän her bir şahsyň işi sudda kanuny tertipde, aç-açan seredilip, onuň aýby anyklanmaýança ol günäkär hasaplanmaýar. Sudda günälenýän şahsa özüni goramak üçin ähli şertler üpjün edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 26-njy madda**

naýat işleriniň tiz we dogry barlanmagyny, esasly, kanuny we adalatly çözülmegini kepillendirýär.

Prosessual hukuk ýuridik şahslaryň bähbitlerini goramaga hem hyzmat edýär. Jenaýat işinde güman edilýän şahsyň we günäkärlenýäniň degişli iň möhüm prosessual hukugy goralmak we aklawçynyň kömeginden peýdalanmakdan ybarat.

## Umumkabul edilen halkara hukuk prinsipleriniň prosessual kanunçylykda ykrar edilmegi

Adamlaryň syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün edýän möhüm halkara hukuk resminama 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda BMG tarapyndan kabul edilen Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara Pakt hasaplanýar. Şu Pakt 5 bölüm, 53 maddany öz içine alýar.

Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara Pakt birinji nobatda ähli raýatlaryň syýasy hukuklaryny, döwlet we jemgyýet işlerini dolandyrmakda gatnaşygyny üpjün edip berýär.

Şu paktyň 14-nji maddasynyň üçünji bölegi hemde Adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak

**Halkara hukuk**



Ähli adamlar kanun öňünde deňdir we hiç bir tapawutsyz kanun bilen deň goralmak hukugyna eýedir. Ähli adamlar şu Deklarasiýa ters bolan islendik kemsitmeden we şeýle kemsitmä ündeýän islendik küşgürmeden deň goralmak hukugyna eýedir.

**Adam hukuklarynyň ählumumy deklarasiýasynyň 7-nji maddasyndan**

baradaky Ýewropa konsensiýasynyň 6-njy maddasynyň üçünji bölegine görä jenaýat etmekde günälenýän şahsyň sud işi esassyz gijikdirilmegine ýol berilmeýär. Günälenýäniň bu hukugy adalatyň esasy kepillerinden birini özünde aňladýar. Sud tarapyndan jenaýat işiniň goşmaça derňew geçirmek üçin gaýtarylmagy bolsa şu kepile tersdir.

## Aýpsyzlyk prezumpsiýasy

Aýpsyzlyk prezumpsiýasyna görä günäkäriň jenaýaty kanuny tertipde subut edilýänçä ol aýpsyz hasaplanýar. Güman edilýän, günälenýän ýa-da sudlanýan onuň jenaýatda günäkärligi kanunda nazarda tutulan tertipde subut edilýänçä we suduň hökmi bilen kanuny güýje girýänçe aýpsyzdyr. Ol özüniň aýpsyzlygyny subut etmegi hökman däl. Günäkärlige degişli ähli şübheler, eger-de olary aradan aýyrmak mümkinçiligi bolmasa, güman edilýäniň, günälenýäniň ýa-da sudlanýanyň peýdasyna çözmelidir. Kanun ulanylanda gelip çykýan şübheler hem onuň, günälenýäniň, sudlanýanyň peýdasyna çözülýär.

**23-nji madda. Aýpsyzlyk prezumpsiýasy**

Güman edilýän, günälenýän ýa-da sudlanýan onuň jenaýat etmekde günäkärligi kanunda nazarda tutulan tertipde subut edilýänçä we kanuny güýje giren suduň hökmi bilen anyklanýança aýpsyz hasaplanýar.

**Özbegistan Respublikasy Jenaýat prosessual kodeksinden**

### Halkara hukuk

1. Jenaýat edenlikde aýplanan her bir adam gorag üçin ähli mümkinçilikler üpjün edilmek bilen, açyk sud mejlisi ýoly bilen onuň aýby kanuny tertipde anyklanmaýança aýpsyz diýlip hasaplanmaga haklydyr.

2. Hiç kim, edilen wagtda milli kanunlar ýa-da halkara hukuklara görä jenaýat diýlip hasaplanmadyk hereketi ýa-da işsizligi üçin jeza höküm edilmegi mümkin däl. Şonuň ýaly-da, jenaýat edilen wagtda ulanylmagy mümkin bolan jeza görä agyrrak jeza berilmegi mümkin däl.

**Adam hukuklarynyň ählumumy deklarasiýasynyň 11-nji maddasyndan**



Her bir şahsa öz hukuklaryny we azatlyklaryny sud arkaly goramak, döwlet organlarynyň, wezipeli şahslaryň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň bikanun hereketleriniň üstünden suda şikaýat etmek hukugy kepillendirilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 44-nji madda**

## Jenaýat-prosessual kanun namalarynyň wezipeleri

Jenaýat-prosessual kanun namalarynyň wezipeleri jenaýatlary tiz we doly açmakdan, jenaýat eden her bir şahsa adalatly jeza berilmegi hem-de aýby bolmadyk hiç bir şahs jogapkärlige çekilmezligi we höküm edilmezligi üçin günäkärleri paş etmekden hem-de kanunyň dogry ulanylymagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Jenaýat işlerini ýöretmegiň jenaýat-prosessual kanunlarda kesgitlenen tertibi kanunylygy berkitmäge, jenaýatlaryň öňüni almaga, şahs, döwlet we jemgyýet bähbitlerini goramaga kömek etmelidir.

Jenaýat prosesiniň — proses gatnaşyjylarynyň belli bir jenaýat prosessual işi hem-de şu işe degişli bolan hukuk gatnaşyklary ulgamyny düzýär.

Jenaýat prosesiniň wezipeleri — jenaýatlary açmak, günäkärleri adalatly jezalandyrmak, şonuň ýaly-da başga jenaýatlaryň öňüni almak, raýatlary kanunylyga amal etmek ruhunda terbiýelemekden ybarat.

Jenaýat prosesiniň aýrylmaz aýratynlygyny onuň hukuk tebigaty — şu işiň we degişli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanun taýdan berk tertibe salmagy düzýär.

Jenaýat prosessual kanuny belli bir prosessual hereketleri resmileşdirýän degişli resminamalar: soraşdyrmak we deslapky derňew tapgyrynda — kararlar we beýannamalar, sud ara alyp maslahatlaşmagy tapgyrynda — suduň kararlaryny, hökümlerini we başgalary nazarda tutýar.

## Soraglar we ýumuşlar

*Maşynynda keselhananyň gapysyna golaýlan Ş. atly şahs yzky ýerde oturan, kellesinden gan syzyp çykýan, geýimleri tozan, el-aýagy ýaralanan, özi mejalsyz 10 ýaşlardaky bir gyzjagazy derrew göterdi-de, ylap kabulhana howlukdy. Ýaşy kyrklardan geçen orta boýly wrajyň: «Näme boldy?» — diýip beren soragyna: «Bilemok, köçeden şu ýagdaýda tapdym», — diýip jogap berdi. Wraç gyzjagazy gözden geçirip, şepagat uýasyna derrew rentgen otagyna eltmegi buýurdy.*

*Özi bolsa Ş. atly şahsdan wakanyň bolşuny sorap, nobatçylyk depderinebellik etmek bilen: «Hemmäňiz şeýle diýýärsiňiz. Etmişi edenden soň jogabyny-da bermeli bor, inim! — diýdi. — Biz içeri işler organlaryna habar berýäris. Ine şu ýere go çekiň. Maşynyňyzyň we telefonyňyzyň belgisini ýazagy unutmaň. Hiç ýere gitmäweriň, men gyzjagazdan habar alaýyn».*

*Wraç gyzjagazyň ýanyndan gaýdanda Ş. atly şahs bireýýäm gidipdi. «Bu oglan hakyky jenaýatçy eken-dä, gaçyp gitdi», — diýen pikir geçdi wrajyň göwnünden. Şol payt gapydan içeri işler işgärleri girip geldiler. Olar bir adam waka we gyzjagazy bu ýere alyp gelenligi barada habar berenini aýtdylar. Waka ýerindäki wideo ýazgydan anyklanyşyna görä, «Lasetti» kysymly ak maşyn gyzjagazy kakyp, waka ýerinden gizlenipdir. Yzyndan gelýän «Matiz» awtomaşynynyň sürüjisi bolsa gyzjagazy keselhana alyp gelipdir. Içeri işler işgärleri ak «Lasetti» eýesini tapandyklaryny hem aýdylar. Wraç bigünä ýigidi esassyz aýplany üçin ahmyr çekdi.*

1. Waka gatnaşyjylaryna öz gatnaşygyňyzy bildiriň.
2. Ş. atly şahsy jenaýatçy diýmek mümkinmi?
3. Ak reňkli «Lasetti» sürüjisini näme?
4. Wraç dogry iş etdimi?
5. Bu ýerde aýpsyzlyk prezumpsiýasy bozulanmy? Pikiriňizi esaslandyryň.

# 27-§ Jenaýat prosesiniň gatnaşyjylary

Jenaýat prosesiniň aşakdakylar bilen häsiýetlenýän birnäçe tapgyrlardan ybaratdyr:
a) jenaýat prosesiniň umumy wezipelerinden gelip çykýan özüniň aýratyn wezipeleri bilen;
b) gatnaşyjylaryň aýratyn düzümi bilen;
ç) bu gatnaşyjylaryň özboluşly hereketleri we hukuk gatnaşyklary bilen;
d) bu işe nokat goýulýan özboluşly namalar bilen.

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Jenaýat prosesiniň gatnaşyjylary.
- Prosesde gatnaşýan başga şahslar.

Jenaýat prosesinde soraşdyrmakçy, sülçi, sudýa, sud mejlisiniň kätibi, prokuror gatnaşýar. Jenaýat işini ýöretmekde kollektiwler we olaryň wekilleri-de gatnaşmagy mümkin.

Şonuň ýaly-da, jenaýat prosesinde öz bähbitlerini goraýan şahslar, aklawçylar we wekiller gatnaşýar. Bulara günälenýän, güman edilýän, aklawçy, jebir çeken, raýat dawagäri, raýat jogapkäri, güman edilýäniň, günälenýäniň, sudlanýanyň, jebir çekeniň kanuny wekilleri, jebir çekeniň, raýat dawagäriniň we raýat jogapkäriniň wekilleri girýär.

Jenaýat prosesinde gatnaşýan başga şahslar hökmünde şaýat, şaýatyň adwokaty, ekspert, hünärmen, terjimeçi, bitaraplary alyp bilersiňiz.

Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat-prosessual kodeksinde jenaýat prosesinde gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary aýratyn bellenen.

Aşakdaky ýagdaýlarda sudýa, şonuň ýaly-da halk maslahatçysy, prokuror, sülçi, soraşdyrmakçy, derňewe çenli barlagy amala aşyrýan organyň wezipeli şahsy, sud mejlisiniň kätibi jenaýat işini ýöretmekde gatnaşmaga hakly däl we ony ret etmeli, eger-de:

1) ol şu iş boýunça jebir çeken, raýat dawagär, raýat jogapkär, ekspert, hünärmen, terjimeçi, bitarap, şaýat,

aklawçy hökmünde, güman edilýäniň, günälenýäniň, sudlanýanyň kanuny wekili ýa-da jebir çekeniň, raýat dawagäriniň, raýat jogapkäriniň wekili hökmünde gatnaşýan ýa-da öň gatnaşan bolsa;

2) ol şu işi ýöretmek üçin jogapkär bolan käbir wezipeli şahsyň ýa-da Jenaýat prosessual kodeksiniň 76-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendinde görkezilen özge şahslaryň garyndaşy bolsa;

3) onuň bitaraplygyna we akgöwüliligine şübhe döredýän başga ýagdaýlar bar bolsa.

Sudýa öň şu işi ýöretmekde derňewe çenli barlagy amala aşyrýan organyň wezipeli şahsy, sülçi, prokuror, sud mejlisiniň kätibi hökmünde gatnaşan bolsa, şol işi gelejekde seredilende gatnaşyp bilmeýär. Birinji instansiýa, apellýasiýa ýa-da kassasiýa instansiýasy sudunda ýa-da gözegçilik tertibinde işe seredilende gatnaşan sudýa onuň gatnaşmagynda çykarylan höküm, suduň karary ýatyrylandan soň şol işiň seredilmegine gatnaşyp bilmeýär.

Jenaýat işini birinji instansiýa sudunda seretmäge gatnaşan sudýa şu jenaýat işini apellýasiýa ýa-da kassasiýa instansiýasynda ýa-da gözegçilik tertibinde garamaga gatnaşyp bilmeýär.



Hany pikirleniň, jenaýat prosesiniň tapgyrlary bir-birinden soň berk yzygiderlik bilen amala aşyrylsa, nähili netijelere getirmegi mümkin?



Eger derňewe çenli barlagy amala aşyrýan organyň wezipeli şahsy Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat-prosessual kodeksiniň 76, 79-njy maddalarynda görkezilen ýagdaýlar barlygy sebäpli öz-özüni ret etmese, ony ret etmek meselesi bähbitli şahslaryň arzalaryna görä derňewe çenli barlagy amala aşyrýan organyň başlygy ýa-da prokuror tarapyndan çözülýär. Ret etmegi kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmazlyk barada karar çykarylýar.

Jandaryna
-dyr seniňkida
gaýtarylan,
başarma gizlin
bar bolmak она,
şoňa görä не
ль, näme islän
hakykatniň bar
bolar
boluş -a, göýä
ýaly 4yna,
görmek.

**Abu Ali ibn Sino**

Jenaýat işini apellýasiýa instansiýasy sudunda seretmäge gatnaşan sudýa şu jenaýat işini birinji instansiýa ýa-da kassasiýa instansiýasy sudunda ýa-da gözegçilik tertibinde seretmäge gatnaşyp bilmeýär.

Jenaýat işini kassasiýa instansiýasy sudunda seretmäge gatnaşan sudýa şu jenaýat işini birinji instansiýa ýa-da apellýasiýa instansiýasy sudunda ýa-da gözegçilik tertibinde seretmäge gatnaşyp bilmeýär.

Jenaýat işini gözegçilik tertibinde seretmäge gatnaşan sudýa şu jenaýat işini birinji instansiýa, apellýasiýa ýa-da kassatsiýa instansiýasy sudunda seretmäge gatnaşyp bilmeýär.

Sülçiniň, şonuň ýaly-da sud mejlisiniň kätibiniň öz prosessual borjuny ýerine ýetirmegi, eger-de, şu iş goşmaça derňew ýöretmek ýa-da sudda täzeden seretmek üçin goýberilen bolsa, olar tarapyndan degişlilikde soraşdyrmak, deslapky derňew ýöretmäge, şonuň ýaly-da sud mejlisiniň beýannamasyny düzmäge päsgel bermeýär.



## Soraglar we ýumuşlar

*1. Tiz maglumaty öwrenmek maksadynda Andijan welaýatynyň Balykçy tümeninde ýaşaýan, 1979-njy ýylda doglan M.A.-nyň ýaşaýan öýi barlananda gurlup tamamlanmadyk öýden kagyz bölegine dolanan, agyrlygy 326,5 g bolan neşe maddasy tapylyp, maddy delil hökmünde alyndy.*

*2. 2018-nji ýylyň 16-njy fewral güni Jenaýat işleri boýunça Daşkent welaýatiynyň sudunda neşekeşlik bilen tanalan A.T. hem-de onuň jenaýat şärikleri hökmünde güman edilýänleriň üstüden nobatdaky sud mejlisi bolup geçdi.*

*Sud mejlisinde jenaýat işi boýunça sud edilýänler özleriniň soňky sözlerini aýtdylar. Olar Jenaýat kodeksiniň 177-nji maddasynyň 3-nji böleginiň «a» we «b» bendi 188-nji maddasy, 189-njy maddasy, 190-njy maddasynyň 2-nji böleginiň «a» we «ç» bentlerinde nazarda tutulan jenaýatlary indi aýplapdyrlar.*

1. Şu jenaýatlar jenaýat prosesiniň haýsy tapgyrynda hasaplanýar.
2. Olar haýsy tapgyrlardan geçipdir?
3. Jenaýat prosesinde haýsy şahslar gatnaşan diýip oýlaýarsyňyz? Pikiriňizi Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat prosessual kodeksiniň maddalarynyň esasynda esaslandyryň.
4. Şu jenaýat prosesinde öz bähbitlerini goraýan şahslary aýry görkeziň.
5. Nähili ýagdaýlarda sudýa, şonuň ýaly-da, halk maslahatçysy, prokuror, sülçi derňewe çenli barlagy amala aşyrýan organyň wezipeli şahsy, sud mejlisiniň kätibi jenaýat işini ýöretmekde gatnaşmaga hakly däl we ony ret etmeli?
6. Jenaýat işini birinji instansiýa sudunda seretmäge gatnaşan sudýa şu mesele boýunça haýsy instansiýa sudlarynda gatnaşyp bilmeýär?

# 28-§ Jenaýat prosessual kanunçylykda anyklanmaly ýagdaýlar

**Subut etmek** işi kanuny, esaslandyrylan we adalatly çözmek üçin ähmiýete eýe bolan ýagdaýlar baradaky hakykaty anyklamak maksadynda delilleri toplamak, barlamakdan we bahalamakdan ybaratdyr.

Maglumatlardan we zatlardan diňe derňew hereketi beýannamasy ýa-da sud mejlisiniň beýannamasynda bellik edilenden soň olardan delil hökmünde peýdalanmak mümkin.

**Bu gün dersde aşakdaky temalar bilen tanyşarsyňyz:**

- Deliller we subut edilmeli bolan ýagdaýlar. Deliller we olaryň görnüşleri.
- Subut etmegiň umumy şertleri.
- Sorag etmek we onuň tertibi.
- Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy sorag etmek tertibi, aýby yglan etmek şertleri.

## Deliller we subut edilmeli bolan ýagdaýlar

Jemgyýetçilik howply etmişiň ýüze ýykanmy ýa-da ýoklugyny, şu etmişi eden şahsyň aýply-aýpsyzdygyny we işi dogry çözmek üçin ähmiýete eýe bolan başga ýagdaýlary sülçiniň we suduň kanunda bellenilen tertip boýunça anyklamagyna esas bolýan islendik hakyky maglumatlar jenaýat işi boýunça delil hasaplanýar.

Bu maglumatlar şaýadyň, jebir çekeniň, güman edilýäniň, günälenýäniň, sud edilýäniň görkezmeleri, ekspertiň netijesi, maddy deliller, sesli ýazgylar, wideoýazgylar, kinoteswirlerden we fotosuratlardan ybarat materiallar, derňew we sud hereketleriniň beýannamalary we başga resminamalar bilen anyklanýar.

Kanunda kesgitlenen talaplara amal edilmek bilen geçirilen tiz-gözler çäreleriniň netijeleri Jenaýat prosessual kodeks normalaryna laýyklykda barlanylýan we bahalanandan soň jenaýat işi boýunça deliller diýlip ykrar edilmegi mümkin.

Subut etmekde aşakdakylar gadagan edilýär:

... prosessual kanunçylygy gödek bozmak bilen ýa-da bikanun usullar bilen, şol sanda:

jenaýat prosesiniň gatnaşyjylary ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlaryna görä gynaga salmak, psihologik we fiziki täsir we başga rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da gadyr-gymmaty kemsidýän gatnaşyk görnüşlerini ulanmak bilen,

güman edilýäniň, günälenýäniň ýa-da sudlanýanyň goraga bolan hukugyny, şonuň ýaly-da, terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmak hukugyny bozmak bilen;

jenaýat prosesinde gatnaşýan şahsa hukuklaryny we borçlaryny düşündirmezlik netijesinde onuň ünsüni sowmak bilen, şu jenaýat işi boýunça iň ýöretmegi amala aşyrmak hukugyna eýe bolmadyk şahs tarapyndan prosessual hereketleri geçirmek netijesinde;

nämälim çeşmeden ýa-da jenaýat işi boýunça iş ýöretmek prosesinde anyklamak mümkin bolmadyk çeşmeden, deslapky derňew prosesinde jebir çekeniň, şaýadyň, güman edilýäniň, günälenýäniň, sudlanýanyň sudda bar deliller toplumy bilen öz tassyklamasyny tapmadyk görkezmelerden;

bar deliller bilen tassyklanan ýagdaýlardan daşary, jebir çekeniň, şaýadyň, güman edilýäniň, günälenýäniň, sudlanýanyň takmyn, çak ýa-da myş-myşlara esaslanan görkezmelerden alnan hem-de degişli ýagdaýda ýuridik güýje eýe bolmadyk maglumatlardan jenaýat işleri boýunça delil hökmünde peýdalanmaga ýol berilmesin.

**Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky «Sud-derňew işinde raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklarynyň kepillerini güýçlendirmek boýunça goşmaça çäreler barada»ky PF-5268-nji belgili Permanyndan**

1) şahslaryň durmuşy we saglygy üçin howply bolan ýa-da olaryň mertebesini we gadyr-gymmatyny kemsidýän hereketleri etmek;

2) zorluk, abaýlanmak, aldamak we kanuna ters başga ýollar bilen görkezme, düşündiriş, netijeler almaga, eksperimental hereketleri ýerine ýetirmäge, namalar ýa-da zatlar taýýarlanmagyny we berilmegini gazanmak;

3) gijeki wagtda, ýagny agşam sagat 22-00-dan ertirki sagat 6-00-a çenli derňew hereketlerini alyp barmak. Taýýarlanýan ýa-da ediljek jenaýatyň öňüni almak, jenaýatyň yzynyň ýitmegine ýa-da güman edilýäniň gaçyp gitmegine ýol bermezlik, eksperiment prosesinde barlanylýan hadysanyň ýagdaýyny gaýtadan dikeltmek zerurlygy bolan ýagdaýlar muňa degişli däldir. Derňew ýa-da sud hereketleri prosesinde alyp goýulýan zatlar we resminamalar degişli beýannamalarda anyk görkezilýär. Şunuň bilen birlikde zadyň ýa-da resminamanyň eýesine beýannamanyň nusgasy ýa-da onuň göçürmesi tabşyrylyp, dil haty alynýar. Işe aragatnaşygy bolmadyk zatlar we resminamalar kanuny eýesine derrew gaýtarylýar.

Raýatlar saklamagy gadagan edilen zatlar we resminamalar ýok edilýär ýa-da olary saklamaga ygtyýarlygy bolan we olara hojaýynlyk edýän edaralara ýa-da guramalara berilýär.

Soragyň umumy dowam etmeli wagty bir günde sekiz sagatdan geçmeli däldir. Dynç almak we naharlanmak üçin berilýän bir sagat arakesme bu hasaba girmeýär.

## Sorag etmek

Sorag ediji ýa-da sülçi şaýady, jebir çekeni, güman edilýäni we günälenýäni soraşdyrmak, deslapky derňew geçirilýän ýerde ýa-da sorag edilýän nirede bolsa, şol ýerde, sud bolsa sud ara alnyp maslahatlaşylýan ýerde sorag edýär.

Sorag ediji, sülçi we sud sorag etmegiň öňünden sorag edilýänden onuň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny, doglan wagtyny (ýyly, aýy, güni) we doglan ýerini, ýaşaýan ýerini we işleýän ýerini, wezipesini, işiniň görnüşini, maglumatyny, maşgala ýagdaýyny, sud edilenligi ýa-da sud edilmänligini anyklamaly hem-de bu maglumatlary jenaýat işindäki ýa-da sorag edilýäniň şahsy resminamalaryndaky maglumatlar bilen deňeşdirip görmeli ýa-da sorag edilýän özüni kim diýip tanyşdyran bolsa, hut şol şahsdygyna başga ýollar bilen göz ýetirmeli.

Sorag edilýän iş ýöredilýän dili bilýärmi, ol haýsy dilde görkezme berip bilmegi mümkinligini hem anyklamaly.

Sorag edilýäniň şahsy anyklanandan soň oňa Jenaýat-prosessual kodeksinde nazarda tutulan hukuklary we borçlary düşündirilýär. Bu hukuklar we borçlar düşündirilenligi sorag beýannamasynda ýa-da sud mejlisiniň beýannamasynda bellik edilýär.

Sorag edilýäniň görkezmeleri sifrler ýa-da ýatda saklanmagy kyn başga maglumatlara degişli bolsa, ol sorag prosesinde özündäki ýa-da işe goşup goýlan resminamalardan ýa-da başga ýazgylardan peýdalanmagy mümkin.

Sorag edilýäni sorag etmek prosesinde özündäki resminamalary we başga ýazgylary okap eşitdirmäge rugsat edilmegi mümkin.

Sorag ediji, sülçi we sud sorag edilýänden sorag etme prosesinde ol peýdalanýan resminamalary we başga ýazgylary talap etmegi, olary soň gaýtaryp bermegi ýa-da işe goşup goýmagy mümkin.

On alty ýaşa çenli bolan **şaýady ýa-da jebir çekeni sorag** etmek kanuny wekili ýa-da uly ýaşdaky ýakyn garyndaşy, pedagog ýa-da jebir çekeniň wekili gatnaşmagynda olaryň razylygy bilen geçirilýär. Görkezilen



Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni, günälenýäni sorag etmäge giden umumy wagt günüň dowamynda dynç almak we naharlanmak üçin bir sagatlyk arakesmäni hasaba almanda alty sagatdan geçmeli däl.

şahslar sorag edilýäniň rugsady bilen şaýada ýa-da jebir çekene soraglar bermegi mümkin.

Kämillik ýaşyna ýetmedik **güman edilýän we günälenýän aklawçynyň** gatnaşmagynda sorag edilýär.

Sorag etme çagynda sorag edijiniň, sülçiniň rugsady bilen kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekili gatnaşmagy mümkin.

Aklawçy we kanuny wekil güman edilýäne we günälenýäne soraglar bermäge hakly. Soragyň ahyrynda aklawçy we kanuny wekil beýannama bilen tanyşmak we ol hakda öz pikirlerini bildirmäge haklydyr.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Delliler näme üçin gerek? Subut etmegiň umumy şertlerini düşündirip beriň.
2. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça subut edilmeli bolan ýagdaýlary düşündirip beriň?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni sorag etmegiň şertleri nämeden ybarat?
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýokardaky Permany nähili gatnaşyklary tertibe salmaga hyzmat edýär?

*Z. atly 14 ýaşly şahs pirotehnika önümlerini döwlet serhedinden bikanun ýollar bilen goňşy döwletden alyp girjek bolanda ele düşdi.*

*Kämillik ýaşyna ýetmedik Z. atly şahs Gazagystan bilen Özbegistanyň arasyndaky Gaplanbek postundan narkotik maddasyny alyp geçmäge gatnaşanda gümrükhana gullukçylary tarapyndan ele alyndy.*

**Şu mesele gatnaşyjylarynyň aýbyny subut etmek üçin nähili hereketler edilýär?**

Adamlar harçlalar wagt her kimlaryna «если бы, hawa кабы» ýaşaarlar hutyn çalt ömür.

**Kubro**

Bütin görnüşlariň изlari ýykýan niň, näçeler ukyply oýlap tapmak adam, hut eleşan we hut – söz..

**Paulo Koelo**

# Mazmuny

Giriş ........................................................................ 3
1-§ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy döwletiň hukuk esasydyr ........................................ 4

**I bölüm. MAŞGALA HUKUGY**

2-§ Maşgala jemgyýetiň esasy bogny ............................ 8
3-§ Nikalaşmagyň tertibi we şertleri ............................ 14
4-§ Är-aýalyň şahsy hukuklary we borçlary ................ 19
5-§ Är-aýalyň emläk hukuklary we borçlary ............... 23
6-§ Är we aýal emläginiň şertnama tertibi .................. 27

**II bölüm. JENAÝAT HUKUGY**

7-§ Jenaýat hukugynyň maksady, wezipesi we ugurlary ........................................................... 34
8-§ Jenaýatyň alamatlary ............................................ 39
9-§ Jenaýat jogapkärligi we jeza ulgamy ..................... 44
10-11-§ Raýatlaryň Konstitusiýa we kanunlarda berkidilip goýlan hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlar .................................................... 51
12-§ Maşgala, ýaşlara we ahlaga garşy jenaýatlar ....... 62
13-§ Parahatçylyga we howpsuzlyga garşy jenaýatlar 68
14-§ Ykdysadyýetdäki jenaýatlar ................................. 74
15-§ Dolandyryş tertibine garşy jenaýatlar .................. 81
16-§ Jemgyýetçilik howpsuzlygyna garşy jenaýatlar .. 86
17-§ Informasion tehnologiýalary ugrundaky jenaýatlar ............................................................. 89

## III bölüm. MALIÝE HUKUGY

18-§ Özbegistanyň maliýe-kredit ulgamy.................... 95
19-§ Maliýe-hukuk gatnaşyklary ................................ 99
20-§ Özbegistan Respublikasynyň döwlet býujeti we býujet hukugy............................................... 104
21-§ Döwlet girdejilerini hukuk taýdan tertibe salmak.......................................................... 109
22-§ Döwlet kreditiniň hukuk esaslary...................... 115

## IV bölüm. EKOLOGIÝA HUKUGY

23-§ Tebigaty goramagyň hukuk esaslary ................. 118
24-§ Ekologik hukuk bozma üçin jogapkärlik........... 122

## V bölüm. PROSESSUAL HUKUK

25-26-§ Jenaýat-prosessual kanun namalary ............. 127
27-§ Jenaýat prosesiniň gatnaşyjylary ....................... 132
28-§ Jenaýat prosessual kanunçylykda anyklanmaly ýagdaýlar ........................................................... 136

*O'quv nashri*

**Nargiza Kamaritdinovna ISMATOVA,**
**Omina Abduraxmanovna KARIMOVA,**

# «DAVLAT VA HUQUQ ASOSLARI»

O'rta umumta'lim maktablarining 11-sinf o'quvchilari uchun darslik

*(Turkman tilida)*

*Birinchi nashr*

Toshkent – «Yangiyul Poligraph Service» – 2018

Nashriyot litsenziýasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime eden – K. Hallyýew
Redaktor – J. Metýakubow
Tehredaktor – M. Riksiýew
Korrektor – J. Metýakubow

Original-maketden çap etmäge 2018-nji ýylyň 13-nji iýulynda rugsat edildi.
Ölçegi 70×90 $^{1}/_{16}$. «Times New Roman» garniturasy. Ofset kagyzy.
Ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Çap listi 9,0. Şertli çap listi 10,53.
0000 nusgada çap edildi.
Buýurma № 0000.

«Yangiyul Poligraph Service» JÇJ çaphanasynda çap edildi.
112001, Daşkent welaýaty, Ýangiýol tümeni, Samarkant köçesi, 44.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |